**R. Amangeldiýew, Z. Jumagulyýewa, Ý. Osipowa, L. Babaýewa,**
**T. Litwina, G. Mämmedowa, M. Saparmyradowa, S. Tüýliýew**

# TÜRKMEN KOMPOZITORLARYNYŇ ESERLERINIŇ DERŇEWI

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi*
*tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2014

UOK 781: 378
A 54

**Amangeldiýew R. we başg.**
**A 54** **Türkmen kompozitorlarynyň eserleriniň derňewi.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby.– A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2014.

Okuw kitaby Türkmen milli konserwatoriýasynyň talyplaryna niýetlenilýär. Şeýle hem bu okuw kitabyndan türkmen kompozitorlarynyň döredijiligi bilen gyzyklanýan hünärmenler peýdalanyp bilerler. Kitapda ähli saz formalary türkmen kompozitorlarynyň eserleriniň derňewleriniň esasynda öwrenilýär.

R. Amangeldiýewiň we Z. Jumagulyýewanyň umumy redaksiýasy bilen.

Okuw kitabynyň V, VI, VII, X baplaryny R. Amangeldiýew, II, III, IV, IX baplaryny Ý. Osipowa, I, IV, VIII baplaryny Z. Jumagulyýewa, XI, XII baplaryny T. Litwina, kitabyň girişini S.Tüýliýew, I babyny M. Saparmyradowa, XI babyny L. Babaýewa, XII babyny G. Mämmedowa taýýarladylar.

TDKP № 149, 2014 KBK 85.24 ýa 73

© R.Amangeldiýew we başg., 2014



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

## TÜRKMENISTANYŇ
## DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

## GIRIŞ

### Türkmen kompozitorlarynyň döredijiliginde saz formasy bilen bagly meseleler

«Türkmen kompozitorlarynyň eserleriniň derňewi» atly bu okuw kitaby häzirki döwürde ýaş nesle saz bilimini bermekde derwaýys bolup durýar. Munuň birnäçe sebäbi bolup, birinjiden, geçen ýüzýyllykda türkmen professional saz sungaty özüniň milli özboluşlylygyny ýitirmän, nusgawy günbatar-ýewropa sazynyň žanrlaryny we formalaryny özleşdiripdir. Ikinjiden, milli saz däp-dessurlary türkmen kompozitorlarynyň hemişe hemrasy bolmagyna galypdyr. Mälim bolşy ýaly, halk aýdym-sazlary bilen berk baglanyşyklar professional sungatyň özeni bolupdyr. Professional awtorlyk sazynda halk sazyna mahsus aýratynlyklarynyň ynamly beýan edilişiniň mümkinçilikleri kompozitoryň döredijilik maksatlarynyň häsiýeti, şeýle hem halk sazy baradaky maglumatlaryň göwrümi, ony biliş derejesi bilen kesgitlenilýär. XX asyrda halk aýdym-sazlaryna üns çekmeklik «ylmy-tehniki» derejede amala aşyryldy. Halk sazynyň obýektiw öwrenilmegi professional kompozitorlyk döredijiliginde nusgawy-romantik we halk dessurlarynyň utgaşmasyna esaslanan täze formalaryň emele gelmegine eltýär. Üçünjiden, türkmen kompozitorlyk mekdebi üçin dünýä halklarynyň folklorynyň we häzirki zaman kompozitorlyk tehnikalarynyň (dodekafoniýa, sonorika, minimalizm we ş.m.) özleşdirilmegi arkaly saz-beýan ediliş serişdeleriniň baýlaşdyrylmak ýörelgesi häsiýetlidir.

Türkmen kompozitorlyk mekdebi iki döwre bölünip, birinjisine – milli professional toparlaýyn döredijiligiň aýdymlary we instrumental sazlary degişli edilýär.

XX asyryň ortalaryndan başlap, kompozitorlyk hünäri boýunça ýokary okuw mekdeplerini tamamlan milli kompozitorlar türkmen kompozitorlyk mekdebiniň ikinji döwrüni – şahsy döredijilige esaslanýan häzirki zaman kompozitorlyk mekdebini döretdiler. Olaryň dünýä kompozitorlyk tejribesini milli däpler bilen utgaşdyryp döreden eserleri gadymyýetden gaýdýan, timarlanan göwher daşy ýaly, milli saz mirasymyzyň gönüden-göni dowamy bolmak bilen türkmen saz sungatyny halkara derejesine çykardy. Professional kompozitorlar bilen, birlikde bagşy-sazandalary hem milli däplerde eser döretmegi dowam edýärler. Häzirki döwürde milli däplerde saz eserlerini döredýän bagşy-sazandalara mukamçy kompozitor diýilýär.

Häzirki zaman türkmen professional kompozitor döredijiliginiň stil aýratynlyklary häsiýetlendirilende, ýaşuly nesliň wekilleri öz ilkinji eserlerini halk sazlaryna salgylanmak we XIX asyryň ýewropa romantizminiň gazananlary ýaly, biri-birine ruhy taýdan golaý bolan däpleri utgaşdyrmak arkaly döretdiler. Halypalaryň soňra Moskwanyň ýokary okuw mekdeplerinde okamagy, aýratyn hem geçen asyryň 60-njy ýyllarynda saz älemine gelen milli kompozitorlyk mekdebiniň ikinji nesli saz dünýäsiniň täzeliklerini özleşdirip, olardan öz ruhy dünýäsini saz serişdeleri arkaly beýan etmäge ukyply usullary saýlap, eserlerini täze mazmun bilen baýlaşdyrdylar. Türkmen kompozitorlary žanr babatda simfoniýa, kwartet, konsert, poema we ş. m. ýewropa nusgawy žanrlarynda eser döredýärler; olaryň saz

eserleri belli bir perdä daýanýar; giň göwrümli heňler esasynda dörän tematizmde, onuň ösdürilişinde we formany emele getirişinde milli däplere esaslanýarlar, eserlerine milli saz mirasymyzyň we şygryýetimiziň mazmunyny we gurluş aýratynlyklaryny siňdirýärler. Netijede, olaryň döredijiligi millilik babatda özboluşly gündogar romantizminiň ruhundaky türkmen halk aýdym-sazlarynyň tebigy ýagdaýdaky dowamy bolup, türkmen sazynyň täze çeper mazmunyny has baý tehnik serişdeler bilen açyp görkezdi. Kompozitorlar tarapyndan döredilen eserleriň gymmaty hem şondan ybaratdyr.

Kompozitorlaryň eserlerinde türkmen aýdym-saz mirasynyň formalary bilen bilelikde halk sazynyň heňleri, perdeleri, ritmleri giňden ulanylýar we ol serişdeler sazyň gurluşynda ähmiýetli orny eýeleýär.

Halk sazynyň heňleriniň kompozitor döredijiliginde hemme döwürlerde hem ulanylandygy dünýä saz tejribesinden mälimdir. Türkmen kompozitorlary hem milli saz mirasyna döredijilikli çemeleşip, ol heňleriň tebigy gözelligine zeper ýetirmezden täze öwüşgin, mazmun bermek bilen, olary çeperçilik taýdan täze basgançaga götermegi başardylar. Meselem, N. Halmämmedow «Şükür bagşy» kinofilminde «Ýelpeselendi» ýigitleriň lirik folklor aýdymynyň heňine simfonik orkestriň serişdeleri arkaly toslanyp tapylmadyk tebigy nepisligi beren bolsa, A. Kulyýewiň we Ý. Meýtusyň bilelikde ýazan «Abadan» operasynyň dördünji bölüminiň 1-nji we 2-nji görnüşleriniň arasyndaky antraktda ýaňlanýan «Söweş» simfonik şekilde «Nergyz» gargy tüýdük sazynyň parçasyny ulanyşlary, W. Muhadowyň Birinji simfoniýasynyň baş partiýasynda ulanylan «Keçpelek» sazyndaky zaryn häsiýetli kyrklar perdesiniň «Selbinyýaz kyrk» dutar sazynyň esasynda ýazylan kodada dabaraly ýaňlanmagy kompozitorlaryň ussatlygyndan habar berýär.

Kompozitorlaryň eserlerinde milliligi kesgitleýän esaslaryň biri hem sazyň perde-äheň serişdesidir. Olara, esasan, minor öwüşginli – eoliý, frigiý, doriý, mažor öwüşginli – miksolidiý perdeleri degişlidir (T. Suhangulyýewiň «Bag içinde» dutar sazy – eoliý; O. Gurbannyýazowyň «Çeşmejik» aýdymy, R. Allaýarowyň «Ölmezmiş» romansy – frigiý; D. Hydyrowyň «Ýylgyr, ejejan» çagalar hory üçin aýdymy – miksolidiý we ş. m.). Perdeleriň arassa görnüşinden başga, heňiň ýokaryk gidende – arassa, yza gaýdanda – perdäniň dürli basgançaklarynyň peselmegi türkmen sazyna mahsus aýratynlyklaryň biridir. Aýdylanlara ýokaryk gidende – arassa, yza gaýdanda – II basgançagy peselip, frigiý öwüşgin alan eoliý perdesini (G. Držewskiniň «Marş» fortepiano sazy, G. Çaryýewiň «Pagtaçy gyz» aýdymy), ýokaryk gidende – arassa, yza gaýdanda – II, IV basgançaklary peselen eoliý perdesini (R. Allaýarow «Toý aýdymy»), eoliý ýa-da frigiý perdeleriniň ýokarky tetrahordynda – doriý öwüşginini berýän VI beýgeldilen basgançagyň heň aşak gaýdanda – arassa görnüşe geçýän nusgasyny (A. Kulyýewiň «Obamyzyň bary gül» aýdymy, D. Nuryýewiň «Tans» fortepiano sazy) we başgalary mysal alsa bolar. Galyberse-de, heň aşak gaýdanda perdäniň islendik basgançagynyň peseldilmegi türkmen sazynyň perde ulgamynyň häsiýeti (köp sanly melizmleriň ulanylmagy) bilen baglanyşdyrylýar. Netijede, seshatarynyň düzümi has çylşyrymlaşýar[1]. N. Halmämmedowyň «Türkmenistan» simfonik şekilleriniň *c* eoliý perdesinde ýazylan «Tüýdük» bölüminiň heňinde VI basgançagyň beýgeldilip, şol ýerde-de arassa görnüşe geçmegi, II, V basgançaklaryň arassa we peseldilen görnüşleriniň ulanylmagy perdäniň seshatarynyň çylşyrymlaşmagyna degişli mysal bolup biler.

Halk sazyna mahsus perdeleriň biri hem zaryn labyzlylygy bilen tapawutlanýan kyrklar perdesidir (N. Muhadowyň «Gözler bilen», A. Agajykowyň «Süýji arzuwlar» romanslary). Kyrklar perdesin-

[1] *A. Kulyýewiň* «Solfejio» okuw kitabynyň «Türkmen aýdym-sazlarynda duş gelýän perdeler» bölüminde eoliý perdesiniň basgançaklarynyň peselip-beýgelişine degişli nota mysallar görnüşinde gymmatly maglumatlar berlipdir.

de hem heň ýokaryk gidende VI basgançagyň beýgeldilmegi, yza gaýdanda arassa görnüşe geçmegi sazyň has täsirli ýaňlanmagyna goşant goşýar (D. Öwezowyň we Ý. Meýtusyň «Leýli – Mejnun» operasyndan Körüň aýdymy, N. Halmämmedowyň «Keçpelek» kinofilminden Berdimyradyň ikinji, haýal depgindäki aýdymy).

Türkmen sazyna temperirlenen düzgüniň aralaşmagy kompozitorlaryň mažor-minor ulgamynda eser döretmegine türkmen sazyna mahsus perdeleriň mažor-minor bilen utgaşdyrylmagyna ýa-da ol usulda garmoniýalaşdyrylmagyna getirdi. Olaryň döredijiliginde arassa mažorda (W. Muhadow «Zähmete şöhrat», W. Ahmedow «Çagalar bagynda», B. Hudaý-nazarow «Juwanlyk şäheri» we ş. m.), arassa minorda (D. Öwezow «Läle», N. Muhadow «Gel, Türkmenistana», R. Rejebow «Armanym» we ş. m.) düzülen sazlar sanardan kän.

Türkmen kompozitorlary ýönekeý bir bölümden başlap, sonata formasyna çenli hemme saz formalarynda dürli žanrlardaky ajaýyp eserleri döretdiler we döredýärler. Olaryň döredijiligi saz gurluşynyň dürli görnüşlerine baýdygy, ýönekeýden başlap, has çylşyrymly düzümleri emele getirýändigi bilen tapawutlanýar. Oňa mysal hökmünde W. Muhadowyň Birinji simfoniýasynyň dört elementli baş partiýasyny we başgalary görkezmek bolar.

Türkmen kompozitorlary ýewropa sazynyň kompozitorlyk serişdelerini kämil derejede ele almak bilen, saz toplumyny emele getirýän nusgawy žanrlarda onlarça ajaýyp nusgalary dünýä indirdiler. Aýdylanlara mysal hökmünde D. Öwezowyň a’capella hory üçin R. Seýidowyň goşgularyna üç bölümden ybarat «Meni» poemasyny, N. Halmämmedowyň wokal toplumlaryny, sýuita žanryndan W. Muhadowyň simfonik orkestr üçin dört bölümli «Türkmen sýuitasyny», N. Halmämmedowyň bäş bölümli «Türkmenistan» simfonik şekillerini, Ç. Nurymowyň fortepiano üçin polifonik depderini we başgalary, nusgawy sonata-simfonik toplumynyň kadalarynda ýazylan eserlerden W. Muhadowyň dört bölümden ybarat Ikinji, «Gahrymançylykly» simfoniýasy, A. Kulyýewiň üç bölümli skripka hem simfonik orkestr üçin konserti ýaly eserleri görkezse bolar. Şeýle hem, N. Halmämmedowyň üç bölümden durýan skripka hem fortepiano üçin sonatasynyň we Birinji simfoniýasynyň 1-nji bölümleriniň ekspozisiýa bölüminiň klassisizm döwrüniň sonata-simfonik toplumyndaky ýaly, iki gezek gaýtalanýandygyny bellemek hem gyzyklydyr.

Kompozitorlaryň sazlarynda forma taýdan erkin gurluşdaky eserlere hem duş gelmek bolýar.

XX asyryň 60-njy ýyllaryndan başlap, beýleki goňşy ýurtlaryň saz äleminde bolşy ýaly, türkmen kompozitorlarynyň döredijiliginde hem saz sungatymyzyň milli köklerine gaýdyp gelmeklik ýaýbaňlanyp başlaýar. Milli saz sungaty milli şygryýet bilen berk baglanyşykda bolup, olaryň gurluşynda meňzeşlikler kän. Kompozitorlar özleriniň döredijiliginde milli şygryýetiň we aýdym-saz döredijiliginiň mazmunyny, formalaryny, heňiň ösdüriliş usullaryny, žanr aýratynlyklaryny esas hökmünde ulanmak bilen, milli däplere aralaşyp, olaryň ruhuny sazlaryna siňdirip, ençeme şowly eserleri döretdiler.

Ýewropada ykrar edilen formalardan, topluma birikdirilýän nusgalardan başga kompozitorlaryň döredijiliginde milli instrumental saz sungatynyň däplerindäki toplumy emele getirýän eserler hem bar. Olaryň bölümleri, bölümçeleri topluma, esasan, tematizm arkaly birikdirilip, toplum ýasamagyň düzgüni bir we birnäçe bölümli sazlarda başgaça amala aşyrylýar. Milli däplerde toplum emele getirýän eserlere Ç. Nurymowyň 2-nji, 3-nji simfoniýalaryny, 1-nji «Dessan-konsertini», R. Allaýarowyň kamera simfoniýasyny, B. Hudaýnazarowyň goboý we kamera orkestri üçin «Konsertino-gazalyny», S. Tüýliýewiň 1-nji «Pendi nagmalary» eserini we başgalary görkezse bolar.

## BIRINJI BAP

# PERIOD FORMASY

Türkmen kompozitorlarynyň döredijiliginde nusgawy ýewropa we rus sazy, XX asyryň sazy we türkmen milli sazy bolan folklor we agzeki-professional sazy üçin häsiýetli formalar we forma emele gelşiň prinsipleri özboluşly sintezde utgaşdyryldy. Bu aýratynlyklaryň hemmesi türkmen awtorlarynyň eserlerinde period formasynyň özboluşlylygyna gürrüňsiz täsir etdiler.

W. Muhadowyň, N. Halmämmedowyň, D. Nuryýewiň we Ç. Nurymowyň eserlerinde ekspozision beýan edilişiň wezipesini ýerine ýetirýän formalarda durup geçeliň.

W. Muhadowyň eserlerinde nusgawy görnüşdäki periodlara mysallar az duş gelýär. Adat boýunça, onuň eserleriniň temalary göwrümi boýunça ähmiýetli erkin düzümler hökmünde beýan edilýär. Kompozitoryň temalary üçin ösüşiň wariant-heň öwrümli görnüşi mahsusdyr. W. Muhadowyň eserlerinde periodyň wezipesini ýerine ýetirýän düzümleriň aşakdaky görnüşlerini bellemek mümkin:

1) heň öwrümleriniň (sözlemleriň ýa-da jümleleriň) hataryndan düzülen forma ($a+a_1+a_2+a_3\ldots$), heň öwrümleriniň her biri ilkinjiniň ýa-da öňden gelýän heň öwrüminiň warianty. Olar bir sesden döremek bilen, kem-kemden ösýärler we täze belentliklere ýetip, ýene-de şol sese gaýdyp gelýärler;

2) tematik maňyz we onuň dowamly ýaýbaňlandyrylmagy («Meniň Watanym» simfonik poemanyň girişi);

3) gurluşy boýunça has aýdyň düzümler (Birinji simfoniýanyň 1-nji bölüminiň baş partiýasy, «Türkmen sýuitasynyň» 2-nji bölüminiň temasy).

Ilkinji iki görnüş lirik temalar üçin häsiýetlidir.

D. Nuryýewiň eserlerinde temalaryň ekspozision beýan edilmegi köp ýagdaýlarda simmetrikligi we deňagramlylygy bilen tapawutlanýan dürli görnüşli periodlaryň çäklerinde ýerleşýär. Olaryň arasynda kadaly görnüşli periodlar, inedördül däl düzümli periodlar – giňeltmeli, goşulmaly, tebigy inedördül däl düzümler hem bar. Üç sözlemden ybarat bolan periodlaryň agdyklyk etmegi aýratyn ünsüňi çekýär: $aa_1a$, $aa_1a_2$, aab, $aa_1b$. Ýöne has köp abb görnüşli gurluş duş gelýär (4+4+4, 8+8+8). Belki-de, bu ýagdaý aýdym formalary bilen baglydyr. Bu bolsa, kompozitoryň eserleriniň tematizminiň aýratynlyklaryndan gelip çykýar: onda mydama aýdym häsiýetli täsirli heň öňe çykýar. Periodyň we açyk birinji periodly ýönekeý iki bölümli formanyň arasyndaky aralyk formalar hem az däldir. Olarda hem aýdym formalarynyň täsiri duýulýar. Köp nusgalarda periodyň ähmiýetli giňeldilmegi («Solan güller», «Kerwen», «Gamgyn owaz») soňlaýjy kadansyň dowamly yza süýşürilmeginiň üsti bilen amala aşyrylýar. Doly tamamlamanyň uzak garaşylmagynyň şeýle mysallary – täze-täze äheňleriň wariantlarynyň tükeniksiz döremeginiň üsti bilen – türkmen halk sazlary üçin hem örän häsiýetlidir.

W. Muhadowda, N. Muhadowda bolşy ýaly, D. Nuryýewiň hem eserlerinde periodyň sözlemlere metr-ritm sezuralaryň üsti bilen bölünmeginiň mysallary köp duş gelýär. Mysal üçin, «Watanymyň öwüşgini» atly pýesada birinji periodyň iki sözlemi hem esasy *a* sesde tamamlanýar. Emma ikinji sözlemiň tamamlanmagy birinji bilen deňeşdireniňde daýanç sesiň uzak saklanmagynyň netijesinde has durnukly ýaňlanýar. Kadensiýanyň şeýle görnüşi türkmen halk sazlary – folklor we agzeki professional däpler üçin adatydyr.

Beýleki kompozitorlarda bolşy ýaly, D. Nuryýewiň eserlerinde sözlemlere däl-de, heň öwrümleriniň yzygiderligine bölünýän ekspozision formalar hem duş gelýär. Şeýlelikde, onuň formalarynyň köp aýratynlyklary halk sazynyň formalaryndan gelip çykýar.

N. Halmämmedowyň eserlerinde temalaryň başlangyç beýan edilmegi aýratyn özboluşlylyk bilen tapawutlanýar. Köp mysallarda temanyň beýan edilmegi improwizasion häsiýetli bolýar. Bu bolsa, kompozitoryň sazda belli bir emosional ýagdaýyny, žanr sahnasyny, tebigatyň hadysalaryny suratlandyrmaga çalyşmagy bilen bagly. Diňe şulara aýdyň gurluşly düzümleriň ýoklugy, aýratyn bölekleriň arasynda çäkleriň ýumşadylmagy, düzlenilmegi, akymlylyk baglydyr. Şu ýagdaýlarda biz period formasynyň barlygy barada däl-de, eýsem periodyň wezipesini ýerine ýetirýän düzümler barada gürrüň edýäris. Şonuň bilen birlikde gurluşy boýunça çylşyrymly däl formalar hem duş gelýär – inedördül, gaýtalanýan düzümli hem-de periodlaryň beýleki görnüşleri: inedördül däl, üç sözlemden durýan periodlar. Köp periodlaryň gurluşy halk aýdymlarynyň we instrumental heňleriniň formalarynyň aýratynlyklaryndan gelip çykýarlar. Olar wariantly heň öwrümleriň hatary bolup, iki meňzeş sözlemden düzülip ýa-da ikinjiniň birinji sözlemiň warianty bolup bilýär. Periodlaryň kadans tamamlamalary üýtgeşiklik bilen ýagny: sorag äheňinde we tonika funksiýasyny aýdyň beýan etmeýän sazlaşyklarda gutarma tapawutlanýar.

Ç. Nurymowyň eserlerinde olaryň tematizminiň aýratynlyklary bilen bagly periodlaryň görnüşleriniň uly dürli-dürlüligi görkezilýär. Onuň irki eserlerinde dowamly, uzak beýan edilen, aýdym häsiýetli temalar, gurluşy boýunça ýeterlik aýdyň gurnalan, düzümleriň anyk görkezilen çäkleri bilen hem-de jümle-sözlemleriň hataryndan durýan temalar (olarda bir başlangyç äheň wariantlaýyn işlenilýär) duş gelýärler. Adaty görnüşli, sekiz taktly, gaýtalama gurluşly periodlar hem bar. Has giçki döwrüň köp eserlerinde ritmi öňe sürýän temalar öňe çykýarlar. Munda ýaş S. Prokofýewiň, I. Strawinskiniň we B. Bartogyň täsiri aýdyň duýulýar («Teke freskalaryň» temalary, fortepiano üçin konsert, truba üçin konsert). Biziň «ritmik» diýip atlandyrýan şeýle temalarda uly göwrümli dutar halk sazlarynyň ösüşiniň prinsipleri we formalarynyň täsiri hem duýulýar. Olarda şeýle ritmik parçalar kulminasiýadan öň we kulminasiýa pursatlarynda (mysal üçin «Mukamlar başy» sazynda) duş gelýär. Şeýle ritmik temalaryň asyl nusgasy hökmünde «Atçapan» sazynyň birinji bölüminiň temasyny hasaplamak mümkin. Kämillik döwrüniň eserlerinde temalar, köplenç, tonikany berkidýän kadanslaryň adaty görnüşi ýok period formasynda beýan edilýär. Sözlem, period durnuksyz, kesilýän ýaly («Gazallar», II bölüm, 1-nji tema) tamamlanyp bilýär ýa-da birinji düzümiň göz öňünde tutulýan, garaşylýan kadansy indikiniň başy bilen gabat gelýär (Fortepiano üçin konsert, I bölüm, kömekçi tema; «Teke freskalary», 3-nji we 5-nji pýesalar). Şeýle temalar okgunly-yzygiderli häsiýetli eserler üçin has mahsusdyr. Käbir eserlerde temalar ýaýbaňlandyrma hökmündäki period formasynda beýan edilýär («Gazallar», III bölüm, tema). Period we ýönekeý iki bölümli formanyň arasynda ortalyk orny eýeleýän aralyk görnüşdäki formalara mysallar hem az däldir.

## IKINJI BAP

# ÝÖNEKEÝ IKI WE ÜÇ BÖLÜMLI FORMALAR

### § 1. Ýönekeý iki bölümli forma

D. Nuryýewiň fortepiano döredijiligi mugallymçylyk repertuarynyň çäklerinde giňden belli we işjeň ulanylýar. Çagalar köpçüligi bilen birnäçe ýyl bile işleşen kompozitor çaganyň psihologik dünýäsini aýdyň janlandyrýar. Onuň eserleri tebigy ýüze çykýan hakyky şatlyk duýgusy bilen, öz ýakynlaryna bolan ýürekden söýgi bilen, uly adamlaryň häsiýet aýratynlyklaryny ýa-da hereketlerini gaýtalamak islegi bilen ýugrulan. Mugallymçylyk repertuaryndaky pýesalaryň aglabasy ýaş ýerine ýetirijiniň ussatlygynyň ýola goýulmagy we terbiýelenmegi meseleleri bilen kesgitlenýär. Şunuň bilen birlikde bu meseleler ikinji orunda durýar. Ilki bilen bolsa, çeper maksatlara üns berilýär.

**«Ýedi pursat»** atly toplumy täze başlan pianinoçylaryň ýerine ýetirmegi üçin niýetlenendir. Eser mazmuny boýunça aýdyň düşnükli, umumylaşdyrylan maksatnamaly, atlandyrmaly, formasy boýunça aýdyň, faktura beýan edilişi boýunça ýönekeýdir.

**«Sözsüz aýdym»** (№ 3) pýesasy žanr babatda marş sazyna ýakyn. Garmonik goltgynyň ritmik urgulary, marş görnüşli heň harby sazynyň alamatlaryna laýyk gelýär. Eseriň formasy aýdym gurluşlary bilen baglanyşykly. Bu – gysgajyk girişli we jemlemeli iki period:

1-nji shema

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| giriş | **$A_1$** | | **B** | | jemleme |
| | **a** | **$a_1$** | **b** | **$b_1$** | |
| 1 | 4 | 4 | 4 | 4 | 2 |
| | *gis* | *gis* | *gis* | *gis* | |

Inedördül gurluşly periodlaryň hersi iki sözlemden ybarat. Ikinji sözlemiň wariant üýtgedilmegi esasy we goltgy berýän sesleriň registr çalşygy bilen ýa-da kadensiýalaryň tapawutlanmagy bilen bagly bolýar. Birinji periodda ortaky kadensiýa awtentik, jemleýji bolsa, ýarym plagaldyr. Ikinji periodda ortaky kadensiýa ýarym awtentik, jemleýji bolsa awtentikdir. Ikinji periodda – pýesanyň kulminasiýasynda registr çalşygyny görmek bolýar. Heňiň dogumlylyk häsiýeti tembr tarapdan tassyklanan, ýagny ol bas registrinde beýan edilen. Goltgynyň akkordlylygy funksional babatda çylşyrymlaşdyrylmadyk. Tonika üçemsesiniň, dominantseptakkordyň we onuň öwrülişiginiň, subdominanta üçemsesiniň köp sanly gaýtalanmagy pýesanyň garmonik esasyny kesgitleýär. Eseriň tonallygynyň (*gis-moll*) ýaş pianinoçy üçin çylşyrymly bolmagy sebäpli, garmoniýanyň ýönekeýligi we aýdyňlygy köp diýezli perdäni özleşdirmekde tapawutlanýar.

Ýönekeý iki bölümli formanyň başga bir görnüşi «Ýedi pursat» toplumynyň **«Andantino»** pýesasynda beýan edilýär. Eseriň ady onuň sazynyň lirik häsiýeti barada habar berýär.

Periodlaryň ikisi hem, meňzeş garmonik goltguly, şol bir heň materialyna esaslanan. Olaryň tapawutly tarapy iki sözlemleriň dowamlylygynyň dürli-dürlüliginde jemlenýär. Birinji sözlem esasy heň elementini we onuň ösüşini (8 takt) beýan etme funksiýasyny ýerine ýetirýär. Ikinji sözlem (4 takt) başlangyç düzümiň soňky taktlarynyň takyk heň-garmonik gaýtalanmagynda kämil kadensiýanyň goşulmasy bolup durýar.

Ikinji period goşulmanyň iki gezek gaýtalanmagynyň hasabyna giňeldilen. Iki periodyň wariantlylygy, köp babatda, heňiň registr seslenişiniň dürlüligi bilen baglanyşýar. Birinji periodda – soprano, ikinjide – tenor. Jemleýji periodyň goşulmasynyň ikinji geçirilişi diňleýjini öňki sesleniş ýagdaýyna gaýtaryp getirýär.

Eseriň gurluş shemasy:

2-nji shema

| A | | | $A_1$ | | |
|---|---|---|---|---|---|
| **a** | + | goşulma | **$a_1$** | + | goşulma |
| 8 | | 4 | 8 | | 7 |
| | *c* | | | *c* | |

Ondaky heňe goltgy berýän sesiň garmonik yzygiderliligi gyzyklanma döredýär. Eýýäm başlangyç taktda «intriga» ýüze çykýar: tonikanyň we dominantanyň bilelikdäki seslenişi akgynlylyk bilen dissonirleýji subdominanta geçýär. Dominanta garmoniýasynyň yzygiderli gaýtarylyp getirilmeginde, awtor ony ýörite aşaky medianta (VI basgançak) çözýär, şeýlelik bilen tonika akkordyny kadensiýa üçin saklap galýar. Ikinji periodda umumy funksional yzygiderliligiň saklanyp galmagynda garmoniýalaryň heň ýagdaýy üýtgeýär. Kulminasion pursaty tassyklamak üçin kompozitor heň we sazandarlyk ediji gatlaklary dürli registrlere «dagadýar». Mugallymçylyk ugry nukdaýnazardan beýle usul saz guralynyň ähli diapazonyny özleşdirmäge okuwça uly ýardam berýär. Struktura goşulmanyň gaýdyp gelmegi bilen, eseriň umumy reprizasy, onuň emosional, dinamik we garmonik çözgüdi başlaýar.

Ýönekeý iki bölümli formanyň şol bir kompozitoryň döredijiliginde ulanylmagy hem onuň birnäçe görnüşleriniň ýüze çykmagyna getirýär. Meselem, «Ýedi pursat» toplumynyň **«Gamgyn owaz»** pýesasynda D. Nuryýew içinde periodlary-sözlemleri jemleýän iki bölümlilige ýüzlenýär:

3-nji shema

| giriş | **A** | **B** | giňeldilme |
|---|---|---|---|
| 2 | 8 | 8 | 8 |
| | t→D | D→t | D→t |
| | | *cis* | |

Her periodyň içki gurluşy jümleler bilen bölünýär. Jümleleriň hersiniň daýanç tonunyň heň ösüşinde, garmonik tarapdan tassyklanan, tonikadan dominanta çenli galýan hereket yzarlanylýar: $I\text{-}II_{34}\text{-}I_{46}\text{-}II_{34}\text{-}D$. Ikinji period-sözlem $D_7$ seslenişi bilen güýçlendirilen kulminasion nokatdan (iň belent nota, güýçli dinamika) başlaýar. Perdäniň V basgançagyna çenli kem-kemden aşak gaýdýan hereket (oktawadan üstaşyr aşak), heň we garmonik dartgynlylygyň peselmegi tonika gaýtaryp getirýär. Kadensiýadan soňky goşulmada I basgançagyň tassyklanmagy we jemleýji akkordda (*Cis*) perde öwüşgininiň ýagtylanmagy bellenilýär.

Birinji we ikinji sözlemiň arasynda heňiň takyk gaýtalanmasy bolmasa-da, heňiň ritmik şekilleriniň umumylygyny yzarlamak bolýar. Köp tarapdan saz kompozisiýasynyň bitewüligine akkord goltgusynyň üýtgewsiz metr-ritmik pulsirlemesi we aýdyň garmonik ösüş t→D→T ýardam edýär.

Ýönekeý iki bölümli forma halk döredijiliginiň nusgalary bilen bagly bolan eserlere häsiýetli. Täzeden işlemek žanryna ýüzlenmek ýa-da türkmen halk aýdymyny solo saz gurallaryna geçirmek türkmen kompozitorlarynyň döredijiligine häsiýetli ýagdaý bolup durýar. Folklor çeşmeleri eseriň esasynda ulanylanda heňiň asyl nusgasyndaky milli özboluşlylygyny we seslenişiniň aýratynlygyny ýitirmezlik ähmiýetli bolup durýar.

D. Nuryýewiň fortepiano üçin täzeden işlän **«Sen-sen»** türkmen halk aýdymy folklora seresaply we takyk çemeleşmegiň mysaly bolup durýar. Aýdym žanry eseriň formasyny şertlendirýär.

Pýesa uly bolmadyk giriş bilen başlaýar. Bu giriş bagşynyň ýerine ýetirýän «kakuw» bölümini – gerekli perdä düzýän pursatyna öýkünýär. Birinji period üç sözlemden ybarat. Birinji sözlem – aýdymyň intonasion özenini beýan edýär, ikinji we üçünji sözlem bolsa, intonasion özeniň heň-wariant ösüşi. Ikinji period hem üç sözlemden ybarat. Birinji sözlem has beýik registrde (V basgançagyň tonallygyna modulýasiýa) täze heňi beýan etmek bilen bagly. Ikinji we üçünji sözlem birinji periodyň şol gurluşyna ýakyn. Miniatýura perdäniň esasy *a* durnukly sesini tassyklaýan goşulma bilen tamamlanýar.

«Sen-sen» pýesasynda D. Nuryýew ýewropa sazyna häsiýetli bolan iki bölümli formanyň çäklerinde, diňe bir heň tarapdan däl, eýsem, forma emele getiriş babatda hem folklor materialyna esaslanan eseri döretmegi başarýar. Şeýlelikde, başlangyç periodyň gurluşyny milli instrumental sazlara mahsus bolan bölümler bilen gabat getirse bolar, ýagny birinji sözlem – heň bölümi, ikinji we üçünji sözlem – ösüş bölümi kulminasiýa (ikinji periodyň başy) – şirwan, jemleýji bölüm – soňlama:

4-nji shema




Tematizmiň modal esasy, alterasiýalaşdyrylan basgançaklaryň girizilmegi (II we IV basgançaklary peseldilen), dutar sazandarlyk etmeginiň seslenişiniň aýratynlyklaryna ýakyn bolan gomofon beýan ediş gurluşy, metr-ritmik guramanyň serişdeleri milli özboluşlylygy tassyklamaga ýardam edýär.

D. Nuryýewiň **«Pioner aýdymy»** diýip atlandyrylan örän belli pýesasy hem aýdym esaslary bilen berk baglanyşýar. Eser zapew we gaýtalama bölümleri aýdyň beýan edilen ýönekeý iki bölümli formada ýazylan.

Zapew bölümi hökmünde seredilýän birinji period üç sözlemden ybarat. Pýesanyň umumy emosional ýagdaýy – ruhubelentlik, durmuşa okgunlylyk – birinji sözlemiň tematizmini kesgitleýär, ikinji we üçünji sözlem lirik häsiýete has ýakyn. Bu düzümleriň heňi diňe kadension pursatlarda tapawutlanýar: ikinji sözlem dominantada, üçünji – tonikada tamamlanýar.

Ikinji period – gaýtalamak – ritmik tarapdan hereketli, dinamika babatynda dürli görnüşli. Ol iki sany wariant-üýtgedilen sözlemlerden we jemleme-kodadan ybaratdyr. Tonal tarapdan esasy tonallyk bolan miminoryň tassyklanmagynda, gaýtalamak bölümi subdominanta sferasynda başlaýar.

Göwrüm babatynda ikinji sözlem birinjiden uly, sebäbi oňa sözlemiň içinde motiwiň işjeň sekwent ösdürilişi häsiýetli bolup durýar.

Eseriň gurluş shemasy:

5-nji shema

| **A** | | | **B** | | goşulma |
|---|---|---|---|---|---|
| **a** | **b** | **$b_1$** | **c** | **$c_1$** | **($c_2$)** |
| t→d | s→d | s→t | s→t | s→t | t |
| 4 | 4 | 4 | 6 | 6 | 6 |
| *e* | | | | | |

Türkmen kompozitorlarynyň döredijiliginde çagalar üçin ýazylan sazlar uly gyzyklanma döredýär. Bu ugurda ýazylan eserlerden iň ýagty sahypalarynyň biri hem N. Halmämmedowyň sazlarydyr. «Pursatlaryň» üç toplumy, konsert eserleri – kompozitoryň baý döredijilik mirasynyň dürdänesi bolup durýar. Eger-de esere forma emele getiriş nukdaýnazardan seredilse, onda pýesalaryň köpüsi dürli taraply beýan ediler. Kompozitoryň stiline durnukly ýewropa formalaryna täze elementleri girizmeklik, ýönekeý we çylşyrymly alamatlary utgaşdyrmak häsiýetli bolup durýar. Dogrusy, ýönekeý iki bölümli forma seýrek ulanylýar. Bu bolsa, improwizasion beýan edilen heňiň çäklendirilen mümkinçilikleri bilen bagly bolmagy mümkin.

Reprizaly ýönekeý iki bölümli formanyň ulanylan mysaly hökmünde «Pursatlaryň» ikinji depderinden **«Batbörekleriň uçuşy»** diýen pýesa seretmek bolar. Bu strukturanyň aýratynlygy, heň materialynyň birsydyrgynlygy ýagdaýynda onuň bölümleriniň depgin tarapdan takyk araçäklendirilmeginde jemlenýär. Pýesada impressionistik öwüşginler öz beýanyny tapýar. Faktura gatlaklarynyň akgynlylygy, olaryň arabaglanyşygy, heň modulirleme ýörelgeleriniň ulanylmagy, sesleriň hromatizasiýasy – bularyň hemmesi uçuş ýagdaýyny açyp görkezmek bilen baglydyr.

Depginiň, faktura beýan etmäniň çalşyrylmagy formanyň ikinji bölüminiň başlandygyny kesgitleýär. Bu pursatda uçuşyň «togtamagy» başlangyç perioddaky «uçup barýan» passažlaryň ösüşi bilen utgaşdyrylýar. Repriza birinji bölümiň kadensiýasynyň materialyna esaslanýar. Pýesanyň garmonik tarapy uly gyzyklanma döredýär. Ol *B-dur* tonallygynyň tonika tersiýasyndan başlanýar we soňra kemeldilen dartylýan septakkordyň engarmonizminiň üsti bilen *A-dur* tonallygyna modulirleýär. Ikinji bölümiň başyndaky «säginme» salamlary *g-moll*‘da geçýär. Pýesa *A-dur* tonallygynda tamamlanýar. Onuň gurluş shemasy:

6-njy shema

| giriş | **A** | | **B** | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | **a** | **b** | **c** | **$b_1$** | **$c_1$** | **$b_2$** |
| | **6** | **6** | **4** | **4** | **5** | **5** |
| | *B* | *A* | *g* | *A* | *g* | *A* |

**«Saz pursady»** pýesasynda N. Halmämmedow ýönekeý iki bölümli formany üç bölümli kompozisiýanyň ortaky bölüminde ulanýar. Eger, formany umumylykda yzarlasak, onda ol üç bölümden ybarat durýar: dürli görnüşli periody emele getirýän başlangyç we repriza bölümleri, şeýle hem kontrast häsiýetli ortaky bölümleri:

7-nji shema

| giriş | A | | | B | | | | A$_1$ | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | **a** | **b** | **b$_1$** | **c** | | **c$_1$** | | **a$_1$** | **b$_1$** |
| | | | | **c** | **d** | **c** | **d$_1$** | | |
| 2 | 4 | 4 | 4 | 4 | 4 | 4 | 4 | 4 | 11 |
| | *a* | *d* | *a* | *F* | *d* | *F* | *e* | *a→d* | *a* |

Bu ýerde kontrast heň we tonal derejelerde ýüze çykýar.

Ýönekeý iki bölümli formany derňäp geçeliň. Kompozitor onda esasynda heňiň wariant ösüşi ýatan gurluşy beýan edýär. Iki heň elementleriniň dürli-dürlüliginde (*c, d*), olaryň ikinjisi gönüden-göni birinjiniň ösüşi bolup durýar. Ikinji periodda **c** heňi gaýtalanýar, **d** bolsa, täze heň-garmonik wariantda peýda bolýar. Bu ýagdaý eseriň esasy tonallygyna hökmany gaýdyp gelmek bilen şertlendirilen.

Romantik fortepiano miniatýuralarynyň gülläp ösen döwrüne häsiýetli bolan žanra ýüzlenmek bilen, kompozitor beýan ediş serişdelerini R. Şumandyr F. Mendelsonyň stiline ýakynlaşdyrýar. Bu alamatlar polifonik heňastylaryň girizilmegi bilen, ritmik ownadylma we goltgy seslerindäki garmonik esasyň heň owazlandyrmasy bilen, imitasion sesleriň goşulmagy arkaly ýetilen dinamizasiýa bilen, ostinato bilen gazanylan fakturanyň işjeňliginde ýüze çykýar.

Türkmen kompozitorlarynyň döredijiliginde ýönekeý formalarda ýazylan sazlara ýüzlenilende, R. Rejebowyň eserlerini ýatlaman geçmek mümkin däl. Kompozitor durmuşa çaganyň gözleri bilen seretmek ýaly, üýtgeşik ukyby özünde jemlemegi, tebigatyň dem alşynyň seslerini duýmagy, gündelik durmuş hakda oýlanmagy we hakykaty ruhubelent kabul etmegi başarypdyr.

Berlen meseläniň çäklerinde R. Rejebowyň «Oýlanma» we «Ýatlama» sazlary gyzyklanma döredýär.

**«Oýlanma»** reprizasyz ýönekeý iki bölümli formada ýazylan:

8-nji shema

| A | | B | | |
|---|---|---|---|---|
| **a** | **a$_1$** | **b** | **b$_1$** | **c** |
| 4 | 4 | 4 | 4 | 8 |
| *g* | | *g* | | |

Eseriň keşp mazmuny onuň adynda beýan edilen. Heň akymynyň ýumşak hereketlerinde fakturanyň ýönekeýliginde we aýdyňlygynda, ýiti kontrastlar ulanylman, saz oýlanmasy suratlandyrylýar.

Pýesa biri-biri bilen intonasion tarapdan heňleri baglanyşykda bolan iki perioddan ybarat. Birinji period özara ýakyn bolan iki sözlemi öz içinde jemleýär. Statik heňiň esasynda perdäniň I basgançagyndan IV basgançagyna kwarta ädimi ýatyr. Goltgy sesleriniň garmonik ugruny plagallylyk kesgitleýär. Ikinji period intonasion babatda oňa görä ösdürilen. Birinji periodyň heňiniň jemleýji heň aýlawy motiwleýin ösdürilişine sezewar edilýär. Sekwensirlenme periodyň giňeldilmegini, heňiň goltgusynyň garmonik babatynda üýtgedilmegini şertlendirýär.

Saz beýan edilişinde gysga wagtlyk organ punktunyň ulanylmagy aýratyn takatlylyk ýagdaýyny döredýär. Şeýle-de bolsa, garmonik yzygiderliligiň labyzlylygy we gyzyklylygy basgançaklaryň alterasiýalaşdyrylmagy bilen bagly bolýar (VI beýgeldilen, II peseldilen, III beýgeldilen basgançaklary).

Öwüşginli garmoniýalaryň ulanylmagy «Oýlanma» pýesasyny R. Rejebowyň **«Ýatlama»** eseri bilen ýakynlaşdyrýar. Bu eser reprizasyz iki bölümli formada ýazylan. Birinji period iki sözlemden ybarat. Olaryň birinjisinde heň eksponirlenýär, ikinjisinde bolsa, onuň wariant üýtgedilmegi beýan edilýär. Heňiň intonasion özeni perdäniň III basgançagyndan V çenli tonika tersiýasynyň çäklerinde basgançaklaýyn hereketden ybarat. Intonasion özeniň ösüşinde perdäniň V basgançagy heňiň merkezine öwrülýär, hereket bolsa, onuň daşynda bolup geçýär. Tonika jemlemesi ikinji sözlemiň ahyryna gabat gelýär. Şeýle-de bolsa, heňde kämil kadensiýanyň barlygynda garmonik gatlak kontrast ýagdaýy emele getirýär. Ikinji sözlemiň jemlemesi subdominantada geçýär.

Ikinji periodda pýesanyň başlangyç bölüminiň intonasion materialy heň, ritmik, garmoniýa tarapdan ösüşe eýe bolýar. Bu ýerde sazyň akgynlylygyny, üznüksizligini sebäpli bir-bitewi, bölünmeýän saz düzümi döreýär.

Garmonik goltgy özüne aýratyn ünsi çekýär. Onda alterasiýalaşdyrylan sazlaşyklar agdyklyk edýär. Perdäniň ähli basgançaklarynyň alterasiýalaşdyrylmagy netijesinde tonallyk «çaýkanýan» ýaly bolýar. Hromatik garmoniýa diatonik heň bilen kontrastlaşýar. Bu bolsa, dramatik dartgynlylygyň döremegine ýardam edýär. Hemme sowallaryň çözgüdi pýesanyň soňky, *a* tonikany tassyklaýan sazlaşyklarda gelýär.

Eseriň gurluş shemasy:

9-njy shema




**M. Ataýewiň «Kiçijik kerwen»** atly pýesasy biraz başgaça beýan edilen. Labyzly saz suratlandyrmasy ýönekeý iki bölümli formada ýazylan. Periodlaryň ikisi hem bir saz materialyna esaslanýar. Beýan etmäniň wariantlylygy heňiň sesleniş registriniň üýtgedilmegi, içki tonal ösüş bilen bagly bolýar:

10-njy shema




Bu pýesada tersiýasyz kwarta-kwinta gurluşly sazlaşyklaryň ulanylmagy funksional ösüşiň bellenilişiniň şertli bolmagyna sebäp bolýar. Akkordlaryň şeýle gurluşy bu eseriň milli öwüşginini artdyryp, şol bir wagtda ses emele getiriji funksiýany ýerine ýetirýär. Beýan ediş serişdeleriniň ähli toplumy: frigiý perdesi, sazlaşyklaryň kwartalylygy, heňiň haýal hereketi – çölde howlukman hereket edýän kerweni suratlandyrýar.

Ýönekeý iki bölümli formany ulanmak nukdaýnazardan seredilende **S. Muhadowyň «Hüwdi aýdymy»** gyzykly bolup durýar. Hüwdi gadymy žanrlaryň biri. Pýesanyň folklor esasy onuň gurluşyny kesgitleýär: reprizasyz ýönekeý iki bölümli forma. Her bölümiň çägi tonal, metr we ritmik tarapdan tapawutlanýar. Pýesanyň birinji bölümi garmonik *es-moll* tonallygynyň töwereginde geçýär. Onuň faktura beýan edilişi hem özboluşly: kompozitor polifonik usuly bolan imitasiýany bas sesiniň takyk esasy bilen utgaşmagynda ulanýar. Imitasion usuly bilen

2. Sargyt №91

perdäniň I basgançagyndan III çenli trihord owazlandyrma ösdürilýär. Onuň intonasion jemlemesi perdäniň aşaky tetrahordynyň basgançaklaryndan başlangyç tonika gaýdyp gelmek bilen bagly bolýar. Esasy owazlandyrmanyň imitasiýasy iki ülüş ritmik süýşmede we seksta aşak interwal süýşmede geçýär.

Heň özeniniň polifonik ösüşi sazda üznüksiz akgynlylyk effektini döredýär. Tonikada dowamly säginilme bilen I bölüm tamamlanýar.

II bölüm garmonik *Ges-dur'* da başlaýar. Heň ösüşiniň esasynda öň tanyş bolan trihord intonasiýasy ulanylýar. Emma, II bölümiň umumy strukturasy I bölümden tapawutlanýar. Onda *es-moll'*yň tonikasyny nygtaýan dört jümle aýdyň çaklendirilen. Eger I bölüm bitewi gurluşly periody emele getirýän bolsa, II bölümde struktura ownadylmasyny görmek bolýar.

Eseriň gurluş shemasy:

11-nji shema

| **A** | **B** |
|---|---|
| 2+2+2+2+4 | 2+2+2+2+3 |
| *es* | *Ges* → *es* |

Reprizaly ýönekeý iki bölümli formanyň nusgasyny **Ç. Nurymowyň «Teke freskalarynyň»** ikinji pýesasynda hem görmek bolýar. Bu eseriň gyzykly tarapy, onda ýönekeý iki bölümli forma has iri kompozisiýanyň bölüminiň esasy bolup durýar.

Ç. Nurymowyň pýesasynda ýönekeý we çylşyrymly üç bölümli formanyň alamatlary utgaşýar. Ýönekeý gurluşyň alamatlary formanyň II we III bölümleriniň periody emele getirmeklerinde, çylşyrymly kompozisiýa bolsa – eseriň I bölüminiň ýönekeý iki bölümli formada gurulmagynda ýüze çykýar:

12-nji shema

| giriş | **A** | **B** | $\mathbf{A_1}$ |
|---|---|---|---|
| | ýönekeý iki bölümli forma | period | period |
| 2 | 17 | 20 | 13 |

Ýönekeý iki bölümli formanyň kompozision aýratynlyklaryna seredip geçeliň. Öň derňelen eserlerden tapawutlylykda bu pýesada formanyň I we II bölümleriniň heňini birleşdirýän sintetik repriza bar. Ýönekeý iki bölümli formanyň I bölümi – inedördül gurluşly period, ol intonasion tarapdan bolan iki sözlemden ybarat. Olaryň wariantlylygy kadensiýalaryň dürlüligi, ikinji sözlemdäki subdominanta tonallygyna geçýän modulýasiýa bilen şertlendirilen. Ýönekeý iki bölümli formanyň ikinji bölümi iki sözlemden ybarat. Olaryň birinjisinde heň materialy täze, ikinjide bolsa, birinji we ikinji sözlemleriň heňi utgaşdyrylyp, eseriň repriza böleginiň sintetik häsiýetde bolmagyna getirýär:

13-nji shema

| **A** | | **B** | |
|---|---|---|---|
| **a** | $\mathbf{a_1}$ | **b** | $\mathbf{b/a_2}$ |
| d → g | | *g* | |

Iki periody birleşdiriji ýagdaý hökmünde umumy faktura beýan edilişi hasaplamak bolar.

Seýrek ýagdaýlarda kompozitorlar ýönekeý iki bölümli formany sonata formasynyň bir bölümi hökmünde ulanýarlar. Muňa mysal edip, **A. Kulyýewiň Skripka we orkestr üçin konsertiniň** I bölüminiň ekspozisiýasynyň baş partiýasyna seredip geçeliň.

Konsert *a-moll* tonallygynda uly bolmadyk orkestr girişi bilen başlaýar. Dinamik, optimistik baş partiýa reprizaly ýönekeý iki bölümli, tonal babatda açyk formada beýan edilen. I bölüm –

iki sözlemden ybarat period. Inedördül gurluşly birinji sözlem eseriň heň özenini eksponirleýär. Ikinji sözlem ösüş häsiýetine eýedir. Ol ösüşiň dowamynda heň özeni bilen ýakynlaşýan täze intonasiýa bilen başlaýar. II bölüm gurluş, heň, tonal tarapdan gyzyklanma döredýär. Ol üç sözlemden ybarat. Olaryň birinjisi we üçünjisi heň babatda biri-birine ýakyn, ikinjisi bolsa, I bölümiň ikinji sözleminiň warianty bolup durýar. Tonal babatda II bölüm medianta we subdominanta sferasynda geçirilýär. Intonasiýa babatynda dürli görnüşliligine garamazdan, çeper ähmiýeti üýtgemeýär. Baş partiýanyň heňi okgunly, hyjuwly häsiýeti beýan ediji bolup çykyş edýär. Onuň kompozision shemasy şeýle:

14-nji shema

| giriş | I (A) | | II (B) | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | **a** | **b** | **c** | **$b_1$** | **$c_1$** |
| 2 | 4 | 6 | 4 | 7 | 7 |
| | *a* | | *F* | | |

## § 2. Ýönekeý üç bölümli forma

Fortepiano üçin miniatýura žanry türkmen kompozitorlarynyň döredijiligine hem häsiýetli bolup durýar. R. Rejebowyň «Çagalar albomy», D. Nuryýewiň «On iki pýesasy», N. Halmämmedowyň «Çagalar albomy», S. Muhadowyň «Çagalar albomy», W. Muhadowyň aýratyn eserleri, Ç. Nurymowyň «Polifonik depderi» ýönekeý formalarda ýazylan eserleriň hataryna girýär. Bu žanrda ýazylan her bir eser oýlanylyp tapylan keşbiň aýdyň saz-labyz beýan edilişi bilen berk baglanyşykly.

**«Tokaý ertekisi»** atly pýesa N. Halmämmedowyň fortepiano üçin toplumlarynyň «Pursatlar» atly ikinji depderiniň düzümine girýär.

Kompozitoryň syrly we jadyly tokaý hakyndaky hekaýaty aýdyň şekillendiriş häsiýetine eýedir. Instrumental gatlakda guşlaryň sesi, tokaý jümmüşiniň özboluşly şygyrdysy, ýapraklaryň sesi we gijeki tokaýyň ýürege salýan howsalasy beýan edilýär.

Pýesa gysgaldylan reprizaly ýönekeý üç bölümli formada ýazylan. Onuň her bölümi iki sözlemden ybarat kadaly däl periody emele getirýär:

15-nji shema

| I | | II | | III |
|---|---|---|---|---|
| **a** | **b+a** | **c+d** | **e** | **a+b** |
| 8 | 7+4 | 6+5 | 8 | 6+6 |

Intonasion-tematik emele gelmeleriň köplügine garamazdan (a, b, c, d, e), tematizmiň umumy meýilnamasy bitewülik ýagdaýyny döredýär. Guramaçylykly faktor hökmünde heň--garmonik goltgy çykyş edýär. Özüniň dramaturgik ähmiýeti boýunça ol ostinatonyň wezipesini ýerine ýetirýär. Heň sekizlik dowamlylyklaryň howlukmazak hereketiniň fonunda eksponirlenýär we ösdürilýär.

Tematik çözgüdiň adaty däl özboluşlylygy onuň registr çalşygy we struktura taýdan üznükliligi bilen baglydyr. Heňiň motiwleýin eksponirlenmegi we onuň içindäki registrleýin kontrasty tematik beýan etmäniň häsiýetli tarapy bolup çykyş edýär. Şol bir wagtda fakturanyň üç gatlagy hem (ýokarky, ortaky, aşaky) aşa örän labyzlydyr we dramaturgik babatda dürli funksiýalary ýerine ýetirýär: haýal hromatik hereketlenýän bas, ortaky sesiň birsydyrgyn görnüşli goltgusy we giň «uçuşly» heň.

Formanyň ortaky bölüminiň kontrasty köp derejede registriň takyk funksional laýyklylygy we sesleriň faktura ähmiýeti bilen gazanylýar. Birinji bölümiň «uçuşly» tematizminiň ornuna bir registrli hereket gelýär. Emma ikinji bölümiň özünde keşp ösüşiniň iki zolagy aýdyň beýan edilen. Olaryň birinjisi – kulminasion nokada tarap kem-kemden beýgelýän hereket, ikinjisi bolsa – «gijeki al-arwahlardan gorky» epizody. Zolaklaryň her biri tematik, faktura, tonal babatda tapawutlanýarlar.

Repriza bölümi gysgaldylan (onda soňky dört takt galdyrylan) we tematik babatda üýtgedilen.

Intonasion babatda tematik fragmentleriň ählisi öz arasynda baglanyşyk emele getirýär. Bu baglylyga diňe «gorky epizody» degişli däl. Her bir tematik bölegiň heň düzüminde ýokaryk ýa-da aşak hereket edýän basgançaklaýyn ýöriş agdyklyk edýär. Eger «uçuşly» notalaryň hereket edişini aýratynlykda yzarlasak, onda ol ýerde hem basgançaklaýyn hereketi bellemek bolýar.

Sazandarlyk ediji goltgy berýän gatlak biraz başgaça häsiýete eýedir. Ol heň görnüşde beýan edilendir, garmonik komplekslere esaslanandyr. Bu ýerde garmoniýanyň esasynda tersiýalylyk ýatyr. Hatda, üçünji sesiň ýoklugyna garamazdan, bu sazlaşyk tersiýa tony goýberilen üçemses hökmünde kabul edilýär.

Pýesada tonal-garmonik ösüş iň bir aýdyň şekillendiriş serişdeleriniň biri bolup durýar.

«Tokaý ertekisiniň» esasy tonallygy – si minor. Arassa görnüşde bu tonallyk eseriň ilkinji taktlarynda eşidilýär. Ikinji sözlemden başlap, kompozitor VI minor we D garmonik sazlaşyklaryny biri-birine garşy goýýar. Soňraky heň-garmonik ösüş si minoryň tassyklanylýan zolagy bilen bagly bolýar.

Pýesanyň ikinji bölüminde tonal ösüşi her sözlemiň bölegine laýyk gelýär. Birinji bölek (**c** tematik material) – dominanta tonallygynyň seslenişiniň kem-kemden taýýarlanylyşy bilen kesgitlenilýär. Bu ýerde perdäniň arassa we alterasiýalaşdyrylan basgançaklarynyň bir wagtda ulanylmagy häsiýetli alamat bolup durýar. Olaryň ulanylyşy sazlaşyklaryň bir tersiýaly ulgamy bilen bagly:

***c* - *e* - *g***

cis - e - gis

Garmonik babatda «gowşamaklyk» pursady si minoryň tonika üçemsesiniň doly görnüşde seslenmegi bilen kesgitlenilýär.

Pýesanyň kulminasiýasy gurluş tarapdan ikinji bölümiň ikinji sözlemine gabat düşýär, tonal-garmonik babatda bolsa, dominanta garmoniýasynyň sferasy bilen bagly bolup durýar.

Ikinji bölümde **e** bölegi kontrast girizýän epizod hökmünde çykyş edýär. Bu ýerde kontrast tematik, faktura, garmonik derejelerde ýüze çykýar. Tematik ösüşde «böleklenen», emma heň boýunça kesgitli herekete derek, aýratyn sesleriň «bir ýerde duran» seslenişi gelýär.

Faktura tarapdan seredilende gomofon gurluşyň ýerine akkord görnüşli faktura gelýär. Bu epizodda hut garmoniýa keşp-pikirli we tematik ýüki özüne çekýär. Akkordlar özüniň berk horal beýan edilişine garamazdan, iki gatlaga bölünýär: olaryň ýokarkysy dominanta tabyn, aşakysy bolsa tonika has ýakyndyr. Ýagtylygyň ýiti şöhlesi ýaly, sazlaşygyň primasy dinamik aksentirlenen, *dis* sesindäki minor üçemsesi garaşylmadyk ýagdaýda okgunly eşidilýär.

Bu akkordyň ulanylmagyny umumy dominantaly si minor-si mažor adybir tonallyklarynyň golaýlygy sistemasy bilen baglanyşdyrmak bolar.

Ikinji bölüm polifunksional sazlaşyk bilen tamamlanýar: D/VI moll.

Gysgaldylan reprizada kompozitor hiç hili täze tonal-garmonik öwüşgin girizmeýär we esasy tonallyk bolan si minory tassyklaýar.

«Tokaý ertekisi» eseriň doly derňewi N. Halmämmedowyň sazynyň käbir stil aýratynlyklaryny mikroderejede kesgitlemäge mümkinçilik berýär:

1. N. Halmämmedowyň eseri beýan ediş serişdeleriniň ähli kompeksiniň kömegi bilen görkezilen saz keşpleriniň aýdyň şekillendirilişi bilen tapawutlanýar.

2. Eseriň kompozisiýasy örän sazlaşykly. Klassyky struktura ýüzlenmek bilen, awtor türkmen halk sazynyň milli aýratynlyklaryndan ugur alyp, üçbölümliligi emele getirýär.

3. Tematizmiň gurluş aýratynlyklary, tema emele getirmäniň we ösüşiň esasy hökmünde, motiwe ýykgyn etmek bilen kesgitlenilendir.

4. Pýesada peýdalanylan garmonik öwüşginler romantizm döwrüniň garmoniýasy bilen bagly bolup durýar: köpgatlaklylyk, birleşdirilen mažor-minor sistemasy, bifunksional sazlaşyklar, tonlary goýberilen akkordlar.

5. Faktura perde-garmonik ösüşe tabyn bolýar.

6. Registr we dinamika tematik funksiýany ýerine ýetirýär.

Umuman, «Tokaý ertekisi» pýesasy N. Halmämmedowyň fortepiano sazlarynyň arasynda onuň stiliniň doly reprezentanty bolup durýar.

**N. Halmämmedowyň «Tekepbir geçi we oglanjyk»** atly miniatýurasy şekillendirişiň sazda ulanylan aýdyň mysaly bolup durýar. Kompozitor öz eserinde görkezýän gahrymanlarynyň keşplerini aýratynlykda görkezmek bilen, olara mahsus bolan ses atmosferasyny ussatlyk bilen döretmegi başarypdyr. Bu pýesa ortaky bölümi kontrastly ýönekeý üç bölümli formada ýazylandyr. Onuň çetki bölümlerinde keçjal, tekepbir jandaryň keşbi janlandyrylandyr. Boş kwintalaryň, septimalaryň gezekleşdirilmegi, seýrek dinamik aksentler, garaşylmadyk sinkopalar geçiniň tekepbir häsiýetini şekillendirýär. Formanyň ortaky bölüminde eşidilýän sesleniş keşbi düýbünden täzedir. Bu ýerde oglanjygyň mähirli sözleri, hereketleri duýulýar. Ýiti aksentli tokkataly akkompanement esasy heň bilen çalşyrylýar.

Bölümleriň kontrasty tonal (*a-moll – d-moll*) we garmonik babatda tassyklanylýar.

Oglanjygyň temasynda ýokarky sesdäki lirik intonasiýalar basda gaýtalanýan *d* sesi bilen utgaşdyrylandyr. Oglanjygyň häsiýetindäki, hereketlerindäki ýumşaklyk aşak gaýdýan septakkordlar zynjyry bilen şöhlelendirilendir.

Kwinta sazlaşyklarynyň gaýdyp gelmegi reprizanyň başlananlygyny alamatlandyrýar. «Pursatlarda» hereket edýän keşpleri suratlandyrmakda kompozitor köp babatda sazyň metr-ritmik, dinamik we akustik taraplaryna esaslanýar. Saz pýesadaky keşpleriň häsiýetini şeýle aýdyň açyp görkezipdir, bu bolsa onuň esasynda «Tekepbir geçi we oglanjyk» atly multiplikasion filmiň döredilmegine getirýär.

**«Leňňeç»** atly indiki pýesa hem özüniň aýratyn täsirliligi bilen tapawutlanýar. Kompozitor bu pýesany täze beýan ediş serişdeleri bilen şekillendirýär, bir görnüşli akkompanementiň fonunda peýda bolýan heň sesiniň täsin aksentleri we üçlemeleri duýdansyz kabul edilýär. Tema şol bir notada duran ýaly bolup, leňňejiň öz maksadyna tarap kynçylyk bilen hereket edişini görkezýär. Ikinji bölümde leňňejiň ýaşaýyş durmuşyndan täsirleri duýmak bolýar. Gysgajyk statik motiwler giň jümleler bilen çalşyrylýar, kwintalaýyn ostinato – ýumşak tersiýa ýörişleri bilen, stakkato bolsa owazly legato bilen çalşyrylýar. Aýdym häsiýetli başlangyç jümläniň metr-ritmik ownadylmasyny kenara tarap barýan kiçijik tolkunlar bilen deňeşdirmek bolar.

Uly bolmadyk haýallamadan, *ff* bilen tassyklanmadan soň birinji bölümiň eýýäm tanyş bolan tagaşyksyz motiwleri eşidilýär. Ol garaşylmadyk ýagdaýda ýiti dinamik uçgun bilen kesilýär.

Pýesanyň kompozision shemasy:

16-njy shema

| giriş | **A** | | **B** | | **A** | koda |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | **a** | **$a_1$** | **b** | **‖:$b_1$** | **$a_2$ :‖** | |
| 2 | 8 | 10 | 8 | 12 | 10 | 5 |
| | *c-moll* | | *C-dur* | | *c-moll* | |

Şeýlelikde, ýönekeý üç bölümli formanyň instrumental sazynda ulanylyşyna seredip geçmek bilen, aşakdakylary bellemek bolar:

– ýönekeý üç bölümli forma dürli saz keşplerini beýan etmäge ukyply;
– ýönekeý üç bölümli forma özbaşdak strukturanyň çäklerinde, şeýle-de has iri kompozisiýanyň bölegi hökmünde hem hödürlenip bilner;
– saz-labyz serişdeleri berlen strukturanyň çäkleri bilen çäklendirilmedik;
– ýönekeý üç bölümli forma saz tejribesinde işjeň ulanylýar.

## ÜÇÜNJI BAP

# ÇYLŞYRYMLY IKI WE ÜÇ BÖLÜMLI FORMALAR

### § 1. Çylşyrymly iki bölümli forma

Çylşyrymly iki bölümli formanyň türkmen kompozitorlarynyň döredijiliginde ulanylyşyna seredip geçeliň.

Häzirki zaman sazlarynyň ähmiýetlileriniň biri bolan, **S. Tüýliýewiň «Pendi nagmalary» № 2 instrumental sýuitasy** saz söýüjileriň we professional sazandalaryň arasynda gyzgyn seslenme tapdy. Bu esere bolan gyzyklanma, köp derejede, onuň adaty bolmadyk ýerine ýetirijilik düzümi, has takygy, türkmen milli saz guraly bolan gargy tüýdügiň ýekelikde çalmagy bilen bagly bolup durýar.

Sýuitanyň II bölümi aýratyn ünsi çekýär. Ol dramaturgik pikiri boýunça, sýuitanyň lirik tarapyny beýan etmekde kulminasion bölüm bolup durýar. Kompozitor kamera orkestriň seslenişine gargy tüýdügiň owazyny laýyk hasaplap, onuň solosy tutuş bölümiň dowamynda eşidilýär. Sýuitanyň ikinji bölümi çylşyrymly iki bölümli formada ýazylan. Bu ýerde tematik materialyň improwizasion ösüşi aýratynlyk bolup durýar. Beýan edilişiň improwizasion häsiýeti berk saklanylýar.

II bölüm tüýdügiň solosy bilen başlanýar. Tüýdük sazlaryna mahsus bolan ýerine ýetirijilik däplerine esaslanmak bilen, kompozitor girişde bu saz guralynyň diapazonyny we tehnik mümkinçiliklerini açyp görkezýär. Esasy tema girişiň intonasiýalaryndan emele gelýär we olaryň aýdyň dowamyna öwrülýär. Gurluşy boýunça tema iki sözlemden ybarat bolup, onuň birinjisinde tematik özen görkezilýär. Onuň başy kulminasion zolak bolup, daýanç tony ($a^2$) bolsa belentligi – heň-ritmik wariant ösüşiniň çeşmesi bolýar. Basgançaklaýyn aşak gaýdýan sekwension ösüş we aşaky daýanç sesinde ($a^1$) saklanmaklyk ikinji sözleme häsiýetli.

Çylşyrymly iki bölümli formanyň ikinji bölümi birinjisi bilen intonasion babatda ýakyn. Tematik ösüşiň wariantlylygyny göz öňünde tutmak bilen, ony birinji bölümiň tersleýin görnüşde gaýtalanmagy hökmünde hasaplamak bolar:

17-nji shema

| A | | B | |
|---|---|---|---|
| **a** | **b** | **b$_1$** | **a$_1$** |

Bölümleriň ikisini bitewüleşdiriji başlangyç hökmünde umumy modallyk çykyş edýär. Ol tematizmiň wariant-improwizasion ösüş usuly ýagdaýynda durnuklylygy saklaýan faktoryň funksiýasyny ýerine ýetirýär. Çylşyrymly iki bölümli formanyň ikinji bölümi kontrast girizýär. Heň-ritmik ostinato girizmek bilen, saz tans häsiýetine eýe bolýar. Bu ýerde orkestr has işjeň

ähmiýete eýe bolýar. Onuň fakturasy solo saz guralyna goltgy berýän burdon seslenişden fragmentleýin tematik beýan etmäge çenli ösdürilýär.

II bölümiň reprizasy girişiň intonasiýalaryna we olaryň heň-wariant ösüşine esaslanandyr. Şeýlelikde, çylşyrymly iki bölümli formanyň II bölümi täze tematizmi girizýär.

Eseriň kompozisiýasynyň shemasy:

18-nji shema

| giriş | I | | | | II | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| **a** | **b** | **d** | **$d_1$** | **$b_1$** | **c** | **$a_1$** |
| 8 | 14 | 7 | 9 | 10 | 13 | 19 |
| | *a* | | | | | |

Çylşyrymly iki bölümli forma häzirki zaman kompozitorlyk tejribesinde seýrek ulanylýar. Bu gurluşyň doly kämil bolmadyk, geçiş häsiýeti onuň ulanmaga mümkin bolan ýerlerini çäklendirdi.

## § 2. Çylşyrymly üç bölümli forma

Türkmen kompozitorlary öz eserlerinde çylşyrymly üç bölümli forma ýüzlenmek bilen, onuň dürli görnüşini beýan edýärler. Kompozisiýanyň çäklerini bitewüliginde saklamak bilen, olar her bölümi wariasiýalaşdyrýarlar.

Çylşyrymly üç bölümli forma ulanylan eserlerde bu gurluşyň dürli görnüşlerde, ýagny iň bir ýönekeýlerinden başlap, has çylşyrymlylaryna çenli öz beýanyny tapýandygyny görmek bolýar. Türkmen kompozitorlyk mekdebiniň düýbüni tutujylar D. Öwezow, W. Muhadow, A. Kulyýew ýaly şahslaryň döredijiliginde bu forma özboluşlylyga eýedir.

Olardan **D. Öwezowyň «Dutaryň owazy» kantatasyna** seredip geçeliň.

Kompozitoryň «Dutaryň owazy» kantatasy G. Muhtarowyň sözlerine döredilen. Türkmen kompozitorlarynyň hor döredijiliginde bu kantata dutaryň sesleniş aýratynlygyny janlandyrýan ilkinji eser bolup durýar. Ony ýerine ýetirijileriň düzümine dört sesli hor, iki solist (tenor we bas) we fortepiano girýär. Eser kontrast epizodly, girişli we jemlemeli çylşyrymly üç bölümli formada ýazylan. Onuň birinji bölüminiň strukturasy aýratyn gyzyklanma döredýär. Bagşylaryň döredijilik däplerine esaslanmak bilen, kompozitor wariant-kuplet formasyna ýüzlenýär, onda her kuplet öňünden geçirilen kupletden tersiýa interwaly ýokarda görkezilýär. Üç bent *a-moll, C-dur, e-moll* tonallyklarynda geçirilýär. Üçünji bent solistiň we horuň arasynda materialyň bölünmegi bilen tapawutlanýar. Bu ýerde esasy orunda hor durýar.

Kantatanyň ikinji bölümi keşp, tematik, tembr, tonal babatda kontrast döredýär. Üçünji bölüm gysgaldylan repriza bolup, ol ýagty öwüşginli, monumental koda geçýär. Umuman, kantatanyň formasyny indiki shemada görkezmek bolar:

19-njy shema

| giriş | A | | B | | A | | koda |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **a** | **$a_1$** | **$a_2$** | **b** | **$b_1$** | **a** | **$a_1$** | **$a_3$** |
| *a-moll* | *C-dur* | *e-moll* | *b-moll* | *Des-dur* | *a-moll* | *C-dur* | *a-moll* |

Kantata fortepianonyň partiýasyndaky açyk reňklere çaýylan giriş sazy bilen başlanýar. Ol birnäçe wezipäni ýerine ýetirýär: kantatanyň keşp düzümine giriş, geljekki tematik materialyň böleklerini eksponirlemek, ýerine ýetirijini (solisti) gerekli tonallyga taýýarlamak. Bu wezipeleriň her biri bagşylaryň ýerine ýetirijilik däpleri bilen baglydyr. Elbetde, girişiň dowamy hökmünde

tenoryň solosy çykyş edýär. Beýik tonuň dowamly seslenmegi bagşylaryň ýerine ýetiriş usulyna mahsus. Esere girişen hökmünde solist temany eksponirläp başlaýar. Temanyň we onuň intonasion ösüşiniň strukturasy sowal-jogap formulasyny emele getirýär. Solistiň partiýasynda bu formula dört taktlydyr (2+2). Horuň jogaby özüniň sekwension ösüşinde ýüzlenme-jogap jümlesini umumy dört takta birleşdirýär. Intonasion ösüşiň indiki tapgyry sekunda ýokardan geçirilýär. Ösüş tapgyrlarynyň ikisi hem birinji bendi emele getirýärler.

Ikinji bent *C-dur* tonallygynda beýan edilýär. Solistiň temasy heňiň her bir daýanç sesiniň has giň owazlandyrylmasynyň hasabyna wariasiýalaşýar. Şol bir wagtda horuň jogaby öňküligine galýar. Kantatanyň birinji bölüminiň birinji we ikinji bentleri faktura babatda biri-birine meňzeş. Solistiň temasy dutar seslenişiniň öýkünme fonunda geçirilýär. Hor saz guralynyň partiýasyny unison görnüşinde goşalandyrýar. Bu bolsa aýdyň durnuklylyk ýagdaýyny döredýär.

Esasy heň partiýa hora berlen. Baş temanyň üýtgedilmegi fakturanyň melodizasiýasy, temanyň göwrüminiň struktura babatynda kiçelmegi, ritmik tarapdan üýtgemegi (çärýeklik dowamlylyklaryň hereketi), tonallygyň çalyşmagy (*e-moll*) bilen bagly bolýar. Umuman alanyňda, bu ýerde keşp özgerdilýär. Saz häsiýeti boýunça has-da lirik görnüşe girýär. Kompozitor birbada horuň doly düzümini görkezmeýär. Ilkibaşda tema tenorlarda we baslarda geçirilýär. Aýallar hory garmonik fon hökmünde çykyş edýär. Kulminasiýa pursatynda erkekler we aýallar horunyň sesleniși birleşdirilýär. Umumy herekete solo soprano hem goşulýar. Ol hor sopranosynyň partiýasyny dublirleýär. Birinji bölüm fortepianonyň ýerine ýetirýän interlýudiýasy bilen tamamlanýar.

Kantatanyň birinji bölüminiň garmonik dili kompozitoryň saz stiliniň iki tarapyny beýan edýär. Esasy garmonik usul hökmünde türkmen milli saz guralynyň seslenişini beýan etmek bilen, kompozitor dutar sazlaryna häsiýetli bolan ritmikada kwarta-kwintaly sazlaşyklary ulanýar. Ikinji tarapy tersiýa strukturadaky akkordlary ulanmaklyk bilen baglydyr. Olaryň logik baglanyşygy nusgawy garmoniýanyň kanunlary bilen kesgitlenilendir.

Kompozitor esasy we kömekçi basganҫaklaryň üçemsesleri bilen olaryň öwrülişiklerini, akkord däl sesleri (saklamalar, ötegçi sesler) ulanýar.

«Dutaryň owazy» kantatasynyň ikinji bölümi kontrast epizody emele getirýär. Bu ýerde kontrast keşp, žanr we saz labyz serişdeleri derejesinde ýüze çykýar. Ikinji bölümiň sazynyň gam-gussaly häsiýeti çakonany ýatladýan žanrda beýan edilendir. Epizodyň bütin dowamynda diýen ýaly, tonika organ punkty saklanylýar. Bu epizod solo basa berlip, diňe jemleýji bölekde hor goşulýar. Fortepianonyň partiýasynda ol heňastylar bilen baýlaşdyrylandyr. Ikinji bölümiň ikinji bölegi ugurdaş mažorda geçirilýär. Fakturada akkordlar toplumy işjeň ulanylan. Sazyň umumy ösüşi kulminasiýa pursatyna getirýär.

Repriza birinji bölüm bilen deňeşdireniňde gysgaldylan. Onuň sazy örän dabaraly eşidilýär. Bu ýerde akkordikanyň esasy we kömekçi basgançaklaryň üçemseslerinden, sekstakkordlaryndan ybarat duryandygyny görmek bolýar. Reprizada optimizm we durmuşa bolan pozitiw gatnaşyk tassyklanylýar.

D. Öwezowyň «Dutaryň owazy» kantatasy çylşyrymly üç bölümli formanyň wokal hor žanrynda ulanylmagynyň nusgasy bolup hyzmat edýär. Bu gurluşa ýüzlenmek bilen, kompozitor häsiýetli aýratynlyklary ulanýar: çetki we ortaky bölümleriň kontrasty, aýdyň keşp gapma-garşylyklarynyň mümkinçilikleri, formanyň arassa wokal gurluşlaryň ösüş prinsipleri bilen baýlaşdyrylmagy (wariant bentlilik).

Özüniň nusgawy beýanyny çylşyrymly üç bölümli forma **W. Muhadowyň Ikinji simfoniýasynyň («Gahrymançylykly») üçünji bölüminde** tapýar.

W. Muhadowyň Sowet Soýuzynyň Gahrymany A. Tahyrowa bagyşlanan Ikinji simfoniýasy 1985-nji ýylda döredilýär. Bu eser däp bolan sonata-simfonik toplumy emele getirýär.

Simfoniýanyň žanryny gahrymançylykly-dramatik hökmünde kesgitlemek bolar. Faşizme garşy göreş ideýasy simfoniýanyň birinji bölüminde beýan edilýär. Ikinji we üçünji bölümler lirik intermesso hökmünde kabul edilýär. Simfoniýanyň finalynda öz agyr külpetleri başdan geçiren Watan goraýjylarynyň beýik ýeňşi dabaralandyrylýar.

Saýlanyp alnan temanyň çäklerinde simfoniýanyň üçünji bölümine seredip geçeliň. Toplumyň dramaturgiýasynda bu bölüm gahrymanyň parahat durmuş hakynda ýatlamalaryny beýan etmek bilen bagly bolup durýar. Bagtlylygyň nusgasy hökmünde kompozitor bu ýerde wals žanryny öňe sürýär. Semantika taýyndan wals aýal-gyzlary häsiýetlendirýän keşpler bilen bagly bolýar. Uruş wakalarynyň şaýady bolan kompozitor gahrymanyň üsti bilen öz ýatlamalaryny beýan edýär diýip hem çaklamak bolar. Gahryman ejesiniň mähirli ellerini hakydasyna getirýär, söwer ýary bilen duşuşmagy arzuw edýär, oý-pikirinde söýgüden, mähirden we bagtdan doly bolan dogduk öýüne dolanýar. Maşgalasynyň arasynda çagalyk, ýaşlyk, ýoldaşlary bilen görüşýär. Bu keşpleri kompozitor simfoniýanyň üçünji bölümine mahsus bolan çylşyrymly üç bölümli formada görkezýär. Onuň çetki bölümleri söýgülisi bilen duşuşmak arzuwlaryny beýan etse, ortaky bölüm – dostlary hakynda ýatlamalardan ybarat.

Birinji bölüm kirişli saz gurallary kwintetiniň baş temany beýan etmegi bilen başlanýar. Wals heňi ýokarky registrde ýeňil we erkin hereket edýär. Intonasion tarapdan ol perdäniň (*b-moll*) V basgançagyndan onuň oktawa unisonyna çenli nepislik bilen aşak süýşmegi emele getirýär. Erkin metrika ($^2/_4$, $^3/_4$, $^4/_4$, $^3/_4$, $^2/_4$) uçuş häsiýetini döretmäge ýardam berýär. Hromatik owazlandyrmalaryň agdyklyk etmegi tema inçelik we gözellik çaýýar. Goltgy berýän sesleriň pessaý fakturasy döredilýän keşbi tassyklaýar. Altlaryň seýrek peýda bolýan goşulan sesleri howaýy giňişliginiň arassalygyny bozýar. Temanyň ösüşi onuň wariant-bentleýin görnüşde özgerdilmegi bilen bagly bolup durýar we umuman ýeňil tans häsiýetini dowam etmäge päsgel bermeýär.

Çylşyrymly üç bölümli formanyň ortaky bölümi çetkiler bilen tematik, tonal, faktura we tembr babatda kontrastlaşýar. Bitewüleşdiriji başlangyç hökmünde tans häsiýetli üç ülüşlilik ýüze çykýar. Eger ortaky bölümde öz dostlaryny ýatlaýan gahrymanyň ýagdaýy şöhlelendirilýär diýip çaklanylsa, onda berlen bölegi marş elementli tans hökmünde beýan etmek bolar. Ortaky bölümiň saz materialyny görkezmekde tutuş orkestr gatnaşýar. Tema üflenip çalynýan agaç saz gurallarynyň duetinde geçirilýär. Temanyň ritmik, dinamik we agogik beýan edilişi onuň marş tebigatyny açmaga mümkinçilik berýär. Garmonik goltgy bu sözlemiň marş häsiýetini nygtaýar. Temanyň intonasion ösüşi tembrleýin waryirleme prinsipi boýunça düzülen. Tema üflenip çalynýan agaç saz gurallarynda üýtgedilmän, yzygiderli üç gezek gaýtalanýar (klarnet, fleýta, goboý). Bütin orkestriň goşulmagy bilen ösüş bölegi başlanýar, ol hem kuwwatly kulminasiýa alyp gelýär (135-155-nji taktlar).

Ilkibaşdaky tematizmiň reprizada gaýdyp gelmegi üflenip çalynýan mis saz gurallarynyň solo ýerine ýetirmegi bilen bagly bolýar. Kadension bölek şol bir wagtda çylşyrymly üç bölümli formanyň reprizasyna geçişi emele getirýär. Temanyň kulminasiýa pursatynda kompozitoryň, aýal-gyzlary häsiýetlendirýän wals temasyna mahsus bolan, kem-kemden hromatik süýşme usulyna ýüzlenýändigini bellemek gerek.

Çylşyrymly üç bölümli formanyň reprizasy gysgaldylan. Temanyň dört sany wariant geçirilişinden diňe ikisi saklanyp galynýar.

Şeýlelikde, W. Muhadowyň «Gahrymançylykly» simfoniýasynyň üçünji bölümi gahrymanyň lirik ýatlamalaryny beýan edýär. Çylşyrymly üç bölümli formanyň dramaturgik bitewüligi ortaky we çetki bölümleriň žanr tebigatynyň umumylygy bilen (tans), birmeňzeş ösüş usullary bilen (intonasion waryirleme – tembr waryirleme), çetki bölümleriň temasynyň intonasiýasynyň ortaky bölümiň temasynyň kulminasion ösüş tapgyryna girýänligi bilen gazanylýar.

Çylşyrymly üç bölümli formanyň kontrastlylygy keşp taýdan (aýallary we erkekleri häsiýetlendirýän), tonal taýdan (*b-moll–h-moll*), tembr taýdan (kirişli saz gurallary kwinteti – orkestr) beýan edilýär.

Simfoniýanyň üçünji bölüminiň shemasy:

20-nji shema

| A | B | $A_1$ |
|---|---|---|
| **a $a_1$ $a_2$ $a_3$** | **b $b_1$ $b_2$ $b_3$ $b_4$** | **a $a_4$** |
| *b-moll* | *h-moll* | *b-moll* |

Çylşyrymly üç bölümli forma **A. Kulyýewiň Fortepiano üçin sonatasynyň ikinji bölüminde** täze görnüşde görkezilýär.

Kompozitoryň ady agzalan sonatasy bu žanrda ýazylan ilkinji eserleriň biri bolup, ýaş kompozitoryň kamera-instrumental žanrdaky çylşyrymly eseridir. Sonatanyň ikinji bölümi lirik häsiýetli noktýurn bolup, ol, köplenç, özbaşdak eser hökmünde ýerine ýetirilýär.

Fortepiano üçin sonata romantik alamatlara ýugrulan. Noktýurn («gije aýdymy») eseriň dramaturgiýasyna laýyk gelýär.

Lirik noktýurnyň strukturasy çylşyrymly üç bölümli forma bolup, onuň I we III bölümleri ýönekeý iki bölümli formada, II bölümi bolsa, ýönekeý üç bölümli formada ýazylandyr.

I bölümiň kompozisiýasyna seredip geçeliň. Keşp babatda ol adamyň we gijeki tebigatyň sazlaşykly gatyşmagy bilen bagly bolup durýar. Asudalyk, howa giňişliginiň boşlugy girişiň giň oktawa we kwarta-kwinta ädimlerinde beýan edilendir. Gije aýdymynyň temasy bolsa, fakturanyň ýokarky gatlagynyň ýumşak fonunda bas sesinde geçirilýär. Ýönekeý iki bölümli formanyň birinji we ikinji periodlarynyň arasyndaky kontrast diňe perde-tonal derejede kesgitlenilýär (*d-moll, B-dur*). Keşp-emosional sferasy saklanyp galynýar.

Çylşyrymly üç bölümli formanyň ortaky bölümi temanyň tonal ösüşiniň we modal esasynyň utgaşdyrylmagy bilen gyzyklanma döredýär. Ortaky bölümiň temasy bagşylaryň aýdym heňine ýakyndyr. Durnukly sese esaslanmak, melizmleriň agdyklyk etmegi, II we IV basgançaklaryň wariant görnüşde ýygy ulanylmagy ortaky bölümiň temasyna mahsus bolýar.

Garmonik goltgy interwal kompleksleriniň, tersiýaly akkordikanyň we heň linearlygynyň ýörelgelerini utgaşdyrýar. Temanyň millilik tarapy onuň ortaky sesinde perdäniň esasy durnugynda (*f*) heň-ritmik ostinato bilen tassyklanylandyr. Ösüş bölegi ikinji bölümde kulminasion pursat bolýar. Bu ýerde kompozitor fortepiano fakturasynyň baý usullaryny ulanýar: temanyň oktawalaýyn we kwartalaýyn dublirlenmegi, akkord-arpejirlenen goltgynyň melodizasiýasy, tembr we registr diapazonynyň giňeldilmegi, dinamik ýagtylyk.

Ortaky bölümiň reprizasy diňleýjini rahatlylyk emosional ýagdaýyna gaýtaryp getirýär.

Fortepiano sonatasynyň gije aýdymynyň jemlemesi çylşyrymly üç bölümli formanyň birinji bölüminiň gysgaldylan görnüşde beýan edilmeginden ybaratdyr.

Eseriň gurluş shemasy:

21-nji shema

| *giriş* | A | | | | C | | | *giriş* | A | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | **a** | **b** | **$a_1$** | **$b_1$** | **c** | işlenilme | **$c_1$** | | **a** | **b** |
| 2 | 8 | 7 | 8 | 8 | | 69 | | 2 | 8 | 15 |
| | *d* | *B* | *d* | *B* | | *II⁻,IV⁻ basg-ly f-moll* | | | *d* | *d* |

Kompozitorlyk mekdebiniň ortaky nesline degişli bolan awtorlar hem çylşyrymly üç bölümli forma ýüzlenýärler. Ol kiçi pýesalarda bolşy ýaly, göwrümli instrumental eserlerde hem kompozisiýanyň esasyny düzýär. Meselem, **D. Nuryýewiň «Erteki» atly pýesasy**.

D. Nuryýewiň kiçijik ertekisi onuň çagalar albomundan alnan. Bu eser çagalar sazçylyk mekdepleriniň kiçi synp okuwçylary üçin niýetlenilendir. Şoňa laýyklykda hem onuň mazmuny çaganyň emosional kabul edişine bagly bolup durýar. Saz tekstinden ugur alyp, kompozitor konflikt keşpleri garşy goýmazdan, lirik ertekini gürrüň berýär diýen netijä gelmek bolar. Çetki we ortaky bölümleriň arasynda kontrast intonasion we depgin-dinamik derejelerde ýüze çykýar. Sazly ertekiniň çetki bölümleri – reprizaly ýönekeý iki bölümli formada beýan edilen ýumşak lirik hekaýa bolup durýar. Beýan edijilik stili, heň ösüşi tonika kwintasynyň çäklerinde geçýän tema bilen görkezilýär. Başlangyç intonasiýalar (1-2-nji taktlar) hüwdileýji jümleler hökmünde kabul edilýär. Başlangyç tematizmiň we tonikada kadansirlemäniň soňraky ösüşi hüwdi aýdymlarynyň semantikasy bilen bagly. Hüwdiniň žanr esasy temanyň metrik gurluşynda, rahat, aýdyň we kadaly garmonik goltgysynda, beýan etmekligiň lirik äheňinde ýüze çykýar (dinamika – *p, mp*). Birinji bölümiň ikinji periody başdakydan ýagtyrak we batlyrak eşidilýär. Tematik ösüşiň diapazony giňeýär, hüwdileýji kadensiýa aýrylýar.

Ýeňil we emosional ýagdaý ikinji periodyň täze temasynyň başlangyç kwinta böküşi bilen beýan edilýär. Soňraky ýokary galýan hereket sesleniş diapazonyny giňeldýär we kulminasiýa nokadyna alyp gelýär. Ikinji periodyň ikinji sözlemi birinji periodyň şol bölegini gaýtalaýar. Ýuwaş, rahat beýan edijilikli äheň, statik kadensiýa gaýdyp gelýär.

Ikinji bölüm period formasynda ýazylandyr. Onuň temasy parallel tonallykda geçirilýär.

Repriza üýtgedilmedik ýagdaýda birinji bölümi gaýtalaýar.

Sazyň gurluş shemasy:

22-nji shema

| I | | II | III | |
|---|---|---|---|---|
| **A** | **B** | **C** | **A** | **B** |
| 8 | 8 | 4+4 | 8 | 8 |
| *b-moll* | | *des-moll* | *b-moll* | |

Instrumental sazynyň kiçi žanrlaryna **B. Hudaýnazarowyň fortepiano üçin tokkatasyny** degişli etmek bolar.

B. Hudaýnazarow instrumental saz žanrlarynda ýönekeýlerden çylşyrymly görnüşlerine çenli köp sanly eser döredýär. Olarda kompozitor dünýä klassikasynyň žanrlaryny we formalaryny türkmen sungatyna mahsus bolan milli aýratynlyklar bilen ýakynlaşdyrmaga ymtylypdyr.

Fortepiano üçin tokkata halk žanrlarynda ýazylan eserleriň hataryna girýär. Bu eser 1974-nji ýylda ýazylyp, Durdy bagşa bagyşlanandyr. Tokkata žanryny ulanmak bilen B. Hudaýnazarow türkmen kompozitorlarynyň D. Öwezow, G. Drżewskiý, A. Kulyýew, N. Halmämmedow ýaly uly nesliniň we öz döwürdeşleriniň däplerini dowam edýär. Awtor dutarçy sazandanyň keşbini bermek üçin tokkata görnüşli pýesa döredýär.

Bu eser fortepianonyň sesini dutar sazynyň seslenişine has ýakynlaşdyrylan aýdyň nusga bolup durýar. Sazyň emosional babatda joşgunly häsiýeti üznüksiz ösüş prosesinde açylyp görkezilýär. Kwartalaryň we kwintalaryň oktawa seslenişler bilen gezekleşmegi eseriň häsiýetli tarapyna öwrülýär.

Forma we ösüş prinsipleri boýunça pýesany konsert žanryna degişli etmek bolar.

Eser çylşyrymly üç bölümli formada ýazylyp, onda çetki bölümleriň instrumental tebigaty bilen ortaky bölümiň rahat sazy garşy goýulýar.

Birinji bölüm *Allegro con brio* (*a-moll*) ýönekeý üç bölümli formada ýazylan. Onuň birinji bölegi içki dartgynlylyga, okgunly depgine, kwarta-kwinta we sekunda sazlaşyklarynyň gezekleşmegine, dinamikanyň çalşygyna esaslanýar. Dürli registrleriň ulanylmagy, her sözlemiň

ahyrynda tonika organ punktunyň ýaňlanmagy, improwizasion halk sazyna häsiýetli bolan $^{12}/_{8}$ ölçegiň beýan edilmegi aýratyn üns çekýär.

Birinji bölümiň perde esasyny *a* frigiý perdesi düzýär. Has çylşyrymly garmonizasiýa ymtylmak bilen, kompozitor alterasiýalaşdyrylan sesleri girizmek arkaly kwarta-sekunda sazlaşyklaryny çylşyrymlaşdyrýar (IV basgançagyň wariantlary). Durnuksyz basgançaklary hromatizasiýalaşdyrmagyň beýle usuly türkmen sazynda ýygy duş gelýär we häsiýetli hasaplanýar. Hromatika elementleri türkmen heňlerine mahsus bolup durýar.

Birinji bölümiň ortaky bölegi başga tonallykda, ýagny V basgançagy peselen *g-moll'*da geçýär. Düzümleriň araçäginde tonallyklaryň sekunda gatnaşyklary türkmen halk sazyna häsiýetli bolup, ýewropa ýazuwyna laýyk gelmeýär. Ortaky bölüm ösüş häsiýete eýedir. Oňa sekwentlilik, dinamik öwüşginleriň çalşygy, durnuksyzlyk, perde kesgitsizligi mahsusdyr.

Birinji bölegiň reprizasy gysgaldylyp, onda diňe ikinji sözlem geçirilýär. Bu sözlemiň jemlemesi dominanta organ punkty bilen tassyklanylyp, onuň garaşylýan tonika derek peýda bolmagy soňraky ösüşe itergi berýär.

Tokkatanyň II bölümine geçiş esasy tonallygyň tonikasyndaky ostinatolaýyn hereketi arkaly amala aşyrylýar.

II bölüm, birinji bilen deňeşdireniňde, kontrast girizýär. Bu ýerde kompozitor milli sazyň ýene-de bir aýratynlygyna ýüzlenýär – onuň metr-ritmik çalşygy. Metriň çalşygy ($^{12}/_{8}$ - *C*) hereketiň dartgynlygyny güýçlendirýär we eseriň täze, has güýçli dinamik ösüş tapgyryny açýar.

Monoton ritmik şekiliň fonunda dürli göwrümdäki interwallaryň öwüşginli we adaty bolmadyk seslenişi bilen fortepianonyň bas sesi giň, labyzly heňi beýan edýär. Bu heň «Durdy bagşy» türkmen halk sazyna esaslanýar.

Keşp mazmuny boýunça eseriň I we II bölümlerini biri-biri bilen garşy goýmak bolar. Olaryň birinjisi bagşynyň aýdymyna instrumental giriş hökmünde eşidilse, ikinjisi – lirik läle bolup durýar. III bölüm özboluşly solo kadensiýaly «instrumental bölegi» emele getirýär.

Ortaky bölümiň strukturasy – iki sözlemden ybarat iki period. Tema dürli intonasion wariantda we tonallykda dört gezek geçirilýär. Sözlemleriň her haýsysy ortaky we ýokarky registrlerde berlen tonallygyň tonika üçemsesi boýunça üçlemeleri girizmek bilen tamamlanýar. Heňiň diapazony uly däl. Başlangyç tematik jümleler akgynly bolup, olarda giň bökmeler ulanylmaýar. Emma heň ugrunyň ösmegi we içki hyjuwlylyk bilen u.6, a.8 interwallaryna böküşler peýda bolýar we soňra olaryň aralygy doldurylýar. Bölümiň fakturasy üç sesli (tema we onuň fony).

Tonal meýilnamasy: *h – a*. Kompozitor modulýasion süýşmeleri hem ulanýar: olar mažor we minor sazlaşyklarynyň kontrastyny döredýär. Heňiň we oňa goltgy berýän sesleriň perde babatda garşy goýulmaklary bu ýerde tapawutly tarapy bolup durýar. Bir wagtyň özünde adybir mažor we minor tonallyklary eşidilýär. Temanyň goltgusynyň garmonik fony ähli basgançaklaryň diýen ýaly hromatik wariantynyň agdyklyk etmegi bilen tapawutlanýar. Bu aýratynlyklar sazlaşyklara öwüşginlik çaýyp, B. Hudaýnazarowyň eserini impressionist-kompozitorlaryň sazlary bilen ýakynlaşdyrýar.

III bölüm üç bölümli formada ýazylyp, onuň ösüşi üç tapgyrdan ybaratdyr. Onuň başy I bölümiň birinji böleginiň dinamik reprizasy bolup durýar. Ol *sf*-da dabaraly ýagdaýda eşidilýär. Gysgajyk «ýuwaş» geçişden soň, esasy tonallygyň tonikasyndan ortaky bölüm başlanýar. Onda II bölümiň sazyna häsiýetli bolan metriň we tonal-garmonik meýilnamanyň çalşygy bellenilýär. On altylyk dowamlylyklaryň görnüşinde ýaýradylyp goýlan üçemsesleriň işjeň hereketiniň fonunda aşaky we ýokarky seslerde giň böküşli gizlin sesler tapawutlanýar. Bu epizod dutarda ýerine

ýetirilýän improwizasion kadensiýany ýada salýar. Onda ussat sazanda özüniň başarjaňlygyny görkezýär.

Hereket şeýle güýçli derejede bolup, tokkatanyň üçünji bölüminiň peýda bolmagyny hem öz içine alýar. Ritmik ostinatolylyk aýrylýar, kwarta-sekundaly intonasiýalar ýaýradylyp goýulan akkordlaryň fonunda beýan edilýär. Bu epizod pýesa üçin umumy repriza bolup, onda geçenki I we II bölümleriň intonasiýalary bir bitewülige jemlenýär.

Koda – ösüşiň netijesi. Kompozitor tokkatanyň esasy temalarynyň intonasiýalaryny ulanmaýar, emma ownuk tehnikanyň kwarta-kwinta, kwarta-sekunda sazlaşyklary bilen garşy goýulmagy eseriň umumy pikirini we «ruhuny» açyp görkezýär.

Tokkatanyň gurluş shemasy şeýledir:

23-nji shema

| **A** | | | **C** | | **A** | | | | **koda** |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **a** | **b** | **$a_1$** | **c** | **d** | **$a_2$** | **$c_1$** | **a** | **c** | |
| *a* | *g* | *a* | *h* | *a* | | *a* | | | |

Çylşyrymly üç bölümli formanyň dürli görnüşleriniň ulanylyşynyň birnäçe mysallaryna N. Halmämmedowyň döredijiliginde duş gelýäris.

Kompozitoryň «**Шагане, ты моя Шагане**» atly romansy hem çylşyrymly üç bölümli formada beýan edilip, «Pars äheňleri» toplumynyň esasy pikir merkezi, baş kulminasiýasy bolup durýar.

Bu ýerde, ilkinji nobatda, Russiýanyň we Gündogaryň arasyndaky kontrast ýüze çykýar. Şagane «Ты пропела за Ефратом» diýen sözler bilen ýüzlenende kompozitor gündogar heňini, wokalizde bolsa (II bölümiň ortaky böleginde) rus heňini ulanýar. Gapma-garşylyga bu taraplaryň tebigaty, daşky gurşawy we personažlary sezewar edilýär.

Birinji bölümiň saz düzümi iki elementden ybarat: gyza bolan deklamasion-tolgundyryjy ýüzlenme we «aýyň astyndaky tolkun atyp duran çowdary» hakynda aýdymyň üsti bilen beýan etmek.

Kompozitor «gündogar» sazynyň elementlerini rus tebigaty bilen özboluşly utgaşdyrýar. Bu iki element öz aralarynda bagly bolup, soňra lirik häsiýetine ýugrulýar: gahryman watany bilen hoşlaşyp, dogduk diýaryny gussa bilen ýatlaýar we öz bagtynyň gözlegini dowam edýär.

Ikinji bölümde keşbiň transformasiýasy bolup geçýär: indi gyzyň saz häsiýetlendirmesinde tans häsiýeti agalyk edýär. Metriň çalşygy we «tolkun atýan» akkompanement heňiň aýdym häsiýeti bilen utgaşyp, tans edýän gyzyň keşbini döretmekde ýardam berýär.

Üçünji bölümde başlangyç keşp gaýtarylyp getirilýär: «Там на севере девушка тоже, на тебя она страшно похожа…»

Pars gyzy Şaganeniň keşbi şahyrana teksti babatda hem, saz kompozisiýada hem merkezi orun eýeleýär. Özünde rondo (başdaky bentiň setirleri soňkylaryň ählisini jemleýär) we romans formalaryny jemleýän goşgynyň aýratynlyklary özboluşly saz kompozisiýasyny emele getirýär, onuň başy ahyrynda hem gaýtalanýar. Çylşyrymly üç bölümliligi bölümleriň gurluşy kesgitleýär. Olaryň her haýsysy ýönekeý üç bölümli formada gurlandyr:

24-nji shema

| giriş | A | | | C | | | A | | | jemleme |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | **a** | **b** | **a** | **c** | **d** | **c** | **a** | **b** | **a** | |
| 1 | 5 | 7 | 5 | 12 | 6 | 12 | 6 | 7 | 6 | **1** |

Ortaky bölümiň strukturasy aýratyn gyzyklanma döredýär. Häsiýetli bolmadyk reprizaly ýönekeý üç bölümlilik ortaky bölümde wokaliz ulanylan görnüşde berilýär. Onuň göwrümi (12 + 6 + 12) çetki bölümleriň göwrümi bilen laýyk gelmeýär. Period formasynda beýan edilen çetki bölümleriň inedördülligi soňky şahyrana jümläniň gaýtalanmagy bilen bozulýar (6 taktdan ybarat bolan iki sözlem indiki görnüşde birleşdirilen: 4+2+4+2).

Belli bolşy ýaly, XVII-XVIII asyryň birinji ýarymynda wokal sazynda çylşyrymly üç bölümli formanyň bir görnüşi bolup, ariýa da capo öňe çykýar we şol döwrüň estetikasyna laýyklykda affektiň (şatlygyň, gaýgy-gamyň we beýlekileriň) beýany bolup durýar. Şeýlelikde, da capo – iri bölümiň reprizalaýyn gaýtalanmagy. Bu görnüşdäki ariýalara häsiýetlilikde, bölümleriň içinde aýratyn sözleriň, jümleleriň, bentleriň köpsanly gaýtalanmagy affekti güýçlendirmek, tassyklamak serişdesi bolup hyzmat edýär.

Kompozitoryň gündogar äheňine ýüzlenmegi «Шагане, ты моя Шагане» romansynyň wokal setirlerini «Gürrüň» («Разговор») bilen ýakynlaşdyrýar. Bu usul kabul etmekligi ýeňilleşdirýär, romans bolsa geçenki dialogdan soň monolog-çagyryş hökmünde eşidilýär:

«От любви не требуют поруки,  
С нею знают радость и беду.  
Ты моя  - сказать лишь могут руки,  
Что срывали черную чадру».

Akkompanementdäki häsiýetli oktawa figurasiýasy kakylyp çalynýan saz guralyny imitirleýär.

Wokal jümleleriň soňy sekunda intonasiýalarynyň aşak gaýdýan hereketi bilen häsiýetlendirilýär. Eýýäm tanyş bolan üçleme ritmi oňa goltgy berýän oktawa dublirleme bilen poliritmik gatnaşygy döredýär. «Про волнистую рожь при луне» (I bölümde) we «может думает обо мне» (III bölümde) sözlerde üçlemeleriň fonundaky heňiň sekstalar bilen goşalandyrylmagy giň diapazony tassyklap, aşaky sesde ýerleşdirilýär.

Çylşyrymly üç bölümli formanyň ýene-de bir görnüşi **N. Halmämmedowyň kirişli saz gurallary üçin kwartetiniň ikinji bölüminde** beýan edilýär.

D. Şostakowiçiň tema-monogrammasy bu eseriň esasy pikirini beýan ediji bolýar. Belli bolşy ýaly, kompozitoryň monogrammasy onuň kirişli saz gurallary üçin Sekizinji kwartetiniň esasynda goýlan. Kwartetiň sazynda ol ähli bölümlerde duş gelýär. Ol awtoryň özüni bolmasa-da, ösüşiň dürli sepgitlerinden geçýän eseriň esasy gahrymanyny janlandyrýar.

N. Halmämmedowyň eserinde monogramma başga bir ähmiýete eýe bolup, ol kwartetiň diňe birinji bölüminde ýaňlanýar we belli bir derejede eseriň epigrafy bolup hyzmat edýär. Şeýle-de bolsa, kwartetiň tematik materialynyň D. Şostakowiçiň motiw-monogrammasy bilen çuň intonasion ýakynlygy aýratyn üns çekýär. Eger-de bu tema-tezis D. Şostakowiçiň bäş bölümli sekizinji kwartetiň dört bölüminiň esasynda ýatan bolsa, N. Halmämmedowyň eserinde ol özen bolup hyzmat edýär we şondan hem bütin tematizm ösüp çykýar. Türkmen kompozitorynyň awtorlyk materialynyň D. Şostakowiçiň monogrammasy bilen intonasion ýakynlygy – perde çözgüdiniň golaýlygynyň we kwartetiň esasy temalarynyň şol ýerden gelip çykýan interwal düzüminiň netijesi bolup durýar.

Kwartetiň ikinji bölümi *(as-moll* tonallygy – esasy *g-moll* üçin II peseldilen) lirik-filosofik häsiýetde beýan edilendir. Gönüden-göni sitatalaryň ýoklugyna garamazdan, ol seslenişi boýunça D. Şostakowiçiň sazlaryna has ýakynlaşýar. Saz ylmynda D. Şostakowiçiň döredijiliginiň ähmiýeti we onuň milli kompozitorlyk mekdeplerine täsiri birnäçe gezek bellenip geçilýär. Eger birinji bölümde N. Halmämmedow XX asyryň beýik simfoniýaçysynyň adyny sitirleýän bolsa, ikinji bölümde onuň täsiri tembr, faktura çözgüdiniň üsti bilen kabul edilýär.

Çylşyrymly üç bölümli formanyň her bir epizody belli bir emosional ýagdaý bilen bagly bolup durýar. Şol bir wagtda hem ikinji bölümiň saz dili milli äheňlere örän baýdyr. Ony temanyň beýan edilişiniň halk sazlaryna mahsus bolan improwizasion häsiýeti tassyklaýar: beýan edilişiň interwal-garmonik gurluşy, çylşyrymly metrika, kirişli saz gurallarynyň seslenişini milli saz gurallaryna ýakynlaşdyrýan ýerine ýetirilişiň häsiýetli usullarynyň ulanylmagy.

Ikinji bölüm diňleýjini belli bir emosional kabul edilişe taýýarlaýan we şol bir wagtda *as-moll'*yň perde esasyny belleýän giriş sazy bilen başlaýar. Struktura babatynda birinji epizod iki sözleme aýdyň bölünýän inedördül gurluşly periody emele getirýär. Intonasion tarapdan seredeniňde tema agynyň žanr esasy bilen baglanyşykly. Uludan dem alýan «ah çekmeler» başdaky ýalbaryjy äheňleriň gönüden-göni dowamyna öwrülýärler. Ikinji sözlem birinjä ýakyn. Ol grafik babatda esasy sesiň hereketine garşy süýşýän aýdyň heň kontrapunkty bilen baýlaşdyrylandyr. Ikinji sözlem giňeldilendir. Giňeldilme ýeri kulminasion pursaty bolup, ol indiki epizody modulirleýär.

Birinji bölümiň ikinji periody emosional, tematik, dinamik, perde we depgin babatda kontrastlaşýar. Bu epizod dramatik tarapdan ekspressiwdir. Emosional güýji boýunça ony beýan edilýän gürrüňiň iň bir dartgynly, tragik pursaty, kulminasiýasy hökmünde kabul etmek bolýar. Deň derejede gaýtalanýan aksentuasiýaly akkord gurluşdaky aşak süýşýän «ah çekiji» äheňler ejir däl-de, gahar-gazaby beýan edýär. Emosional güýçlenmä sekwension ösüş usuly ýardam berýär. Bu sekwension usul netijede jemleýji durnuklylyk bolan sol mažor üçemsesine getirýär. Berlen akkord çylşyrymly üç bölümli formanyň indiki bölümine (*Moderato*) modulirleýji bolup durýar.

Ikinji bölüm birinji bölümiň materialynyň ösüşini beýan edýär. Ikinji bölümiň birinji epizody birinji temanyň başlangyç beýany bilen baglanyşyklydyr. Bu ýagdaýda ösüş pursaty tonal çalşygy (*c-moll*) we skripkalaryň duetiniň temany beýan etmeginde bolup geçýär. Birinji bölümiň temasynyň kontrapunktyndan epizodyň ikinji temasy emele gelýär. Intonasion babatda ol konsonirleýji interwallaryň dissonirleýjä çalyşmagy sebäpli çylşyrymlaşýar.

Ikinji bölümiň kulminasiýasy emosional we intonasion tarapdan birinji bölümiň kulminasiýasyna ýakyndyr.

Repriza esasy tonallykda geçýär. Ol bir perioda çenli gysgaldylan. Temanyň ýumşak arpejionyň fonunda örän beýik registrde ýaňlanmagy pajygaly wakalaryň ýaňy hökmünde kabul edilýär.

Kwartetiň ikinji bölüminiň gurluş shemasy:

25-nji shema

| A | | | B | A | |
|---|---|---|---|---|---|
| **a** | **b** | **$a_1$** | **c** | **$b_1$** | **a** |
| *as* | *des* | *c* | *C* | *des* | *as* |

Çylşyrymly üç bölümli forma **N. Halmämmedow «Türkmenistan» simfonik şekilleriniň «Tüýdük» atly bölüminde** hem ýüzlenýär.

Uly simfonik orkestr üçin «Türkmenistan» atly sýuita türkmen simfonik sazlarynyň altyn hazynasyna girýär. Bäş bölümden ybarat eserde türkmen halkynyň durmuşynyň dürli taraplary

şöhlelendirilendir. Sýuitanyň «Tüýdük» atly ikinji bölümi ýagty öwüşginli žanr şekili bolup, eseriň «portret galereýasyny» açýar: II bölüm – «Çopanlaryň tansy», III bölüm – «Gyzlar tansy», IV bölüm – «Dutar».

Çylşyrymly üç bölümli formanyň çäklerinde kompozitor türkmen ýaşlarynyň köptaraply durmuşyny, olaryň häsiýetiniň we daşky gurşawa garaýşynyň aýratynlyklaryny beýan edýär.

Tüýdügiň seslenişini imitirleýän saz guraly hökmünde kompozitor fleýtany saýlap alýar.

«Türkmenistan» simfonik sýuitanyň ikinji bölümi fleýtanyň we alt fleýtanyň unison dueti bilen açylýar. Kakylyp çalynýan saz gurallarynyň ritmik drobynyň fonunda intonasion we metr taýdan durnuksyz bolan tema geçirilýär. Temanyň strukturasy jemlenilme görnüşde (2+2+4). Eger birinji jümle intonasion we tonal taýdan kesgitsiz bolsa, ikinji jümläniň başy we onuň jemlenilme dowamynda wariant ösüşi tonal aýdyňlygyny girizýär – *c* doriý-frigiý. Temanyň beýan edilişiniň kadension tapgyrynda örän labyzly heňasty ýüze çykýar. Iki heňiň arasynda keşp (fleýtanyň inçeden-nepis temasy we wiolonçelleriň dogumly-durnukly temasy) we perde taýdan (*c-moll, Es-dur – C-dur*) kontrast bellenilýär. Bu temalaryň ösüşi çylşyrymly üç bölümli formanyň birinji bölümini düzýär. Kompozitor ýönekeý iki bölümli formany ulanyp, onuň birinji we ikinji bölümleri bir intonasion materiala esaslanandyr. Temanyň wariant beýany tembr we faktura gurluşy bilen bagly bolup durýar. Çylşyrymly üç bölümli formanyň birinji bölümi intonasion geçiş bilen tamamlanyp, onda dutar düzmäge häsiýetli bolan seslenişi eşitmek bolýar.

Çylşyrymly üç bölümli formanyň ikinji bölümi dinamik, okgunly, ýagty tans häsiýetli täze tema esaslanýar. Birinji we ikinji bölümleriň arasyndaky kontrast keşp, tonal, faktura derejelerde yzarlanylýar. Üflenip çalynýan saz gurallarynyň triosynda (goboý, iňlis rožogy we klarnet) beýan edilýän temanyň ekspozision geçirilişine, tutuş orkestriň partiýasynda dutar seslenişini imitirleýän, ýiti garmonik kompleks bilen goltgy berilýär. Häsiýeti boýunça bu tema örän işjeňdir. Perdäniň (garmonik *a-moll*) V basgançagyndan ynamly başlamak bilen, kompozitor hereketi kulminasion nokat hökmünde kabul edilýän tonika çenli getirýär. Birinji bölümde bolşy ýaly, bu ýerde hem bir temanyň wariant ösüşine esaslanýan ýönekeý iki bölümli forma ulanylýar. Awtor tembrleýin wariasiýalaşma prinsipine ýüzlenýär. Temanyň intonasion düzümini üýtgetmezden, kompozitor ony üflenip çalynýan saz gurallarynyň dürli görnüşinde geçirýär. Kirişli saz gurallary topary dutaryň seslenişini imitirlemek bilen, garmonik goltgynyň wezipesini ýerine ýetirýär.

Ikinji bölümiň kulminasion ösüş tapgyrynda kompozitor original usul girizýär. Üflenip çalynýan saz gurallarynyň ortaky registrinde ulaldylan görnüşde seslenýän temanyň fonunda onuň başdaky warianty üflenip çalynýan saz gurallarynyň ýokarky registrinde geçirilýär.

Kulminasiýanyň özboluşlylygy beýan edilişiň diňe bir stretta formasy bilen däl-de, eýsem, temany ulaldylan görnüşde beýan ediliş usuly bilen hem kesgitlenilýär. Heňiň her bir sesi trel bilen ýerine ýetirilýär.

Çylşyrymly üç bölümli formanyň reprizasy birinji bölümiň materialyny gaýtalaýar. Sýuitanyň II bölümi ortaky bölümiň materialyna esaslanýan dabaraly häsiýetdäki koda bilen tamamlanýar.

Eseriň gurluş shemasy:

26-njy shema

| giriş | **A** | | **B** | | | | **A** | | koda |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | **a** | **a$_1$** | **b** | **b$_1$** | **b** | **b$_1$** | **a** | **a$_1$** | |
| 2 | 16 | 9+4 | 6 | 9+2 | 6 | 9 | 16 | 9+4 | |
| | *g* frigiý | | *a-moll* | | | | *g-moll* | | |

Çylşyrymly üç bölümli formanyň nusgawy görnüşini **N. Halmämmedow simfoniýasynyň ikinji bölüminde** beýan edýär.

3. Sargyt №91

Kompozitoryň Birinji simfoniýasy professional sazandalaryň hem, giň diňleýjiler auditoriýasynyň hem ýokary bahasyna mynasyp boldy. Ýaş kompozitor Watanyndan uzakda ýaşaýardy we Moskwanyň P. I. Çaýkowskiý adyndaky Döwlet konserwatoriýasynda bilim alýardy. Dogduk mekanyna bolan söýgüsi, güneşli ülkä gaýdyp gelmeklik islegi, ata-Watanyna guwanç duýgusy simfoniýanyň sazynda öz beýanyny tapýar. Toplumyň her bir bölümi aýratyn at bilen atlandyrylyp, olar bölümleriň keşp dünýäsini kesgitleýärler: I bölümi «Oýanyş»; II bölümi «Türkmenistanyň baglarynda»; III bölümi «Şatlykly baýramçylyk».

Toplumyň dramaturgiýasynda II bölüm lirik intermesso funksiýasyny ýerine ýetirýär. Keşp dünýäsi Türkmenistanyň tebigatynyň täsirleri, onuň ýaşyla bürenen ýazy, baý öwüşginli güýzi bilen bagly bolýar.

Simfoniýanyň «Türkmenistanyň baglarynda» atly ikinji bölümi epizodly, çylşyrymly üç bölümli formada ýazylan. Ol kirişli saz gurallarynyň tremolirleýji goltgusynyň fonunda geçirilýän klarnetiň lirik temasy bilen başlanýar. Saz guralynyň tembri, intonasion düzüm, tematizmiň ösüş prinsipi bu temany tüýdük heňleri bilen ýakynlaşdyrýar. Şolarda bolşy ýaly, bu ýerde hem tema dowamly saklanylýan tondan ösüp çykýar. Aşak gaýdýan kiçi sekundaly äheň başlangyç intonasion impuls bolup durýar. Bu impulsyň ösüşi perdäniň tonikasyna tarap aşaklaýyn hereket bilen bagly bolýar. Kompozitor tematik hereketiň iki tolkunyny görkezýär: olaryň birinjisi tamamlanmadyk, II basgançagy çalşyp duran *h-moll'*-yň sesleri boýunça ýöreýär, ikinji tolkun *h* kyrklar perdesiniň aşaky tetra--hordyny aýdyň beýan edýär. Temanyň ikinji sözlemi (goboýyň solosy) tematik ösüşi kadalaşdyryp, perdäniň I basgançagyndan V basgançagyna çenli ýokaryk hereketi we frigiý kadansirlemäni emele getirýär. Temany eksponirleme pursaty orkestr fon goltgusynyň wezipesini ýerine ýetirýär. Ikinji period birinji periodyň ikinji sözleminiň intonasiýalaryndan ösüp çykýar. Ýöne ol mažor öwüşginde garmoniýalaşdyrylan. Goltgynyň aýdyňlygy we ýumşak arpejirlemesi, *G-dur'*-yň ýagty seslenişi, orkestr palitrasynyň jaňjagazlaryň tembri bilen baýlaşdyrylmagy tema şatlykly häsiýet berýär. Awtor ikinji period üçin *G-dur, B-dur, As-dur, G-dur* tonallyklary boýunça bent-warýirleme prinsipini saýlap alýar. Temanyň geçirilişi iňlis rožogynyň çalmagynda ýagty eşidilýär, fleýta bolsa bu temanyň öwüşginliligini artdyrýar. Şeýlelikde, çylşyrymly üç bölümli formanyň birinji bölümi goşa iki bölümli formany emele getirýär. Iki bölümli formanyň ikinji böleminiň beýan edilişi birinjiden garmoniki we faktura babatda tapawutlanýar. Ikinji period az-kem üýtgedilen, strukturasy, tonal meýilnamasy saklanylan. Diňe soňlamanyň öň ýanyndaky kuplet wariantynda tutuş orkestriň seslenişi bilen faktura güýçlendirilýär.

Çylşyrymly üç bölümli formanyň ortaky bölümi kontrast emele getirýän epizod bolup, onda täze tema we onuň ösüşi görkezilýär. Epizodyň içki gurluşynda üç bölümliligiň alamatlary yzarlanylýar: temanyň eksponirlenmegi, faktura-tembr ösüşi, temanyň reprizasy. Çylşyrymly üç bölümli formanyň birinji we ikinji bölümleriniň temalary intonasion babatda biri-birine ýakyn. Žanr tarapdan olaryň çeşmesi tüýdük sazlarynyň lirikasy bolup durýar. N. Halmämmedow folklora ýüzlenmek bilen, halk sazyna ýakyn bolan heňi döredýär. Temanyň milli äheňi häsiýetli perdäniň, wariant-bent ösüş prinsipiniň ulanylmagy, temanyň üflenip çalynýan agaç saz gurallarynda ekspozision seslenişi bilen kesgitlenilýär. Çylşyrymly üç bölümli formanyň birinji we ikinji bölümleri üçin ortaky böleklerde intonasion ösüşiň umumylygy mahsus bolup durýar. Ortaky bölümiň tamamlanmagy çylşyrymly üç bölümli formanyň reprizasy bilen gabat gelýär. Gysgaldylan reprizada gaýtalamasyz ýönekeý iki bölümli forma görkezilýär. Umuman, simfoniýanyň II bölüminde nusgawy çylşyrymly üç bölümli formanyň içinde halk aýdym döredijiliginiň strukturalarynyň ulanylmagy onuň esasy aýratynlygy bolup durýar. Temalaryň perde esasyndan olaryň wariant ösüş prinsipi ösüp çykýar. Bölümiň içki kontrasty perdeleriň garşy goýulmagy, orkestr tembrleri, dinamik gatlaklar bilen baglanyşykly bolup durýar.

N. Halmämmedowyň simfoniýasynyň ikinji böleminiň gurluş shemasy:

27-nji shema

| giriş | I | II | III |
|---|---|---|---|
| | A $A_1$ | B | $A_2$ |
| | *h-moll* | *$II^-$, $IV^+$ basg-ly f-moll* | *h-moll* |

Çylşyrymly üç bölümli formanyň köptaraplylygyna Ç. Nurymowyň eseri boýunça hem göz ýetirmek bolýar.

Çylşyrymly üç bölümli formanyň özboluşly beýan edilen mysalyna **Ç. Nurymowyň fortepiano üçin konsertiniň II bölüminde** duş gelinýär. Toplumyň dramaturgiýasynda bu bölüm lirik-filosofik merkezi emele getiriji wezipesini ýerine ýetirýär. II bölümiň kompozisiýasyny iki hili görmek bolýar: 1) çylşyrymly üç bölümli forma; 2) sonata formasy. Eger bu bölümi sonatalylyk babatda derňeseň, onda ekspozisiýada iki temanyň, işlenilmäni we polifonik reprizanyň barlygyny bellemek bolar. Emma bu ýerde iki temanyň arasyndaky kontrast sonatalylyga laýyklykda gowşak gelýär. Heňleriň ikisi hem lirik gatlaga esaslanýar.

Çylşyrymly üç bölümli formanyň çäklerinde bu kompozisiýanyň birinji bölümini ýönekeý iki bölümli, işlenilmeli ortaky bölümli we polifonik reprizaly struktura hökmünde kabul etmek bolýar.

Fortepiano üçin konsertiň ikinji bölümi filosofik oýlanmalar dünýäsine alyp gelýän uly bolmadyk giriş bilen açylýar. Sesleriň kiçi sekundaly süýşmeleri klasterler arkaly görkezilýär. Baş temanyň girizlimegi öwüşginiň ýagtylanmagy bolup eşidilýär. Bu ýagdaý perde-tonal ösüşiniň kesgitliligi, hereketiň has ýokarky registre süýşmegi bilen bagly bolýar. Tema aýdym häsiýetinde beýan edilýär. Onuň heňi ilki kulminasiýa getirýär, soňra bolsa başlangyç tonika gaýdyp gelýär. Fortepianonyň beýan etmeginde tema has ýokarky registrde geçirilýär. Ol orkestriň goşulan sesleri we bezeg melizmleri bilen baýlaşdyrylan. Temanyň iki gezek geçirilmegi (orkestr we fortepiano) ýönekeý iki bölümli formanyň birinji bölümini emele getirýär.

Ikinji bölüm üç sözlemden ybarat. Sözlemleriň hersi öz tonallygynda ýazylan (*c-moll, Es-dur, c-moll*). Birinjiden tapawutlylykda ikinji tema gomofon-garmonik gurluşda beýan edilen. Beýgelýän heňe klasterleriň takyk ritmik seslenişi bilen goltgy berilýär. Bu akkordlar toplumynyň kuwwatlylygy işlenilmäniň (çylşyrymly üç bölümli formanyň ortaky bölüminiň) esasy tarapy bolup durýar. Kompozitor başlangyç temany ösdürip (*cis*), oňa ikinji temanyň (*c*) akkordlary bilen goltgy berýär. Işlenilmäniň ähmiýetli bölegini solo kadensiýa düzýär.

Reprizada çylşyrymly üç bölümli formanyň giriş we birinji bölüminiň temalary polifonik ýagdaýda utgaşdyrylan.

Konsertiň II bölüminiň gurluş shemasy şeýledir:

28-nji shema

| giriş | I | | | | | giriş | II | III |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | **A** | geçiş | **$A_1$** | geçiş | **B** | giriş | **C** işlenilme + kadensiýa | giriş/**A**/**B** |
| 5 | 13 | 4 | 12 | 3 | 22 | 4 | 13 | 8 |
| | *cis* | | | *c* | | | | *cis* |

Nusgawy formalara ýüzlenmek bilen, türkmen kompozitorlary olary özara baýlaşdyrýarlar. Şunuň bilen baglylykda kesgitli kompozisiýanyň çäkleri ýuwulýar we diňe ol ýa-da beýleki strukturanyň alamatlary hakynda gürrüň etmek galýar. Meselem, **B. Hudaýnazarowyň goboý we orkestr üçin Konsertino-gazaly.**

Heňiň indiwidual döredijilikli işlenilişi we düýpli beýan edilişi B. Hudaýnazarowyň kompozitorlyk stiliniň tapawutly aýratynlygy bolup durýar. Bu alamatlar netijede äheňi boýunça hem, saz diliniň häsiýeti boýunça hem original saz materially eseriň döremegine getirýär.

Kompozitoryň öz döredijilik ideýasyna – simfonik orkestr üçin eserine çynlakaý, oýlanyşykly çemeleşmegi aýratyn ünsi çekýär.

B. Hudaýnazarowyň Çary Nurymowa bagyşlap döreden goboý we orkestr üçin Konsertino--gazaly (1986) kompozitoryň kämil simfonik eserleriniň hataryna girýär.

D. Şostakowiç, B. Tişenko, S. Slonimskiý ýaly dünýä belli kompozitorlaryň tejribelerine daýanmak bilen, kompozitor häzirki zaman ýazuw tehnikasyny milli saz pikirlenişiniň däpleri bilen utgaşdyrmaga ymtylýar. Ilki bilen bu alamat nusgawy konsert žanryna täzeçe çemeleşilmeginde ýüze çykýar. Eseriň adynda «konsertino[2]» – «gazal[3]» ýaly biri-birine meňzeş bolmadyk düşünjeleri utgaşdyryp, awtor eseriň ýewropa we gündogar «köklerine» ünsi çekýär.

«Konsertino» žanry «konsertden» ýerine ýetirijileriň sanynyň azlygy, toplumyň bölümleriniň kiçi göwrümliligi bilen tapawutlanýar, bu bolsa ony beýleki kiçi formalar – simfoniýetta we kamera simfoniýa bilen ýakynlaşdyrýar. Orkestr serişdeleriniň az ulanylmagy, awtoryň «konsertinoda» lirik-epik dramaturgiýany tassyklamakçy bolandygy bilen düşündirilýär. Bu bolsa, ähli ünsi sazyň içki pikir labyzlylygyna çekýär. Berlen eserde B. Hudaýnazarow bir bölümli kompozision strukturany saýlap alýar we şol bir wagtda konsert žanryna laýyk gelýän çalt – haýal – çalt üç bölümli shemany saklap galýar. Üç bölege takyk bölünme, her bir beýti gutarnykly pikiri özünde jemleýän we özbaşdak ähmiýete eýe bolan gazallaryň beýtlere bölünmegi bilen hem gabat gelýär.

Konsertinonyň esasy stil alamatlary – monotematizm prinsipine daýanmak, her bölegiň keşp-ýagdaýynyň agdyklyk etmegi, işjeň hereketli we lirik başlangyçlaryň (işjeň I, III bölümler we lirik II bölüm) üsti bilen berlen kontrastyň ýumşaklygy bolup durýar.

Eser goboýyň giriş solosy bilen başlanýar. Bu giriş şol bir wagtda solo kadensiýasynyň hem funksiýasyny ýerine ýetirýär. Diňe bir äheňiň derejesinde B. Hudaýnazarow uly labyzlylygy gazanýar. Eksponirleýji, ösüş we repriza bölümleri bolan solo ýönekeý üç bölümli formada düzülendir. Depgin babatda saz diýseň erkin bolup (awtoryň remarkasy – *Ad libitum*), ol ýerine ýetirijä öz fantaziýasyny we ussatlygyny açyp görkezmäge mümkinçilik berýär. Heň milli-stilistik spesifikasy bilen bellenilýär. Onda tans we instrumental başlangyçlar, ikinjiniň agdyklyk etmeginde, mäkäm jebisleşdirilendir. Tema hyjuwly we erkin improwizasiýa görnişde bolup, onda dissonanslar aýdyň ýüze çykýar. Onuň esasyny iki jümle düzýär. Olaryň birinjisi köpsanly ýüzlenmelerden doldurylan. Bu ýüzlenmeler esasy tonallyk bolan *C-dur*'yň V basgançagyna a.8, u.7, a.5, kem.5 interwallarynyň giň ädimleri bilen beýan edilen.

Ikinjisi – ritm-intonasion äheň VI peselen basgançakdan VII peselen basgançaga aşak hereket edip, onuň esasynda «Selbinýaz kyrk» türkmen halk sazynyň intonasiýalary ýatyr.

Bu tema dissonans böküşleri, peseldilen basgançaklar (II, VII, VI), ýagty dinamika, durnuksyz metrika ($^3/_4$, $^4/_4$ çalşygy) häsiýetlidir. Bu aýratynlyklar heňe işjeňlik, dartgynlylyk berýär. Ol eseriň başynda impuls-itergi hökmünde kadensiýanyň ýerleşýän ýerini kesgitleýär. Galyberse-de, goboýyň solosy intonasion materialyň esasy çeşmesi bolup durýar.

Temanyň iki gezek geçirilişiniň yzy bilen giň ösüş bölümi başlanýar. Ol solo kadensiýasynyň heň liniýasynyň ses tolkunlarynyň beýgelmegi we peselmegi prinsipi boýunça warýirlenmegine esaslanýar. Onuň intonasion daýanjy bolup k.2, u.2, art.2, şeýle hem kem.5 interwalyna böküş we aşak hromatik hereket hyzmat edýär. Metr-ritmik tarapy ritmik figuralaryň dürli görnüşliligi, metriň yzygiderli çalşygy bilen ($^2/_4$, $^3/_4$, $^4/_4$) häsiýetlendirilýär. Baş temanyň iki elementiniň ugry meňzeş bolup, netijede ýerli kulminasiýa tarap ýokaryk hereket edýän iki tolkun emele gelýär. Bu tolkunlar nota dowamlylyklarynyň ritmik babatda ulaldylmagy we interwal böküşleriniň yzygiderligi, *mf* başlap *ff* çenli dinamikanyň güýçlendirilmegi bilen tapawutlandyrylýar. Birinji kulminasiýa *c* sesinde (*C-dur*'yň

[2] Konsertino – ital. concertino – kiçi konsert.

[3] Gazal (*arap.* gazal) – lirik goşgy görnüşi. Ýakyn we Orta Gündogar we Günorta-Gündogar Aziýa halklarynyň poeziýasynda ýaýran. Yslamdan öňki pars lirik halk aýdymyndan döräp, XIII-XIV asyrlarda gutarnykly ýola goýulýar.

tonikasy), ikinjisi bolsa, uly bolmadyk peselişden we beýgelişden soň *des* sesinde (II peselen basgançak) gazanylýar. Temanyň reprizasy solo kadensiýasynyň *as* sesinde (VI peselen basgançak) rahat jemlenilmesine getirýär, onuň çözgüdi bolsa, konsertino-gazalynyň birinji «hereketiniň» başy bilen gabat gelýär.

I bölüm (*Allegro, C-dur*). «On iki ýerine ýetirijiden düzülen ansamblyň» saz gurallarynyň oýny bilen solo goboýyň garşy goýulmagy esasy kompozision pikir bolup durýar. Her bir saz guralynyň indiwiduallygy, tembr aýratynlygy we dürli görnüşli ritmik formulalarynyň ulanylmagy bilen şertlendirilendir. Solistiň heňinden aýratynlykda ýa-da onuň bilen birlikde bu saz gurallary berlen bölümiň umumy pikiri bolan şatlykly, ýagty duýgularyny beýan edýärler.

Sazandarlyk edýän fagotlaryň we kirişli saz gurallarynyň fonunda ýokarky registrde solo goboý örän labyzly, ýagty, intonasion-ritmik erkinligi we maýyşgaklygy bilen tapawutlanýan temany görkezýär. Giň diapazon (a.8 çäklerinde), inedördüllik, jümläni başlaýan kwintalar we kwartalar boýunça hereket häsiýetli bolan heňiň tanslylygy we owadanlygy aýratyn ünsi çekýär. Solo kadensiýasy bu temanyň buşlukçysy bolup durýar. Onda millilik we ýewropa däpleri öz beýanyny tapýar. Eger, sekunda sazlaşyklary, pes basgançaklar, olaryň wariantlary, aksentleriň ýeriniň çalyşmagy, özboluşly ritmika, forşlaglar, perde tarapy milliligi häsiýetlendirýän bolsa, strukturanyň inedördülligi, mažor perdesiniň I we V basgançagyna daýanmaklyk ýewropa däplerini alamatlandyrýar.

Birinji bölümde kompozitor bir temany ulanýar. Onuň esasynda iki element garşy goýulýar. Bu ýerde solo goboýda wariantlaýyn doldurmalar bilen geçirilýän ösüş heň materialynyň esasy elementleriniň motiwleýin işlenilmesine esaslanan. Skripkalaryň, fleýtalaryň, klarnetleriň partiýalarynda hem temanyň motiwleriniň peýda bolmagy duş gelýär.

Kanonik imitasiýalar bilen beýan edilen polifoniýanyň hem uly ähmiýetiniň bardygyny bellemek gerek. Goboýyň we skripkanyň, goboýyň we fleýtanyň, goboýyň we klarnetiň arasyndaky gysga wagtlyk duetler ýüze çykýar. Dürli tembr utgaşmalardaky minikanonlaryň kaleýdoskoplygy tematik konfliktiň ýoklugyny sazlaýar.

Milli aýratynlyklardan bu ýerde kwartalylyk we sekundalylyk ulanylýar. Polifonik ösüş usullary türkmen instrumental sazyna hem häsiýetli bolup durýar. Dartgynlylyk pursatynda polifoniýa akkord-garmonik gatlaga aralaşýar.

Garmonik fakturanyň gurluş esasyny tersiýa gatnaşykdaky akkordlar (üçemsesler we sept-akkordlar), şeýle-de gorizontal intonasiýalaryň wertikal birleşdirilmegi[4] netijesinde emele gelen sazlaşyklar düzýärler. Gözbaşyny halk sazlaryndan alyp gaýdýan ýönekeý kwarta-kwinta we kwarta-sekunda sazlaşyklaryň ähmiýeti hem az däldir.

Ikinji bölüm (*Tempo di valse, f – es*) konsertino-gazalyň lirik merkezi bolup durýar. Kompozitor bu ýerde wals žanryna ýüzlenýär.

Walsyň heňi kantilena görnüşli. Oňa inedördüllik, has iri nota dowamlylygy bilen tassyklanylan takyk bölünmek häsiýetli bolup durýar. Tema desima interwalynyň çäklerinde beýan edilýär.

B. Hudaýnazarow minor diatonikasyna ýüzlenip, onda II we IV basgançaklaryň peseldilmegi Gündogara mahsus bolan öwüşgini güýçlendirýär. Heň özeni perdäniň birinji basgançagyndan üçünjä, soňra bolsa bäşinji basgançagyna hereketden ybarat bolup, tolkun görnüşlilik we akgynlylyk döredýär. Basgançaklaryň peseldilmegi sebäpli kem-kemden hromatizmleşdirilen motiwleriň rahat owazlanmalary aýratyn ünsi çekýär. Umuman, heň özünde çuň lirik ekspressiýa bilen nepisligi we gözelligi utgaşdyrýar. Tematik özeniň görkezilişinden soň wals heňi ösüş ýoluna düşýär. Ondan melizmler bilen bezelen käbir motiwler bölünip çykýar we biraz warýirlenen görnüşde ýokary beýgelýän ýa-da aşak inýän sekwensiýalar prinsipi boýunça beýan edilýär.

Temanyň gapdalyndan labyzly goşulmalar hökmünde fleýtalaryň we klarnetleriň ýokarky registrlerinde geçirilýän, temadan alnan aýratyn elementler çykyş edýärler. Temanyň motiwiniň

[4] Bu usul Ç. Nurymowyň perde-garmonik diline häsiýetlidir.

wariasiýalaşdyrylan pursaty käbir seslerde ýaýradylan üçemses görnüşinde goşulan sesler peýda bolýar. Olar aýratyn hem pes registrdäki dowamly organ punktlarynda aýdyň duýulýar (wiolonçelleriň, kontrabaslaryň we fagotlaryň partiýalarynda).

Walsyň žanr esasyny kirişli saz gurallarynda we fortepianoda geçirilýän häsiýetli akkompanement tassyklaýar.

Kem-kemden wals heňine solo kadensiýanyň temasyndaky intonasiýalar aralaşyp ugraýar. Onuň bilen birlikde häsiýetli ritmik şekil gaýdyp gelýär. Şeýlelikde, wals temasy ýuwaş-ýuwaşdan dinamizasiýalaşýar, akkordly faktura bilen baýlaşdyrylýar.

Şunlukda, solo kadensiýanyň tematizmi bölümleriň arasynda intonasion arkalary emele getirip, tutuş konsertinonyň esasy bolup durýar.

Üçünji bölüm (*Allegro, C-dur*) – repriza. Oňa güýçli beýgelişler we peselişler bilen doly bolan intensiwlilik häsiýetli. Dramaturgik babatda ol sonata-simfonik toplumlaryň final bölümleriniň funksiýasyny ýerine ýetirýär we şatlykly-dabaraly kabul edilýär.

Üçünji bölüm birinjiniň çapraz görnüşi bolup durýar. Lirik epizodyň dramatizasiýasy reprizany temanyň ikinji elementinden başlamaga mümkinçilik berýär.

Eseriň gurluş shemasy:

29-njy shema

| kadensiýa | **I** | **II** | **III** |
|---|---|---|---|
| 63 | 78 | 90 | 85 |
| *C-dur* | *C-dur* | *f-moll* | *C-dur* |

B. Hudaýnazarowyň derňewi geçirilen bu eseri nusgawy žanra mahsus struktura täzeçe çemeleşmäniň aýdyň mysalydyr.

Haýsydyr bir täze strukturalary gözlemekligiň ugurlary ilki bilen däp bolan käbir düzgünleri saklap, konsert žanryny täzelemäge gönükdirilendir.

Konsertino-gazalda «struktura gözlegleriniň» häsiýetli alamatlarynyň biri hem çetki bölümlerde (I we III bölümler) sonata formasyny ulanmakdan gaça durmak bolup durýar. Onuň ýerine ýetirýän funksiýalary beýleki formalaryň, meselem, üç bölümli formanyň üstüne atylýar. Bu eserde üç bölümlilik ösüş prosesinde we belli bir çeper keşbi janlandyrmakda beýan edişiň saz serişdeleri bilen şertlendirilendir.

Toplumyň strukturasy üç bölümliligiň aýdyň alamatlaryny açyp görkezýär. Onda I we III bölümlerde hereketiň we energiýanyň keşpleri beýan edilýär, ortaky bölüm bolsa, gapdalkylara ýiti kontrast döredip, gysga wagtlyk «dynç alyşy» emele getirýär we soňra ýene-de hereket täze güýç bilen dowam etdirilýär.

Şeýlelikde, biziň öňümizde üç bölümliligiň alamatlaryny özünde jemleýän bir bölümli kompozisiýa dikelýär. Toplum intonasion esasy boýunça bitewi bolup, onda bölümler biri-biri bilen diňe bir depgini we keşp-emosional häsiýeti boýunça garşy goýulman, eýsem, öz aralarynda içgin arabaglanyşykda durýarlar. Beýle baglanyşyk takyk žanr üçin has mahsus bolup, onda dürli ösüş prinsipleri, ýagny sekwension, polifonik, tematik materialyň motiwleýin işlenilmesi ilkinji orun eýeleýär.

Orkestriň kamera düzüminiň ulanylmagy solo saz guralynyň, onuň bilen dürli dialoglaryň tapawutlanmagy üçin ýardam berýär. Bu eserde solo kadensiýasyna aýratyn ähmiýet berlen, onuň bilen awtor öz pikirlerini beýan edip başlaýar. B. Hudaýnazarowyň döredijilik düşünjesinde kadensiýa diňe sazandanyň ýerine ýetirijilik ussatlygyny görkezýän merkez hökmünde çykyş etmeýär. Awtor ony has giň beýan edýär. Kadensiýanyň tematizmi konsertinonyň intonasion ösüşiniň çeşmesine öwrülýär, temanyň eksponirleýji geçirilişinde onuň iki kontrast elementiniň garşy goýulmagy bolsa bütin eseriň dramaturgiýasynyň konfliktlilik derejesini kesgitleýär.

## DÖRDÜNJI BAP

# WARIASIÝA FORMASY

### § 1. Umumy maglumatlar

Türkmen sazynda wariasiýa formasy giňden ýaýrandyr. Bu forma türkmen kompozitorlarynyň hemmesi diýen ýaly ýüzlenipdirler. Türkmen wariasion toplumlaryny, M. Ahmedowanyň aýdyşy boýunça, häsiýetli wariasiýalaryň hataryna goşsa bolýar[5].

Wariasion toplumlarynyň aglabasy fortepiano üçin ýazylypdyr. Bu formanyň ilkinji nusgalarynda türkmen halk sazynyň häsiýetli aýratynlyklary bilen baglanyşyklar aýdyň ýüze çykýar. Olara D. Nuryýewiň, Ç. Artykowyň, N. Muhadowyň, G. Kulyýewiň we başgalaryň wariasiýalary degişli. Ady tutulan eserlerde formanyň doly bitewüligi gazanylmadyk bolsa, soňky döwürdäki wariasion opuslar ösüşiň bitewüligi bilen tapawutlanýar. Bu bolsa tematik materialyň erkin özgerdilmesi arkaly amala aşyrylýar. Muňa mysal edip, R. Allaýarowyň, N. Halmämmedowyň wariasiýalaryny bellemek bolar.

Fortepiano üçin wariasiýalardan başga-da, bu žanrda kirişli we üflenip çalynýan agaç saz gurallary üçin birnäçe eserler ýazyldy: N. Halmämmmedowyň «Nar agajy» türkmen halk aýdymyna skripka we fortepiano üçin wariasiýalary, B. Hudaýnazarowyň üflenip çalynýan agaç saz gurallarynyň kwarteti üçin wariasiýalary, fortepiano we orkestr üçin konsert wariasiýalary, D. Nuryýewiň kirişli saz gurallary kwarteti üçin wariasiýalary. Olarda kompozitorlar tematik materialyň özgerdilmesini ulanýarlar, formanyň dinamizasiýasyna, bölümleriň has uly bitewüligini gazanmaga çalyşýarlar.

Wariasiýa formasyna bolan ýygy-ýygy ýüzlenilme türkmen kompozitorlary üçin diňe bir professional ussatlygy özleşdirmegiň özboluşly mekdebi bolman, bu formanyň tematik özgertmeleri üçin giň mümkinçilikleri döredýändigi bilen düşündirilýär. Wariasiýalar toplumynda kompozitorlara türkmen milli sungatynyň düýpli aýratynlyklaryny hem-de ençeme tipik keşpleri we formalary amala aşyrmak başartdy. Eserlerde halk sazynyň aýratynlyklary ýüze çykýar. Köp aýdymlaryň instrumental wariantlary peýda bolýar.

Wariasiýalar toplumlarynyň tematizmi, esasan, aýdym häsiýetlidir. Şonuň bilen baglylykda temalaryň bentleýin gurluşy agdyklyk edýär. Bölümleriň gaýtalanmagy duş gelýär (mysal üçin, D. Nuryýewiň, N. Halmämmedowyň we R. Rejebowyň wariasiýalarynda).

[5] *Ахмедова. М.* Туркменская фортепианная музыка. А., 1991.

Wariasiýalaryň temalarynda, käwagt, eýýäm ilkibaşdan tematizmiň ösüş prinsipleriniň esasy tutulýar: bölümleriň giňeldilmesi, faktura taýdan özgerme, bezeglilik. Her bir türkmen wariasiýalar toplumynda tebigatyň hem-de halk durmuşynyň dürli keşpleriniň şekillendiriş pursatlary bardyr. Mysal üçin, Ç. Artykowyň wariasiýalarynda Garagum çölünde kerweniň ýörüşi suratlandyrylýar; D. Hydyrowyň we R. Rejebowyň wariasiýalarynda bolsa, at çapuwynyň ritmleri duýulýar. Halk saz gurallarynyň ýaňlanyşyna, aýratyn-da, dutar çalnyşyna öýkünmeler köp duş gelýär. «Dutar wariasiýalaryna» birnäçe mysal getirse bolar. Bu babatda N. Muhadowyň we D. Nuryýewiň wariasiýalar toplumlary has-da tapawutlanýarlar.

Wariasiýalar toplumlarynda öýkünme diňe dutar heňleri bilen çäklenmeýär. Bu ýerde beýleki türkmen halk saz gurallarynyň çalnyşyna-da öýkünmeler duş gelýär. Meselem, D. Nuryýewiň wariasiýalarynda gopuzyň – türkmeniň iň bir gadymy saz guralynyň ýaňlanyşy beýan edilýär.

Käbir wariasiýalarda kompozitorlar tarapyndan takyk žanr aýratynlyklarynyň ulanylýandygyny bellemek gerek. Meselem, N. Muhadow fortepiano üçin wariasiýalarynda tokkata žanryny, D. Nuryýew kirişli saz gurallary kwartetiniň I bölüminiň ýedinji wariasiýasynda skerso žanryny ulanýar, N. Halmämmedow «Nar agajy» wariasion toplumynyň dördünji wariasiýasynda matam marşyň häsiýetini beýan edýär.

Türkmen wariasion toplumlarynyň arasynda nusgawy görnüşli wariasiýalar duş gelýär. Olarda ösüşin dowamynda temanyň formasy, metri, tonallygy, garmonik meýilnamasy üýtgemän, takyk saklanylýar.

Nusgawy wariasiýalaşmadan başga, tematizmiň erkin-žanrly üýtgemesiniň barlygy ýüze çykýar. Kadalylygyň we erkinliligiň alamatlarynyň utgaşmasy rus nusgawy kompozitorlarynyň wariason toplumlary üçin mahsusdyr. Hut şonuň netijesinde olar toplumyň bitewüligine we aýdyňlygyna ýetýärler. Nusgawy däpler XX asyr kompozitorlarynyň tejribesinde dowam etdirilýär. Olaryň eserlerinde başlangyç wariasiýalaryň kadalylygy bilen soňky wariasiýalarda erkinligiň artmagy utgaşdyrylýar.

Wariasiýalaryň depgin babatynda dürlüligi bilen baglylykda wariasion opuslarda sonata-simfonik toplumyň alamatlary ýüze çykýar. Meselem, D. Nuryýewiň wariasion toplumynda başky wariasiýalary sonata-simfonik toplumyň birinji bolumi bilen deňeşdirse bolýar, ortaky wariasiýalar ikinji (haýal depginli) bölüme meňzeş, ýedinji wariasiýanyň skersozo häsiýeti ony sonata-simfonik toplumynyň üçünji bölümine ýakynlaşdyrýar, tamamlaýjy wariasiýalar bolsa – finalyň häsiýetindedir.

Ýöne, ýokarda bellenilişi ýaly, wariasiýa žanry türkmen kompozitorlarynyň döredijiliginde, ilkinji nobatda, dürli stilleriň tilsimlerini özleşdirmekde laborator tejribe funksiýasyny ýerine ýetirýär. Kadaly we erkin wariasion ösüşiň usullaryny birikdirýän garyşma görnüşli wariasiýalaşmanyň ähmiýeti giň ýaýranlygy, işjeň ulanylyşy şondan gelip çykýar.

## § 2. Kadaly wariasiýalar
## (B. Hudaýnazarowyň fortepiano üçin wariasiýalary)

B. Hudaýnazarowyň wariasiýalary wariasiýalaşmanyň kadaly görnüşiniň ulanylymagyna aýdyň nusgadyr. Keşp babatda eser lirik äheňlere baý.

Wariasiýalaryň temasy türkmen folklor žanrynyň nusgasy bolan «läle» aýdymyna çalymdaş. Iki sözlemden ybarat bolan inedördül periodyň temasy 1+1+2+2+2 ýaly jemleme strukturasyny emele getirýär:

1-nji mysal




Aýdyň milli häsiýeti heňiň perde esasy (*a* frigiý) we melizm bezegleri bilen görkezilen. Heňiň akymy tolkun görnüşlidir. Başdaky motiw III basgançakdan V basgançaga gönükdirilen tersiýa hereketine esaslanýar. Ikinji motiw perdäniň VII basgançagyndaky minor tersiýasyna daýanyp, heňi tonika gaýtaryp getirýär. Üçünji motiw kulminasiýadan (VI basgançak) başlanyp, III basgançaga çenli eltýän aşak düşýän basgançaklaýyn hereketi emele getirýär. Dördünji motiw ikinjä meňzeş.

Garmonik goltgyny hasaba almasaň, heňiň tutuş dowamynda perde üýtgemesiniň (*C*-*a*) bardygy duýulýar, bu bolsa monodiýa üçin mahsus bolan ýagdaýdyr. Garmonik goltgusynda minor başlangyjynyň tonikallylygy nygtalýar, emma onuňam ösüşi modallylygyň prinsiplerine, ýagny akkordlaryň heň baglanyşyklaryna esaslanýar:

30-njy shema

| 1 motiw | 2 motiw | 3 motiw | 4 motiw |
|---|---|---|---|
| I $IV_6$ $I_{64}$ V | $VII_{64}$ $VII_6$ $II_6$ $I_6$ | $VI_{64}$ $III_{35}$ V VI | $VII_{64}$ $VII_6$ II I |
| | fr. fr. | | fr. fr. fr. |

Temanyň lirik tarapy birinji wariasiýada has hem doly açylyp görkezilýär. Heň we garmoniýalaryň yzygiderliligi üýtgemeýär. Sazyň umumy ýaňlanyşy garmonik figurasiýanyň (bölünen arpejio görnüşinde) girizilmegi bilen has-da mylaýym, ýumşak bolýar.

Keşp düzüminiň özgerdilmesi ikinji wariasiýada amala aşyrylýar. Awtor, kadaly toplumyň kanunlaryna esaslanyp, II peseldilen basgançagy saklap, wariasiýany adybir mažorda geçirýär. Temanyň özboluşly koloritini aýratyn nygtamak maksady bilen, eýýäm tanyş saz dokumasyna labyzly heňasty, ýagny perdäniň III beýgeldilen basgançagyndan I basgançaga çenli peselýän hereket girizilýär. Umuman alnanda, bu wariasiýada lirik keşp röwşen arzuwlaryň öwüşginleri bilen baýlaşdyrylýar:

2-nji mysal




Üçünji wariasiýanyň (*a* frigiý) dury ýaňlanyşy birnäçe inçeden-nepis ştrihler arkaly döreýär. Bu ýagdaý temanyň dürli äheňleriniň biri-birinden uzak aralykda ýerleşýän seslerinde geçirilmegi (diapazony iki oktawanyň çäginde), «owazly» garmoniýanyň dury, mylaýym seslenişi, akkordlaryň aýdym aýdýan ýaly sesleriniň arasyna siňmegi arkaly gazanylýar.

Polifonik ösüşiň alamatlary dördünji, heňastyly wariasiýada öz dowamyny tapýar. Sazyň asuda, rahat ýaňlanyşy, fakturanyň ýönekeýleşdirilmegi, aýdyň, dury geterofon beýan edilişi, iki sesiň labyzly heň öwrümleri temanyň lirik başlangyjynyň ösüşini tamamlaýan ýaly bolýar.

Bäşinji wariasiýada ilkibaşdaky keşbiň ösüşinde garaşylmadyk, duýdansyz, emosional taýdan güýçli özgeriş amala aşyrylýar. Kuwwatly, agyr akkordlarda ortaky registrdäki bir sesli doldurmasyna giň gerimli okdurylmalarynda, temanyň oktawaly goşalandyrylmada, uçup barýan ýaly passažlarda we glissandoda duýgularyň romantik dartgynlygy eşidilýär.

Toplumyň soňraky ösüşinde lirik tema täze-täze öwüşginlere eýe bolýar we öz emosional durkuny üýtgedýär. Kompozitor rahat, oýlandyryjy temany käte dabaraly gimn hökmünde tassyklaýar (bäşinji wariasiýa), käte oňa E. Grigiň «Per Gýuntynyň» stilinde eýmenç-pynhan häsiýet berýär (altynjy wariasiýa), käte-de R. Şumanyň arabeskalarynyň keşplerine ýüzlenýär (ýedinji wariasiýa). Ähli halatlarda tema üýtgedilmän geçirilýär, keşbiň transformasiýasy bolsa, fakturanyň wariasiýalaşmagynyň hasabyna, ýagny heňastylaryň girizilmegi, akkordlaýyn hereketiň kwarta-kwinta burdony bilen çalşyrlmasy, özboluşly garmoniýanyň repetisiýaly beýan edilişi arkaly amala aşyrylýar:

3-nji mysal




Temada ýokarda bellenilen *C-a* perde üýtgedilmesiniň öňküden has hem aýdyň görkezilmegi bu wariasiýalaryň tapawutlandyryjy aýratynlygydyr.

Toplumyň iň bir ähmiýetli aýratynlyklary özboluşly dinamik reprizada birikdirilýär. Olar: adybir mažora ýüzlenmek, ösüşiň heňastyly we burdonly prinsipleriniň sintezi, fakturanyň durulygy we garmoniýanyň mylaýymlygy. Diňe tema üýtgedilmän galýar, onuň perde taýdan kesgitsizligi mažoryň adaty tassyklanmasy bilen çözülýär.

Şeýlelikde, toplumda tematik bitewüligiň saklanmagynda, kadaly wariasiýalar üçin mahsus bolan wariasiýalaşma usullarynyň ulanylyşynda kompozitor toplumlylygyň çäklerini giňeldýär.

Žanr taýdan dürlülik (aýdym, prelýudiýa, marş, arabeska) we onuň netijesi bolan keşpleýin transformasiýa erkin wariasiýalaryň häsiýetli aýratynlyklary bolýar. Kadalylygyň we erkinligiň goşulmasy kompozitor döredijiliginde adaty prosesdir. Berlen ýagdaýda sintez örän düýplidir, bu bolsa eseriň ýokary çeperçilik derejesini tassyklaýar.

## § 3. Erkin wariasiýalar
## (R. Rejebowyň fortepiano üçin wariasiýaly tema toplumy)

R. Rejebowyň toplumy türkmen fortepiano sazynda erkin wariasiýalar žanry ulanylan nusgalarynyň biridir.

Toplumyň esasynda lirik tema goýlan. Esasy heňiň aýdym häsiýeti, akymlylygy labyzly heňastylaryň girizilmegi bilen nygtalýar. Onuň üstesine-de, temanyň gurluşynda wariantlylygyň (ösüş usuly hökmünde) ähmiýeti özüne üns çekýär.

Reprizaly ýönekeý iki bölümli formada ýazylan tema dört sözlemden ybarat. Intonasion özenini I basgançakdan IV basgançaga çenli (*a* frigiý) ýokary galýan basgançaklaýyn hereket düzýär. Ol başky tona dolanmak bilen jemlenilýär. Ikinji sözlem birinjiniň warianty bolup, onda VI basgançagy çalynýar. Emma, ikinji period iki modallylygyň utgaşmasyndan başlanýar:

$$\frac{B \text{ lidiý}}{\text{IV, VI, VII beýgeldilen basgançakly } B}$$

Dramaturgiýa babatynda üçünji sözlem kulminasiondyr. Intonasion özeninden tapawutlylykda temanyň bu bölegi kwintaly böküşden we onuň yzygiderli doldurmasyndan başlanýar. Repriza (dördünji sözlem) başlangyç emosional ýagdaýa getirýär.

Temanyň beýan edilişinde onuň faktura ösüşi özüne üns çekýär. Birinji periodda heňastylaryň aýdyň tapawutlandyrmasy bilen beýan etmäniň geterofon düzümi yzarlanýar. Ikinji periodda kem-kemden garmonik faktura girizilýär. Reprizadaky garmonik fakturanyň ähmiýetiniň artmagy modallykdan aýdyň tonallyga geçişi bilen baglydyr.

Tema, bas sesinde IV⁻ basgançagynyň bardygyna seretmezden, tonikasy aýdyň duýulýan *a-moll* tonallygynda tamamlanýar:

4-nji mysal



Birinji we ikinji wariasiýalar temanyň şol bir lirik keşbini, ýöne bu gezek has tolgundyryjy häsiýetde ösdürýär. Kompozitor temanyň äheň, tonal, gurluş esasyny üýtgetmän saklaýar. Birinji wariasiýada ortaky sesler esasy tematik sesiň we altdaky heňastynyň ornuny eýeläp, işjeň işlenilýärler. Faktura temanyň reprizada ýetilen garmonik düzümiň derejesine laýyklykda ösýär:

31-nji shema




Toplumyň 3-nji, 4-nji we 5-nji wariasiýalary bir ideýa arkaly aýratyn toplumy düzýärler. Olaryň hemmesi impressionist kompozitorlara mahsus bolan stilde saklanylandyr. Wariasiýalar çylşyrymly üç bölümli kompozisiýany emele getirýärler. Ortaky bölüm faktura, metr-ritm, garmonik we fonik üýtgemeler arkaly çetki bölümler bilen kontrastlaşýarlar. Çetki bölümler faktura we ritm taýdan meňzeş bolup, gopuzyň çalnyşyna öýkünmelerdir. Ähli bölümleriň tematizmi aýdym häsiýetlidir.

I bölüm – *Allegro*. 3-nji wariasiýa dört taktly giriş bilen başlanýar. Birinji taktdan başlap tä soňuna çenli kwarta-kwintaly owazlanyşlar eşidilýär. Bäşinji taktda herekete kem-kemden ýokary galýan kwarta goşalandyrylan heň girişýär. Ol faktura hereketinde ýaşyrylan ýaly bolýar:

5-nji mysal




Tonallyklaryň çalyşmagy sesleriň heň hereketleri arkaly amala aşyrylýar. Kompozitor gündogar sazyna mahsus bolan II$^-$ basgançagy ulanýar.

Okgunly hereket depginiň çalyşmagy (*Andante*) we ulaldylan ritmiň peýda bolmagy bilen ($^3/_8$ deregine $^3/_4$) rahatlanýar.

II bölüm (4-nji wariasiýa) attacca’dan başlanýar. Ony impressionistik kolorit tapawutlandyrýar. Bu wariasiýanyň fakturasy K. Debýussiniň we M. Raweliň stilinde saklanylandyr. Bu bolsa, basda we ortaky seslerde doňýan sazlaşyklaryň barlygy bilen kesgitlenilýär. Olaryň

fonunda wagtal-wagtal hromatik üýtgedilýän passažlar geçirilýär. Diapazon örän giň: ol dört oktawany öz içine alýar. Wariasiýada alty sesli faktura ulanylandyr. Bu bolsa fonirleýji ýaňlanyşy güýçlendirýär. Wariasiýadaky ösüş üç tapgyrdan ybarat. Birinji we ikinji tapgyrlar – özboluşly sekwensiýanyň iki bölegi (10+10). Ikinji bölekde tematik material kiçi sekunda ýokaryk galdyrylýar. Deňeşdirme görnüşli modulýasiýalar ýaňlanýar:

33-nji shema

| 1 bölek | II bölek |
|---|---|
| *A – Es* | *C - E* |

Uzak tonallyklara duýdansyz geçiş aýratyn üýtgeşik effekti döredýär. Dinamika yzygiderli üýtgeýär. Bas sazlaşyklarynyň her täze ädimi bilen pedal alynýar; ýokarky ses özüniň ýokary nokadyna ýetip, basdaky akkordyň fonunda trel görnüşinde owazlanýar, soňra ýaňlanyş bitewi akymda alnyp gidilýär. Ýokarda aýdylanlar impressionizm üçin häsiýetli bolan giňişligiň, täsinlilikleriň çalt çalyşma effektini döredýär.

Ösüşiň üçünji tapgyrynda faktura ýene-de üýtgeýär. Ol üç gatlakdan düzülýär: ýokarky seslerde repetisiýalar tutanýerli, üznüksiz ýaňlanýar, ortaky gatlak – maýyşgak sekundalar, aşaky gatlak – doňup galan baslar. On bäş taktyň dowamynda üzülmän saklanylýan baslar soňra ýokarky repetisiýa sesleriň fonunda ýuwaş-ýuwaşdan ýokarky registrlere galýarlar. Bitin tonlar boýunça okgunly hereket ýokarky tessiturada *pp* dinamikasynda ýitip gidýär.

Bäşinji wariasiýada (*Molto agitato*) gopuzyň çalnyşyna öýkünilýär. Ýene-de on altylyklar bilen passažlar ýaňlanýar. Bu – mažoryň we minoryň, ýagtylygyň we kölegäniň oýnydyr. Olaryň wagtal-wagtal çalyşmagy bilen kalbyndaky aýdyň bolmadyk, ynjalyksyz duýgular beýan edilýär. Tolkun görnüşli akym basda, soňra ýokarky seslerde yzygiderli üýtgäp, tersiýa-kwintaly ses alyşmalara getirýär. Bu bolsa sazyň täsirligini, ekspressiwligini nygtaýar. Soňra ýene-de öňki näsazlaşyklar, şol bir ýagdaý...

Tutuş akym iň beýik tessiturada doňýar we ýuwaş-ýuwaşdan ýitýär.

Altynjy wariasiýanyň (*f-moll*) žanr esasy – dramatik aýdym. Wariasiýalaşmanyň ilkibaşdaky elementi hökmünde natural-perde garmoiýasynyň akkordlarynyň utgaşmagy saýlanyp alnandyr. Aýdym dramaturgiýasynyň kanunalaýyklaryna esaslanyp, kompozitor wariasiýanyň II bölümini lýa mažora duýdansyz ýiti süýşme bilen aýratyn alamatlandyrylan kulminasiýadan başlaýar. Fiorituralara we melizmatika baý bolan dinamizasiýalaşdyrylan repriza tamamlaýjy ýedinji wariasiýany taýýarlaýar.

Ýedinji wariasiýany hereketiň tutanýerliligi, üznüksizligi, akkordly beýan edilişi, tokkataly häsiýeti tapawutlandyrýar. Onda toplumyň dramaturgik, keşp-emosional ösüşi tamamlanýar.

Kodada tema başky warianta meňzeş görnüşinde peýda bolýar. Onda daýanç sesler, ösüşiň umumy sudurlary saklanylýar. Emma perde merkeziniň derňewiň başynda bellenilen iki dürlüligi has-da aýdyň görnüşde ýüze çykýar. Heň *a* frigiýde, onuň garmonik goltgusy *d* frigiýde geçýär. Toplum re minoryň II basgançagy goşulan tonika akkordy bilen tamamlanýar.

Umuman, toplumda ulanylan wariasiýalaşma prinsipi, ýagny temany žanr, heň, ritm, faktura, garmoniýa babatynda üýtgedilmegi ony erkin wariasiýalaryň hataryna degişli edýär.

## BÄŞINJI BAP

# RONDO FORMASY

### § 1. Umumy maglumatlar

Gözbaşyny gadymy halk aýdym-tans sazlaryndan alýan rondo formasy türkmen kompozitorlarynyň döredijiliginde hem öz mynasyp ornuny tapmagy başarypdyr. Türkmen awtorlarynyň eserlerine ýüzlenilende dürli žanrlarda yzarlanylýan rondo formasynyň, esasan, toplum eserleriniň soňky – final bölüminde ulanylýandygyna göz ýetirmek bolýar. A. Kulyýewiň Skripka we orkestr üçin konsertiniň III bölümi, Ç. Artykowyň Kirişli saz gurallary üçin 2-nji kwartetiniň III bölümi, N. Muhadowyň 1-nji Simfoniýasynyň IV bölümi aýdylanlara aýdyň şaýatlyk edýär

Türkmen kompozitorlary rondo formasa çemeleşmek bilen, esasan, onuň adaty görnüşine esaslanýarlar. Eserleriň bäş bölümli gurluşy, refreniň we epizodyň häsiýetli gezekleşdirilmegi rondo formasyny kesgitlemekde aýdyň ýol görkeziji bolup hyzmat edýär. Şeýle-de bolsa, kompozitorlaryň sazlarynda milli aýratynlyklaryň hem täsiriniň bardygyny bellemek gerek. Bu, esasan-da, tembr-faktura, perde-garmonik, içki gurluş babatynda ýüze çykýar.

Rondo formasynyň beýan edilişine derňew arkaly seredip geçeliň.

### § 2. Nusgawy rondo
### (A. Kulyýewiň skripka we orkestr üçin konsertiniň III bölümi)

**A. Kulyýewiň skripka we orkestr üçin konsertiniň III bölüminde** rondo formasynyň beýan edilişine seredip geçeliň. Üç bölümden ybarat bolan bu konsertde kompozitor halk heňlerine aýratyn orun berýär. Bu bolsa, eseriň tematik, metr-ritmik, perde-tonal taraplaryna öz täsirini ýetirýär. Konsertde kompozitor halk heňlerini tematik material hökmünde peýdalananda ol heňleriň häsiýetini üýtgetmezlige çalyşýandygyny duýmak bolýar.

Konsertiň III bölüminiň girişi (*Allegro vivace*) dokuz takt dowam edip, onda esasy partiýanyň isjeň hereketli, okgunly häsiýetine taýýarlaýan akkord gurluşly tematik material beýan edilýär. Güýçli dinamikada orkestriň partiýasynda geçirilýän bu giriş ilki pauzalar bilen bölünen akkord urgylarynda, soňra bolsa, oktawalaýyn beýan edilen sekizlikleriň ädiminden düzülen, bu ýagdaý girişde metr-ritmik babatda kem-kemden çaltlandyrylma duýgusyny döredýär. Kompozitor eýýäm girişde eseriň perde-tonal tarapynyň özboluşlylygyny alamatlandyrýar. Onda II basgançagyň peselen we arassa görnüşde gezekleşip gelmegi frigiý perdesiniň öwüşginini berýär. Garmonik babatda dominanta sferasyna esaslanýan giriş alterasiýa belgilerini hem ulanmak bilen, eýýäm eseriň başynda sazda uly bolmadyk dartgynlylyk döredýär.

Esasy tonallygyň (*a-moll*) kwarta-kwinta gatnaşykda gurulan tonika akkordynyň fonunda skripkanyň partiýasynda formanyň refreni beýan edilýär. Bu tema ýaýbaňlandyrylan görnişde geçirilip, özüniň gurluşy boýunça halk sazlarynda duş gelýän tema düzüliş usulyna ýakynlaşýar:

6-njy mysal




Temanyň ilkinji bölegi iki sözlemden ybarat period formasyny emele getirýär. Inedördül gurluşly, gaytalanýan düzümli bu tema orkestriň partiýasyna başda ýola goýlan oktawa we kwarta-kwinta gatnaşykly akkordlaryň fonunda dowam edýär. Temanyň we onuň özgerdilen görnüşinden soňraky geçirilişiniň arasyndaky iki taktly orkestr sazy bu ýerde baglaýjy funksiýany ýerine ýetirmek bilen, dutar sazlarynda heň geçirilişleriniň aralygynda ýerleşdirilen saz böleklerine (aralyk kakuwlary) ýakyndyr. Temanyň ikinji geçirilişi ornamental usulda ösdürilýär. Orkestriň fonunyň öňki durkunda saklanmagy bilen, solo saz guralynyň partiýasynda temanyň gysgaldylan görnüşi beýan edilýär.

Baglaýjy bolup hyzmat eden saz böleginiň esasynda temanyň ösüşi dowam etdirilip, ol sekwensiýalar arkaly görkezilýär. Işlenilme häsiýetine eýe bolan temanyň soňraky ösüşi orkestriň we solo saz guralynyň partiýalarynda utgaşyklylykda, käwagt bolsa, gezekleşdirilen ýagdaýda öz dowamyny tapýar. Tonal  babatda refren *a-moll*'a esaslanmak bilen, onda doriý perdesiniň alamatlary hem duýulýar. Temanyň ösdürilmegi bilen, *d-moll, g-moll* tonallyklarynyň ulanylýandygyny hem bellemek bolar.

Saz materialynyň kem-kemden hereketiniň peselmegi formanyň birinji epizodyny taýýarlamaga gönükdirilendir. Refreniň soňky dört takty bu ýerde iki bölümiň arasyndaky baglaýjy funksiýany emele getirýär. Onuň esasyny düzýän durnuksyz sazlaşyklar *fis-moll* tonallygyny

taýýarlaýar. Epizodyň bolsa, bu tonallygyň tonikasy bilen däl-de, onuň tersiýasyz subdominanta akkordy bilen başlanmagy oňa özboluşly kolorit berýär:

7-nji mysal




Epizodyň temasy häsiýeti boýunça refren bilen kontrastlaşýar: ol giň, owazly heňi beýan etmek bilen, kompozisiýanyň lirik sferasyny açyp görkezýär. Oňa goltgy berýän kwinta, şeýle--de kwarta sazlaşyklary sekizlik dowamlylykda ostinato usulyny ulanmak bilen, özboluşly ýöriş ýagdaýyny döredýär. Bu tema inedördül däl gurluşly, gaýtalanýan düzümli period formasyny emele getirýär. Temanyň birinji sözlemi kwinta diapazonynyň çäginde gurlup, ol tonikadan IV basgançaga bökmek, soňra V basgançaga baryp, kem-kemden perdäniň II basgançagyna çenli peselmekden ybarat. Temanyň ikinji sözlemi birinjini gaýtalamak bilen, onuň ahyrynda II basgançakda däl-de, tonikanyň owazlandyrylmagy bilen tamamlanmak bellenilýär. Bu bolsa, göwrümi boýunça birinji sözlemden uly bolmagyna getirýär, ýagny birinji sözlem bäş takt, ikinji bolsa, alty takt dowam edýär.

Tonal babatda bu epizod aýratyn gyzyklanma döredýär. Onuň girişinde ostinato usuly bilen görkezilen *h-fis* seslerinden ybarat bolan kwinta sazlaşygy we bu sazlaşygyň soňra hem temanyň goltgusy bolup hyzmat etmegi, bu ýerde *h* doriý perdesi hökmünde duýulýar, emma temanyň ahyrynda *fis-moll* tonallygy aýdyň tassyklanylýar. Epizodyň temasynyň esasy görnüşde görkezilmeginden soňra skripkanyň we orkestriň partiýalarynda onuň täze öwüşginine eýe bolan ösüşi beýan edilýär. Bu ösüş temasy orkestriň we solo saz guralynyň arasynda sesalyşma usuly arkaly görkezilýär. Tematik material kem-kemden ösdürilip, epizodyň ahyrynda işlenilme häsiýetli pursaty emele getirýär. Onuň tonallygy soňraky dowam etjek refreniň esasy tonallygyny taýýarlamaga gönükdirilendir.

Refreniň ikinji gezek geçirilmegi tematik materialy we tonallygy boýunça başdaky ýagdaýa gaýtaryp getirýär. Onuň has ownuk dowamlylyklarda görkezilmegi bolsa, bu temanyň işjeňlik

ýagdaýyny has-da artdyrýar, ýagny ol owazlandyrma arkaly üznüksizligi emele getirýär. Göwrümi boýunça bu refren başdakydan tapawutlylykda gysgaldylan görnüşde geçirilýär.

Formanyň ikinji epizody (C) täze tematik materialy, tonallygy (*f-moll*), depgini (*Doppio meno mosso*) we ölçegi boýunça täze bölümiň başlanmagyny aýdyň alamatlandyrýar:

8-nji mysal




Bu tema häsiýeti boýunça birinji epizoda ýakyn bolup, lirik sazy bilen tüýdük heňlerini ýatladýar. Onuň uly bolmadyk diapazonda geçirilýän temasy çylşyrymly period formasynda görkezilip, birinji bölegi gaytalanýan düzümli jümlelerden ybarat bolup, ikinji bölegi bir oktawa ýokardan gaýtalanýar. Temanyň görkezilişinden soň skripkada, soňra bolsa, orkestriň partiýasynda bu materialyň esasynda uly bolmadyk üýtgeşmeler bilen ösüş bölegi geçirilýär. Epizodyň ahyrynda skripkanyň partiýasyndaky iki sesli tematik material özüniň häsiýeti boýunça epizod bilen refreniň arasyndaky baglaýjy bölümiň funksiýasyny ýerine ýetirýär. Refren esasy temany we tonallygy gaýtaryp getirýär. Bu ýerde refreniň temasy uly bolmadyk üýtgeşmeler bilen beýan edilip, onuň dowamynda formanyň birinji epizodynyň materialy bölekleýin görkezilýär. Skripkanyň partiýasynda ýene-de iki sesliligiň başlamagy özüniň täze heň-ritmik materialy bilen we şol bir wagtda jemleýji funksiýany alamatlandyrmagy bilen koda bölümini emele getirýär. Bu ýerde geçenki temalar bilen intonasion ýakynlygynyň bardygyny hem duýmak bolýar. Kompozisiýa esasy tonallygyň tersiýasyz tonika akkordy bilen tamamlanýar.

Aşyr Kulyýewiň Skripka we orkestr üçin konsertiniň üçünji bölümi boýunça geçirilen derňewiň netijesinde rondo formasynyň özboluşly beýan edilişi ýüze çykaryldy.

## ALTYNJY BAP

# SONATA FORMASY

### § 1 Umumy maglumatlar

Türkmen kompozitorlarynyň döredijiligi özüniň köptaraplylygy we özboluşlylygy bilen aýratyn üns çekýär. Milli kompozitorlyk döredijiligi halk aýdym-sazlarynyň esasy ýörelgelerini we professional saz sungatynyň kadalaryny özünde utgaşdyrýar. Şunuň bilen baglylykda türkmen kompozitorlarynyň eserlerinde saz formasynyň hem özboluşlylyga eýe bolýandygyny görmek bolýar. Türkmen kompozitorlarynyň instrumental eserlerinde sonata formasy iri göwrümli žanrlarda öz beýanyny tapýar: sonatalaryň, simfoniýalaryň, konsertleriň, triolaryň, kwartetleriň birinji bölümleri (käwagt final bölümleri), şeýle-de uwertýuralar. Türkmen kompozitorlyk mekdebiniň wekilleri öz eserlerinde köp babatda ýewropa saz sungatynyň däplerine esaslanyp, şol bir wagtda hem halk-professional sazlarynyň kada-kanuna öwrülen taraplaryny, halk saz gurallarynyň ýerine ýetirijilik aýratynlyklaryny utgaşdyrýarlar. Bu sintez eserleriň keşp dramaturgiýasyna, gurluşyna, tematizmine, perde-tonallygyna, fakturasyna we beýleki saz beýan ediş serişdelerine öz täsirini ýetirip, kompozisiýalaryň özboluşlylygyny artdyrýar.

### § 2. Adaty görnüşler
### (Ç. Nurymowyň skripka we fortepiano üçin sonatasynyň I bölümi we N. Halmämmedowyň skripka we fortepiano üçin sonatasynyň I bölümi)

Kompozitorlaryň sonata formasynda ýazan eserleriniň aglaba bölegi formanyň klassisizm döwründe ýola goýlan nusgalaryna esaslanýar. Emma bu eserleriň her birinde sonata formasynyň dürli görnüşlerde öz beýanyny tapýandygyny ýüze çykarmak bolýar.

Özüniň gurluşy, tonal gatnaşygy, keşp sferalarynyň kontrastlygy babatda nusgawy sonata formasynyň iň bir adaty görnüşiniň beýan edilmegine **Ç. Nurymowyň skripka we fortepiano üçin sonatasynyň I bölüminiň** mysalynda görmek bolýar. Üç bölümden ybarat toplumyň işjeň häsiýetli çetki bölümleri we kontrast emele getirýän ortaky bölümi sonata žanryna häsiýetli bolup, kompozitoryň diňe bir bölümiň çäklerinde däl, eýsem toplum boýunça hem nusgawy däplere esaslanýandygyny alamatlandyrýar.

Toplumyň birinji bölümi, adatça bolşy ýaly, sonata allegro formasynda ýazylan. Stil tarapdan kompozitoryň özüne mahsus bolan häsiýetleri beýan edýän bu bölüm okgunly we lirik keşpleriň kontrastlaşmagyna esaslanan. Bu adaty gapma-garşylyk Ç. Nurymowyň dörediјiliginiň irki döwrüne degişli bolan aglaba eserlerine mahsus bolup durýar.

Çalt depginli, işjeň hereketli baş partiýanyň keşbi ilkinji taktlaryndan başlap aýdyň görkezilýär:

9-njy mysal




Ýaýbaň tema üznüksiz ösüşi dowam edýän period formasynda ýazylan. Ony öz içinde iki sözleme bölmek bolar: olaryň birinjisi dört takt dowam etse, ikinjisi on ýedi takta çenli ösdürilýär. Bu ýagdaý temany dutar sazlarynyň temalarynyň gurluşy bilen ýakynlaşdyrýar, ýagny olarda hem ilki temanyň özeni berlip, soňra onuň ösdürilişi geçirilýär we her gezek täzeçe ösüş elementi girizilýär. Şeýlelikde, temanyň beýan edilişine milliligiň täsir etmegi bilen, köplenç, inedördüllige esaslanýan nusgawy sonata formasynyň tema düzülişinden tapawutlanýar.

Temanyň ikinji geçirilişi fortepianonyň partiýasynda berilýär, skripkada bolsa, onuň wariantlaýyn görnüşi beýan edilýär. Bu ýerde temanyň heň sudurlary saklanyp galynsa-da, onuň ösüşi başdan geçirýändigini görmek bolýar.

Tonal babatda tema bir tonally bolup, onuň içki gurluşynda dürli alterasiýa belgileri we sekwensiýalar arkaly sowulmalar bolup geçýär. Temada IV basgançagyň wariantynyň, ýagny onuň peselen we arassa görnüşiniň duş gelmegi kompozitoryň stiline häsiýetli alamat bolup, bu tematizmde gysga wagtlyk dartgynlylyk ýagdaýyny döredýär. Kem-kemden haýallama bilen beýan edilýän dört taktly baglaýjy bölek fakturasy, metr-ritmi we tonallygy babatda kömekçi partiýa ýakynlaşýar. Bu jümläni kompozitoryň Fortepiano we orkestr üçin konsertiniň birinji bölüminiň girişinde hem bellemek bolýar. Orkestriň partiýasynda has çalt depginde görkezilen bu material girişiň ahyrynda ýerleşmek bilen, şol ýerde hem göwrümi boýunça uly bolman, soňky dowam etjek temanyň taýýarlygy bolup hyzmat edýär.

Kömekçi temanyň esasynda lirik häsiýetli aýdymyň gurluşy ýatyr. Strukturasy boýunça ony goşulmaly period formasy hökmünde kesgitlemek bolar. Inedördül gurluşly periodyň her sözlemi öz içinde jümlelere bölünip, her jümle hem aýdym kupletiniň aýratyn setirini ýatladýar:

10-njy mysal



Periodyň goşulmasy bolup hyzmat edýän soňky dört takt ikinji sözlemiň soňky jümlesini oktawa aşakdan gaýtalamak bilen, adatça bolşy ýaly, aýdymyň soňky setiriniň gaýtalanmagyny emele getirýär.

Tema ikinji gezek fortepianonyň partiýasynda uly bolmadyk üýtgeşmeler bilen gaýtalanýar. Pes registrde beýan edilýän tema skripkanyň giň diapazony eýeleýän heňasty hem garşy goýulýar. Olara fortepianonyň ýokarky sesi hem goşulmak bilen, netijede üç sany heň liniýasy peýda bolýar.

Kömekçi tema *e-moll* tonallygynda beýan edilip, onuň garmonik, arassa we doriý görnüşleri üçin häsiýetli basgançaklar arkaly gezekli-gezegine çalyşýarlar. Bu bolsa, tema özboluşly sesleniş berýär we onuň lirik tarapyny has-da artdyrýar.

Kompozitor formanyň ekspozisiýa bölümini jemleýji bölegi ulanmazdan, kömekçi partiýa bilen tamamlaýar. Bu ýagdaý Ç. Nurymowyň Fortepiano we orkestr üçin konsertiniň birinji bölüminde hem bellenilýär.

Işlenilme bölüminde kompozitor temalaryň ikisiniň hem materialyny peýdalanýar. Şonuň bilen baglylykda ony iki bölege bölmek bolar. Baş partiýanyň temasynyň ösdürilişine bagyşlanan birinji bölek heňiň ekspozisiýadaky ýaly beýan edilmegi bilen başlaýar. Ilki skripkada, soňra bolsa, fortepianoda dowam edýän tema *c-moll* tonallygynda geçirilýär. Heňiň sekwensiýa usulynda ýaýbaňlandyrylmagy tonal babatda durnuksyzlyga getirýär. Depginiň we tonallygyň üýtgemegi bilen işlenilmäniň ikinji bölegi başlanýar. Ol ekspozisiýada bellenilip geçilen dört taktly baglaýjy bölegi hem öz içine alýar. Ekspozisiýa bölümi işlenilme bilen köp tarapdan ýakynlaşýar. Olaryň soňkusynda beýan edilýän temalaryň ikisiniň hem materialy has ownuk, böleklere bölünen motiwlerden däl-de, jümläniň ähmiýetli bölegini gaýtalaýarlar. Aýry-aýry keşpleri depginiň dürlüligi hem tassyklaýar (ekspozisiýada hem, işlenilmede hem baş tema *Allegro*, kömekçi tema *Meno mosso*). Kömekçiniň materialynyň beýan edilişi hem baş temanyňky ýaly geçirilýär: ilki skripkada başlaýar, soňra bolsa, fortepianoda dowam etdirilýär.

Başdaky depginiň (*Allegro*), esasy tonallygyň, baş temanyň gaýdyp gelmegi reprizanyň başlanmagyny alamatlandyrýar. Repriza bölüminde hem kompozitor formanyň esasy kada-kanunlaryna esaslanýar, ýagny onuň temalaryny uly bolmadyk üýtgeşmeler bilen ekspozisiýadaky ýaly gaýtalaýar, kömekçi temany ekspozisiýadan tapawutlylykda esasy tonallykda – *a-moll'*da geçirýär.

Sonatanyň birinji bölümi tematizmi boýunça baş tema ýakynlaşýan koda bilen jemlenýär:

11-nji mysal




Kompozitor bu ýerde jemleýji häsiýete eýe bolan temany beýan edýär. Ol öz funksiýasy boýunça geçirilen tematik materiallary umumylaşdyrýar we kompozisiýanyň ahyrynda *a* frigiý perdesini tassyklamak bilen, doly tonikada tamamlanýar.

Kompozitoryň skripka we fortepiano üçin sonatasynyň birinji bölümi boýunça geçirilen derňewiň netijesinde ony nusgawy sonata formasynda ýazylan, bu gurluşyň däp-dessurlaryny berjaý edýän we şol bir wagtda milli aýratynlyklary beýan edýän eser hökmünde bellemek bolar. Onda sonata formasyna häsiýetli bolan aýry-aýry sferany açyp görkezýän iki keşbiň ulanylmagy, ekspozisiýada olaryň kwinta gatnaşykly tonallykda (*a-moll – e-moll*) berlip, reprizada ikisiniň hem baş temada geçirilmegi, işlenilme bölüminde iki tematik materialyň hem deň derejede ösdürilmegi formanyň kada-kanunlaryna esaslanylýandygyny görkezýär. Temalaryň milli sazlara ýakynlaşmagy, olaryň tonal babatda halk perdelerine esaslanmagy, kwarta-kwinta we sekunda gatnaşykly sazlaşyklaryň agdyklyk etmegi bolsa, milli häsiýetleriň ýüze çykarylmagy bilen bagly bolup durýar.

Eseriň kompozision shemasy:

34-nji shema

| Ekspozisiýa | | Işlenilme | | Repriza | | Koda |
|---|---|---|---|---|---|---|
| *Allegro* | *Meno mosso* | *Allegro* | *Meno mosso* | *Allegro* | *Meno mosso* | *Piu mosso* |
| Baş p. bagl | Köm. p. | Baş p. | Köm. p. | Baş p. | Köm p. | Baş p.mat |
| 4+17+19+4 | 8+8+4+21 | 30 | 53 | 40 | + 17 | 20 |
| *a - c - a* | *e-moll* | *c-f-a-as-gis-h* | *h-a* | *a* | *a* | *a* |

Sonata formasynyň bölümleriniň adaty ýagdaýda beýan edilmeginden daşary, olaryň dürli görnüşlerde ýüze çykýandygyny eserler arkaly görmek bolýar. Formanyň bu görnüşleri kompozitorlaryň formanyň gurluşynyň esasy çäklerini saklap, onuň içki bölümlerine girizýän täzelikleri netijesinde ýüze çykýar we formanyň geriminiň giňemegine getirýär. Sonata formasynyň esasy görnüşleriniň biri onuň işlenilme bölüminiň özgerdilmegi bilen baglydyr.

Tematik materialy, strukturasy we tonallygy boýunça erkin beýan edilişi bilen tapawutlanýan işlenilme, adatça, ekspozisiýadan alnan material bilen çäklenýär. Bu ýerde heňleri böleklemegiň netijesinde alnan has gysgajyk labyz äheňlerini geçirmek häsiýetli bolup durýar. Umuman, işlenilmäniň ösüş ýagdaýy düzümleriň açyklygy, tematizmiň struktura periodlylygynyň bozulmagy, aýry-aýry motiwleriň bölünmegi, olaryň arasyndaky täze baglanyşyklaryň emele gelmegi, olaryň has çylşyrymly esasda birleşdirilmegi bilen häsiýetlendirilýär.

Käbir ýagdaýlarda işlenilme bütinleý ýa-da onuň aglaba bölegi bir temanyň motiw ösüşine bagyşlanýar. Beýle bolanda, adatça, ekspozisiýada beýlekilerden az ösüşe sezewar bolan işjeň häsiýetli baş partiýanyň materialy saýlanyp alynýar. Işlenilmede kantilenaly, lirik aýdym häsiýetli temalar çalt depginliler bilen deňeşdireniňde az derejede ýaýbaňlandyrylýar. Bu bolsa, olaryň häsiýetiniň işlenilme usullary sebäpli, bozulma mümkinçiliginiň barlygy bilen düşündirilýär.

Işlenilme bölümi birnäçe böleklerden ybarat bolup biler. Olaryň her haýsysy bolsa, aýry-aýry tematik elementleriň ösdürilişini beýan edýär. Kä halatlarda dürli motiwleriň bir bitewi heň döredip, utgaşma emele getirýändigini hem görmek bolýar.

Işlenilme bölüminde imitasiýa, kanon, fugato ýaly polifonik ösüş usullary ähmiýetli orun eýeleýär. Polifonik esasda düzülen tematik ýaýbaňlandyrma işlenilmeleriň aglaba bölegine häsiýetlidir.

Sonata formasynyň bu bölüminiň garmonik tarapy, heň-tematik düzümi bilen bir derejede, onuň ortalyk ýagdaýyny we ähmiýetini häsiýetlendirýär. Bu ýerde umumy tonal durnuksyzlyk esasy orun eýeläp, ol tonal yzygiderliliginiň we olary saýlamagyň erkinligi bilen gazanylýar.

Işlenilmäniň tamamlaýjy bölegi kem-kemden repriza tarap golaýlaşmak bilen bolýar. Onda, adatça, formanyň täze bölüminiň öňüsyrasynda dartgynlylyk döredip, esasy tonallygyň dominantasy öňe sürülýär. Bu ýagdaý ýa dominanta organ punktunyň üsti bilen ýa-da güýçli ülüşlerde dominantanyň agdyklyk etmegi bilen, şeýle hem dominanta garmoniýasynyň ýöne saklanylmagy ýa-da gaýtalanmagy arkaly döredilýär.

Sonata formasynyň işlenilmesiz, şeýle-de işlenilmä derek epizod ulanylan görnüşleri onuň has ýygy duş gelýän görnüşleri hökmünde umumy kabul edilen. Türkmen kompozitorlarynyň eserlerinde hem sonata formasynyň işlenilme bölüminiň aýratyn özbaşdak görnüşlere eýe bolýandygyna mysallar arkaly göz ýetirmek bolýar. Bu formada ýazylan eserleriň aglaba böleginde kompozitorlar işlenilme bölüminde epizod ulanyp, olaryň her biri struktura babatda öz aralarynda tapawutlanýar. Şeýlelikde, sonata formasy kompozitorlaryň döredijiliginde indiwidual beýan edilişe eýe bolýar we bu formanyň birnäçe görnüşleriniň ýüze çykmagyna getirýär.

**N. Halmämmedowyň skripka we fortepiano üçin sonatasynyň I bölümi** hem sonata formasynda ýazylyp, onuň işlenilme bölümi babatda täze görnüşini emele getirýär. Eseriň gurluşynyň,

tematik materialynyň beýan edilişiniň, perde-tonallygynyň özboluşly aýratynlyklaryna derňew arkaly seredip geçeliň.

Kompozitoryň bu eseri üç bölümli nusgawy sonata toplumy görnüşinde ýazylyp, onuň ortaky – lirik bölümi (*Andante*) çalt depginde, okgunly häsiýetde geçirilýän çetki bölümler bilen gurşalyp alnandyr. Sonatanyň birinji bölüminiň (*Allegro*) keşpleri özüniň ýagtylygy, şatlyklylygy we lirik-aýdym häsýeti bilen tebigatyň ajaýyp gözelliklerini suratlandyrýar. Bu ýerde biri-biri bilen kontrastlaşýan sferalaryň barlygy, olaryň tonal gatnaşygy arkaly kontrastlyk derejesiniň güýçlendirilmegi, keşp sferalarynyň soňraky ösüşi we çözgüdi bu bölümiň sonata formasynda beýan edilendigini kesgitleýär.

Eser iki taktly giriş bilen başlaýar. Ol tonikanyň basgançaklarynda kwarta-kwinta sazlaşyklarynyň berilmegi bilen, eýýäm kompozisiýanyň başynda onuň esasy durnukly tonuny tassyklaýar we soňra skripkanyň partiýasynda beýan edilýän baş temanyň işjeň häsýetli sferasyna getirýär. Işjeň hereketli keşbi beýan edýän baş partiýada temanyň geçirilişi we onuň ösdürilişi syn edilýär. Gurluşy boýunça baş temany iki jümlä bölünýän ýaýbaňlandyrylan sözlemden ybarat bolan period formasynda ýazylan diýip kesgitlemek bolar. Onuň birinji jümlesi oktawanyň çäginde beýan edilip, temanyň başynda heň ýokarlygyna basgançaklaýyn hereket edýär we belli bir nokada baryp, kem-kemden aşak düşýär. Ikinji jümle gönüden-göni birinjiden gelip çykýar, ýagny onuň motiwini (3-nji taktynda beýan edilen) peýdalanýar. Bu ýerde heň sekwensiýa görnüşinde düzülip, ýokardan aşaklygyna, durnukly tona tarap hereket edýär. Temany kompozitor polifonik usulda beýan etmek bilen, onuň jümlelerini tematik babatda has-da ýakynlaşdyrýar. Ýagny, birinji jümläniň soňky böleginde skripkanyň partiýasynda tema beýan edilýän pursatynda, fortepianoda ikinji jümläniň heňi geçirilýär. Ikinji jümlede bolsa, bu ýagdaý tersine gaýtalanýar: skripka ikinji jümläniň temasyny çalýar, fortepiano bolsa, birinjiniň materialyny beýan edýär. Temalaryň goşulanses görnüşinde ussatlyk bilen sazlaşdyrylmagy baş temanyň özboluşly seslenmegini emele getirýär:

12-nji mysal




Perde-garmonik babatda tema mažor-minoryň görnüşleri bilen bir hatarda halk perdelerine hem esaslanýar. Bu ýerde temanyň *a-moll* we *A-dur* tonallyklarynyň alamatlaryny bir wagtda beýan et-

megi ony has-da tapawutlandyrýar. Girişde tonika akkordynyň tersiýasyz berilmegi hem şonuň bilen bagly bolup durýar. Ýagny, kompozitor eseriň umumy durnukly tonuny berip, onda mažoryň ýa-da minoryň haýsysynyň esasy orun eýeleýändigini görkezmeýär. Temanyň başdaky iki taktynda *A-dur* tonallygy bellenilse, soňky iki taktda *a* doriý perdesi, soňkularda bolsa, *A* miksolidiý perdesiniň alamatlaryny görmek bolýar. Ikinji jümle ýene-de *a* doriý perdesinde başlanýar (dört takt) we soňky iki taktda *a-moll'*yň arassa we frigiý görnüşleriniň alamatlary duýulýar.

Baş tema tamamlananyndan soň fortepianoda we skripkada onuň ösdürilişi geçirilýär. Olaryň birinjisi heňi esasy görnüşinde başlasa, beýlekisi oňa goşulyp, tematik materiala işlenilme häsiýetini berýär. Fortepiano we skripka geçenki temanyň esasynda özboluşly dialog emele getirip, öz aralarynda «sorag-jogap» görnüşinde bäsleşýärler. Sekwensiýa usulynda beýan edilýän bu dialog baglaýjy bölege öwrülýär. Ol ilki ýokarlygyna hereket edip, belent registrden ýene-de pese düşýär.

Temanyň ösdürilişi onuň tonal babatda ösüşi bilen hem tassyklanylýar. Ýagny, heň liniýasynyň ýokaryk galýan böleginde *a-moll, h-moll, g-moll* tonallyklarynyň garmonik görnüşleri bellenilýär. Heň liniýasynyň aşak inýän böleginde bolsa, *h* kyrklar perdesi beýan edilýär. Şeýle-de, ol kömekçi partiýada soňra dowam etjek *e-moll* tonallygynyň dominanta predykty hökmünde hem kabul edilýär. Emma, *h* kyrklar perdesiniň seshatary boýunça birnäçe gezek hereket etmegi, ahyrynda hem onuň tonika akkordynda tamamlanmagy has-da ynamly kabul edilýär. Bu bölek öz häsiýeti boýunça baglaýjy funksiýany ýerine ýetirýär we tematizm tarapdan hem, perde-garmonik tarapdan hem kömekçi temany taýýarlaýar.

Kömekçi partiýa (*e-moll*) kompozisiýanyň lirik aýdym häsýetli çägini açyp görkezýär. Basgançaklar boýunça howlukman beýgelýän heňiň her bir sesi öwrüm edilip, onuň kantilenalygy, owazlylygy güýçlendirilýär. Temanyň birinji geçirilişi fortepianoda, beýlekisi bolsa, skripkanyň partiýasynda oktawa ýokarda görkezilýär. Bu ýerde kompozitor ýene-de polifoniýanyň serişdelerine ýüzlenýär. Haçan-da skripka tonikadan ýokarlygyna hereketlenýän kömekçi heňi esasy görnüşinde beýan edende, fortepianoda garmonik goltgy bilen bile temanyň wariantlaýyn, ýagny onuň öwrülen görnüşi peýda bolýar. Ol garşylyklaýyn ugra hereketlenip, kwinta tonundan aşak gaýdýar:

13-nji mysal



Kem-kemden ýaýbaňlandyrylmaga başlanan heňden jemleýji bölek ösüp çykýar. Jemleýji bölegiň ahyryndaky tonika predykty bilen kompozisiýanyň ekspozisiýa bölümi tamamlanýar.

Sonata formasynyň merkezi bölümi iki epizoddan ybarat bolup, ony epizod-işlenilme diýip kabul etmek bolar. Bu ýerde kompozitoryň täze tematik materiallaryny ulanýandygyna garamazdan, olaryň öňki heňler bilen labyz babatda baglanyşyklarynyň bardygyny görmek bolýar. Bulardan başga hem, iki epizodyň keşpleriniň häsiýetleri ekspozisiýadaky temalaryň häsiýetlerini ýatladýar, ýagny işjeň hereketli birinji epizodyň baş partiýa bilen, lirik-owazly ikinjiniň bolsa, kömekçi heň bilen ýakynlygy duýulýar. Şeýlelikde, bu bölüm tematik materialy ýaýbaňlandyrýan bölüm ýaly däl-de, keşp-dramaturgik ugurlaryň ösüş hereketleriniň dowamy hökmünde beýan edilýär:

14-nji mysal

1-nji epizod




2-nji epizod



Iki heňiň adybir tonallyklary (*g-moll, G-dur*) epizod-işlenilme bölümini bir bitewülige birleşdirýän serişde bolup hyzmat edýär.

Repriza bölüminde kompozitor nusgawy sonata formasynyň esasy däplerini saklamak bilen, ekspozisiýanyň temalaryny uly bolmadyk üýtgeşmeler bilen bir tonallykda geçirýär, ýagny, baş partiýa, başda geçirilişi ýaly, perde-garmonik babatda özüniň baý öwüşginliligini saklap galýar, *e-moll'*da berlen kömekçi tema bolsa, *a-moll'*da beýan edilýär.

Şeýlelikde, N. Halmämmedowyň Skripka we fortepiano üçin sonatasynyň birinji bölüminiň derňewini geçirmek bilen, onda nusgawy sonata formasynyň esasy kadalarynyň saklanandygyny görmek bolýar: esasy üç bölümiň arasyndaky çäkleriň aýdyňlygy, biri-birine gapma-garşy bolan iki heňiň eksponirlenmegi we olaryň reprizada gaýtalanmagy, ekspozisiýada temalaryň arasyndaky kwinta tonal gatnaşygy we reprizada kömekçi partiýanyň esasy tonallykda beýan edilmegi. Işlenilme bölüminiň ornuna baş we kömekçi partiýalaryň keşp-dramaturgiýa taraplaryny ösdürýän iki epizodyň ulanylmagy bu eserde aýratyn özboluşlylyk hökmünde ýüze çykýar. Nusgawy sonata formasynyň işlenilme bölüminde täze epizodyň peýda bolýandygy P. Stoýanowyň şu pikirinde hem bellenilýär: «Täze tematik materialyň (epizodyň) işlenilme bölüminde peýda bolmagy Gaýdn we Mosart üçin, şeýle hem Bethoweniň döredijiliginiň dürli döwürlerine degişli bolan eserler üçin adatydyr»[6]. Emma N. Halmämmedowyň derňew edilen eseriniň işlenilme bölüminiň deregine iki epizody yzygider ulanmagy we olaryň dramaturgiýa ösüş babatynda eksponirlenen temalaryň keşp sferasyny dowam etdiriji hökmünde beýan etmegi romantizmiň täsirleri bilen baglydygyny görkezýär.

Eseriň gurluş shemasy:

35-nji shema

| **Giriş** | **Ekspozisiýa** | | | | **Işlenilme** | | **Repriza** | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Baş p. | bagl. | Köm. p. | jeml. | 1-nji epizod | 2-nji epizod | Baş p. | köm. p. |
| 2 | 15+11 | 21 | 12+26 | 16 | 40 | 14 | 47 | 51 |
| *a* | *a-moll* | *g-a-h* | *e-moll* | - | *G* | *G* | *a-c-d-e* | *a* |

## § 3. Adaty däl görnüşler
## (W. Muhadowyň 1-nji simfoniýasy)

Häzirki zaman sazynda sonata formasynyň ösüş ýoly dürli-dürlüligi bilen bellenilýär. Bu ýagdaý sonatalylygyň köpsanly görnüşiniň döremegine, struktura babatynda sonata formasyna ýakyn, emma funksional tarapdan özgerdilen formalaryň ýüze çykmagyna getirýär, olar gurluşy boýunça sonatalylyk bilen deň ähmiýetli formalardyr.

Sonatalylyk alamatlary bar bolan formalar uly gyzyklanma döredýär. Bu formalaryň strukturasy sonata formasyna bolan stereotip shemadan daşlaşsa-da, olarda sonatalylyk alamatlary aýdyň duýulýar. Bu alamatlara eseriň ösüşini kesgitleýän «sonatalylyk» drama-

[6] *Стоянов П.* Взаимодействие музыкальных форм. М.,1985.

turgiýasy we materialy «sonatalylyk» prinsipinde ulanmak degişlidir. Sonata formasyna häsiýetli bolan bu alamatlaryň saklanyp galmagy we olaryň başga strukturalarda beýan edilmegi funksional babatda sonatalylykdan aýratynlyklary bar bolan formalaryň döremegini aňladýar. Bu ýagdaýda, formanyň düzümine garamazdan, sonatalylyk giň, umumy dialektik prinsip hökmünde düşünilýär.

Türkmen kompozitorlarynda hem sonatalylyk prinsipi hereket edýän birnäçe eserlere duş gelinýär. Olarda sonata formasyna funksiýa ýa-da struktura babatynda meňzeş bolan, şeýle-de, bu formanyň beýleki çylşyrymly formalar bilen sintezi emele getirýän kompozisiýalara duş gelmek bolýar. Muňa mysal edip, **W. Muhadowyň 1-nji simfoniýasyny** almak bolar.

Magtymgulynyň ýadygärligine bagyşlanan bu simfoniýa kompozitoryň döredijiliginiň kämil döwrüne degişlidir. W. Muhadow dramaturgiýanyň konflikt prinsipine esaslanan bu eserinde şahyryň çylşyrymly dramatik keşbini janlandyrýar. Kompozitoryň beýleki eserlerinde-de türkmeniň taryhy sahypalary dürli žanrlar arkaly öz mynasyp ornuny tapýar. Halkyň şatlygyny we gaýgysyny, Watanyna bolan çäksiz buýsanjyny, söýgüsini saz arkaly beýan etmegi başaran kompozitor türkmen topragy bilen baglanyşykly dürli temalara ýüzlenýär. Onuň «Zöhre-Tahyr» (A. Şapoşnikow bilen bilelikde), «Ganly saka» operalary, «Türkmen sýuitasy», «Meniň Watanym» poemasy we başga-da ençeme eserleri munuň aýdyň mysaly bolup durýar.

Bir bölümli simfoniýanyň gurluşynda aýdyň bölünýän alty bölümi bellemek bolýar. Bu babatda sazşynas, professor W. Gurewiç simfoniýanyň öz içinde leýtmotiwli poemanyň we sonata allegrosynyň alamatlarynyň utgaşýandygy hakynda aýtmak bilen, şol bir wagtda onuň girişden we dört bölümden ybarat bolan sonata-simfonik toplumyň çäklerine hem laýyk gelýändigini shema arkaly kesgitleýär:

36-njy shema

| **Bölümler** | **I** | **II** | **III** | **IV** | **V** | **VI** |
|---|---|---|---|---|---|---|
| **Sonata allegro** | Giriş | Ekspozisiýa | | Işlenilme | Repriza («aýnaly») | |
| | | baş partiýa | kömekçi partiýa | | giriş we kömekçi partiýa | baş partiýa+koda |
| **Sonata-simfonik toplum** | Giriş | I b. (allegro) | II b. (andante) | III b. (skerso) | Geçenki bölümleriň esasy temalaryndan reminissensiýaly final | |

Simfoniýanyň bölümleriniň özbaşdaklygyny, şeýle-de, biri-biri bilen kontrast döredýänligini göz öňünde tutup, onda sonata formasy bilen bir hatarda kontrast-düzümli formanyň hem alamatlarynyň bardygy ýüze çykýar. Bölümleriň aýdyň bölünenligine garamazdan, olar dramaturgik ösüşde birnäçe gezek peýda bolýan leýtmotiw arkaly baglanyşdyrylan. «Halkyň temasy» diýip atlandyrylan bu leýtmotiw dürli görnüşlerde simfoniýanyň kulminasion pursatlarynda öz beýanyny tapýar.

Simfoniýa ýaýbaň deklamasion giriş bilen açylýar (*Lento declamando*). Sazyň tolgundyryjy ýagdaýy iki jümläni (okgunly, hromatizmleşdirilen sesler boýunça beýgeliş we ýetilen ses belentliginiň kiçi sekundalar we punktir ritmi arkaly owazlandyrylmagy) özünde jemleýän temanyň üsti bilen görkezilýär:

15-nji mysal




Bu ýerdäki kontrast orkestriň, ýagny, kirişleriň we üflenip çalynýan agaç saz gurallarynyň üflenip çalynýan mis saz gurallary bilen ses alyşmalary arkaly tassyklanylýar. Dramatik başlangyç skripkalaryň, çelestanyň we fagotlaryň beýan edýän lirik aýdym häsiýetli temasy bilen çalşyrylýar. Geterofon faktura aýdyň diatonika folklor aýdymlaryna mahsus aýratynlyklary özünde jemleýär:

16-njy mysal




Kompozitor sosial hakykatyň dramatik çaknyşmalaryny tebigatyň sarsmaz, egsilmez kada--kanunlaryna garşy goýýar. Parasat, akyl-paýhas güýji barada beýan edýän bas klarnetiň akgynly-lirik solosy giriş bölüminiň tematik jemlemesi bolup durýar:

17-nji mysal




Depginiň duýdansyz çalşyrylmagy täze bölümiň başlanmagyndan habar berýär (*Allegro, e-moll*). Solo ýerine ýetirýän fagotyň partiýasynda tutuş eseriň esasy heňi beýan edilýär:

18-nji mysal




Ilki ol gaýtalanýan düzümli period formasynda geçirilýär. «Keçpelek» halk sazynyň motiwleriniň biriniň girizilmegi temanyň dowamyny düzýär:

19-njy mysal




Ol tamamlanmadyk ýagdaýda goboý we iňlis rožogynyň partiýasyndaky oktawalaýyn element bilen bölünýär. Baglaýjy bolup durýan bu elementiň üç gezek gaýtalanmagyndan soňra kompozitor «Keçpelek» sazyndan alnan şol motiwiň üýtgedilen görnüşini berýär. Şeýlelikde, keşp babatda biri-birine ýakyn bolan, birnäçe tematik düzümleriň yzygiderligi emele gelýär. Olaryň gysgaldylan görnüşde we *h-moll* tonallygynda gaýtadan beýan edilmegi birinji bölümiň emosional tarapynyň tassyklanylmagydyr.

Bu bölümiň ortaky böleginde sazyň häsiýeti üýtgeýär. Gam-gussaly, dramatik taraplar täze gahrymançylyk-patetik öwüşginler bilen doldurylýar. Kirişli saz gurallarynyň fonunda geçirilýän fleýta bilen klarnetiň duetinde ýöriş häsiýetli tema beýan edilýär (*c-moll*):

20-nji mysal




Onuň ekspozision görkezilişinden soň orkestr dokumasyna pulsirleýji ritmik figurasiýa girizilýär. Ol kulminasiýa belentligine we dartgynlylygyň soňraky peselmegine getirýär. Birinji bölüm dinamizasiýalaşdyrylan repriza bilen tamamlanýar (*e-moll*). Kompozisiýanyň ikinji bölü-

mi (*Andante, cis-moll*) lirik keşpler bilen baglydyr. Ol dutar sazlarynyň girişine meňzeş bolan uly bolmadyk giriş bilen başlaýar. Fagotlaryň partiýasyndaky kwarta-sekundaly yzygiderliklere arfanyň we kontrabaslaryň pedaly bilen goltgy berilýär. Bu bölümiň şirin owazly heňi lirik mylaýym keşbi janlandyrýar. Ol tüýdük heňlerine ýakyn bolup, solo goboýda ýerine ýetirilýär. Tüýdük sazlaryna häsiýetli aýratynlyklary özünde jemleýän, esasy äheňi wariant ösüşli bolan tematizme bu bölümiň girişinden alnan geterofon sesleniş bilen sazandarlyk edilýär:

21-nji mysal




Ikinji bölümiň jemleýji bölegi hem şol bölümiň giriş materialynyň esasynda düzülen. Kwarta-sekundaly garmonik yzygiderliliklere kontrabaslaryň partiýasyndaky oktawa goşalandyrylan *gis* sesi bilen goltgy berilýär.

*Allegro* depgininiň peýda bolmagy, üflenip çalynýan mis saz gurallarynyň işjeň ýagdaýda fanfar çagyryşlary baýramçylyk häsiýetli üçünji bölümiň başlanmagyny habar berýär. Eýýäm onuň giriş böleginde kompozitor birinji bölümiň başlangyç motiwini, soňra bolsa, şol temanyň esasynda gurlan saz materialyny berýär. Ol dolulygyna işlenilme häsiýetinde düzülen. Kem--kemden ýaýbaňlandyrylýan saz hereketi ýokaryk galyp, kulminasiýa nokadyna getirýär. Sazyň ösüşi sekwensiýa usuly boýunça dowam edip, öz diapazonyny giňeldýär. Soňra bolsa, kulminasion belentlige ýetip, dinamikanyň peselmegine sezewar bolýar.

Üçleme elementiniň girizilmegi bilen, saz özge häsiýete eýe bolýar. Bu ýerde kompozitor üçlemeleriň esasynda birinji bölümiň tematik materialyny özgerdilen görnüşde beýan edýär.

Şeýlelikde, üçünji bölüm dolulygyna işlenilme häsiýetinde düzülip, onda geçenki bölümleriň tematizminiň utgaşdyrylandygyny görmek bolýar.

Simfoniýanyň girişiniň repriza geçirilmegi bilen, dördünji bölüm başlanýar. Girişden soň kompozitor ikinji bölümiň temasyny beýan edýär. Ilkibaşdaky geçirilişinden tapawutlylykda, bu ýerde tema kirişli saz gurallarynyň üçlemesiniň fonunda dinamizasiýalaşdyrylan görnüşde (*e-moll*) görkezilýär. Kem-kemden patetik häsiýete eýe bolýan tema üflenip çalynýan agaç saz gurallarynyň we kirişlileriň partiýalarynda öz ösüşini dowam edýär. Giň owazly heňe goltgy berýän litawralaryň we kontrabaslaryň *b* ostinato sesinde pulsirleýji üçleme ritmi saz

materialynyň dramatik dartgynlylygyny artdyrýar. Şol fona birinji bölümdäki «Keçpelegiň» motiwi hem goşulýar. Onuň giň, saldamly heňi agyr aýralygy, ýatlamalary beýan edýär.

Bäşinji bölümde saz materialynyň häsiýeti üýtgeýär. *Allegro* depgininiň we birinji bölümiň tematizminiň peýda bolmagy sazyň ösüş prosesini janlandyrýar. Ekspressiw-dramatik häsiýetdäki tema (*f-moll*) dinamizasiýalaşdyrylan, özgerdilen görnüşde geçirilýär.

Fleýtanyň we klarnetiň partiýalarynda simfoniýanyň giriş bölüminiň temasy beýan edilýär. Bu ýerde kompozitor, öňki aýdylanlary aýdyň tassyklaýan ýaly, temany giňeldilen, ulaldylan görnüşde görkezýär.

Simfoniýa bütin orkestrde *E-dur'*da dabaraly, belent äheňde tamamlanýar.

Geçirilen derňewiň netijesinde eseriň kontrast-düzümli kompozisiýasynda sonata formasynyň alamatlary aýdyň görünýär. Simfoniýanyň kompozisiýasynyň keşp-dramaturgik ösüşine esaslansak, onda sonata formasynyň häsiýetli taraplarynyň ýüze çykýandygy bellenilýär. Giriş funksiýasy strukturalaryň ikisinde hem birmeňzeş ähmiýete eýe. Kontrast-düzümli formanyň birinji bölümi baş partiýa bolup, ikinji bölümi kömekçi partiýanyň ornuny tutýar. Üçünji bölüm – işlenilme, dördünji we bäşinji bölümler «aýnaly» repriza.

Sonatalylyk ilki bilen dramaturgik we tematik derejede kesgitlenilýär. Iki keşp sferasynyň (dramatik we lirik) garşy goýulmagy simfoniýanyň dramaturgiýasyny düzýär. Sferalaryň her haýsysy birnäçe temalaryň üsti bilen görkezilendir. Lirik äheňler giriş bölüminiň ikinji we üçünji temalarynda, «Keçpelek» sazynyň motiwinde, ikinji bölümiň tüýdük sazynda ýüze çykýar. Dramatik keşpler girişiň ilkinji taktlarynda, şahyryň temasynda üçünji bölümdäki halkyň temasynda bellenilýär.

Keşp-tematik kontrast perde-tonal, faktura-garmonik serişdeleriň üsti bilen aýdyň tassyklanylýar. Kompozisiýanyň lirik gatlagy üçin natural-perde garmoniýasy, beýan etmäniň geterofon görnüşi häsiýetli bolup, dramatik başlangyç nusgawy-romantik stilistikanyň däplerinde beýan edilen: hromatizmleşdirilen mažor-minor ulgamy, işjeň işlenilme, ekspozisiýa we kulminasiýa pursatlarynda organ punktlarynyň we heň-ritmik ostinatonyň goşulmagydyr.

Magtymgulynyň keşbi simfoniýada esasy ähmiýete eýe bolup, onuň ykbaly kompozitoryň üns merkezinde bolýar. Dramatik we lirik taraplar şahyryň temasynda bir bitewüligi emele getirýär.

Kompozitor şahyryň durmuşyny aýdyň açyp görkezýär. Magtymgulynyň şeýle agyr ykbaly geçenligine garamazdan, onuň döredijiligi ýaşamagyny dowam edýär we akyl-paýhasyň, ruhubelentligiň, parasatlylygyň, halkyň buýsanjynyň tükeniksiz çeşmesi bolup durýar.

Simfoniýanyň kompozision shemasy:

37-nji shema

<table>
<tr><th rowspan="3">Kontrast düzümli forma</th><th>Giriş</th><th>I bölüm</th><th>II bölüm</th><th>III bölüm</th><th>IV bölüm</th><th>V bölüm</th></tr>
<tr><td>Lento dec.</td><td>Allegro</td><td>Andante</td><td>Allegro</td><td>Meno mosso</td><td>Allegro</td></tr>
<tr><td>60</td><td>211</td><td>57</td><td>128</td><td>22+74</td><td>165</td></tr>
<tr><td></td><td>f-moll</td><td>e-moll</td><td>cis-moll</td><td></td><td>e-moll</td><td>f-E</td></tr>
<tr><th rowspan="2">Sonata formasy</th><td>giriş</td><td>baş partiýa</td><td>kömekçi p.</td><td></td><td>kömekçi p.</td><td>baş partiýa</td></tr>
<tr><td></td><td colspan="2">ekspozisiýa</td><td>işlenilme</td><td colspan="2">repriza</td></tr>
</table>

22-nji mysal




W. Muhadowyň ejesine bagyşlan Üçünji simfoniýasynda (1985) hem sonata formasynyň özboluşly beýan edilişini görmek bolýar. Bir bölümden ybarat simfoniýa konflikt dramaturgiýasyna[7] esaslanandyr. Her haýsysy aýratyn keşp sferalaryny açyp görkezmäge gönükdirilen bölümler umumylykda sonata formasynyň esasy taraplaryny emele getirýär. Şol bir wagtda kompozisiýanyň içki bölünmelerini göz öňünde tutup, onuň gurluşyny kontrast-düzümli forma hökmünde hem kabul etmek bolar. Kompozisiýanyň giriş bölümi gaýgyly, meditatiw oý-pikirli keşbi janlandyrýan temalar zynjyryndan ybarat bolsa, I bölüm oňa görä has hereketli işjeň temanyň we onuň ösüşiniň görkezilişine bagyşlanan. II bölüm ýene-de lirik sfera gönükdirilip, onda intonasion babatynda biri-birine ýakyn bolan temalar öz beýanyny tapýar. III bölüm I bölümiň depginini gaýtaryp getirmek bilen, işjeň hereketli ýagdaýy beýan edýär. Simfoniýa lirik keşbe ýugrulan IV bölüm bilen tamamlanýar. Onda II bölümiň we girişiň temalary geçirilýär.

Şeýlelikde, kompozisiýada iki keşp sferasynyň, ýagny giriş, II we IV bölümlerdäki lirik, meditatiw, oý-pikirli we I, III bölümlerdäki işjeň hereketli sferalaryň gezekleşdirilip görkezilýändigi we olaryň hersiniň aýratyn bölümlerde jemlenendigi bellenilýär. Keşp sferalarynyň her haýsysy belli bir äheň toplumy bilen häsiýetlendirilendir. Mysal üçin, simfoniýanyň giriş funksiýasyny ýerine ýetirýän bölüminde gam-gussaly, meditatiw taraplaryň merkezi bolup «Keçpelek» halk heňi çykyş edýär. Bu keşbiň dürli gyranlaryny häsiýetlendirýän temalar bolsa, agynyň aýry-aýry motiwlerinden ösüp çykýar.

Simfoniýa birnäçe temadan ybarat bolan giriş bilen başlaýar. Altyň ýeke sesli solosy özüniň pessaý seslenişi bilen gaýgyly äheňleriň başlangyjydyr. Bu zaryn owaz goboýyň temasy bilen

[7] W. P. Bobrowskiniň kesgitlemesi.

öz dowamyny tapýar. Orkestriň käbir saz gurallarynyň (klarnet, waltorna, alt) goşulmagy bu ýerde howsalalyk alamatlaryny döredýär. Goboýyň temasy ýeke sesli beýan edilen bas klarnetiň temasy bilen dowam etdirilýär. Pes registrde ýaňlanýan bu saz özboluşly jemleme hökmünde eşidilýär. Dört sesli fakturada görkezilen horal häsiýetli saz «Keçpelegiň» heňiniň äheňlerini özünde jemlemek bilen, geçenki temalar zynjyrynyň jemlemesini emele getirýär. Şeýle-de bolsa, giriş orkestr köpsesliligi astynda dartgynly ýaňlanýan, kulminasion pursady özünde saklaýan geçenki temalaryň ösüşi hökmünde kabul edilýän jemleme bilen tamamlanýar:

Formanyň bu bölüminiň kabul edilişinde agy žanry temalaryň keşp-emosional tarapyny we faktura beýan ediliş prinsipini kesgitleýär: altyň ýalňyz solosy (birinji tema), onuň aýdyň dowamy bolup durýan, howsalaly äheň astynda geçirilýän goboýyň heňi (ikinji tema) we gam--gussaly başlangyjy güýçlendirýän bas-klarnetiň solosy (üçünji tema) we üflenip çalynýan agaç saz gurallarynyň kwartetiniň ýerine ýetirýän (2 fleýta, 2 fagot) «Keçpelek» temasy beýan edilýär.

Giriş bölümini düzýän temalar özbaşdak seredilip geçilenligine garamazdan, intonasion tarapdan öz aralarynda baglanyşýar. Tematik ýakynlyk heň we perde derejelerinde yzarlanylýar. Perde emele getirmäniň esasyny *g* frigiý düzýär. Şeýle-de bolsa, altyň ýerine ýetirýän birinji temasy beýgelýän ugra, mažoryň üçünji basgançagyndan birinjisine tarap hereketlenip, onuň birinji sözlemi garmonik mažorda ýaňlanýar. Ikinji sözlemiň ösüşi wariant çalşyklary bilen baglanyşykly: *h-b, a-as, c-ces*. Öňki mažordan diňe beýgelen VII basgançak galýar. Üçünji sözlem II we IV peselen basgançakly *g-moll'*da geçirilýär.

Ikinji tema (goboýyň solosy) *g* frigiý perdesini tassyklaýar we onuň perde bitewüligi VII beýgelen basgançagyň goşulmagy bilen bozulýar.

Üçünji tema (bas-klarnetiň solosy) takyk kesgitlenilen *d-moll* tonallygy bilen tapawutlanýar. Ol arassa, garmonik we goşa garmonik görnüşlerinde geçirilýär. Intonasion babatda bu tema basgançaklaýyn aşak hereket bilen baglydyr. Ol VI basgançakdan, oktawa üsti IV basgançaga çenli peselýär we perdäniň V basgançagynda säginýär. Geçenki temalardan tapawutlylykda iri ritmik şekil we metr ($^2/_2$, $^3/_2$), melizm bezegleriniň has azlygy gussaly keşbe sabyrlylyk, takatlylyk häsiýetini berýär.

«Keçpelek» temasynda II peselen we III beýgelen basgançaklary göz öňünde tutmak bilen, *g* kyrklar perdesini bellemek bolar.

Hasratly keşpleriň dürli çalşygyna häsiýetlilikde tembrleri bölmek girişiň tapawutly taraplarynyň biri bolup durýar. Agy äheňleri altyň we goboýyň üsti bilen berlen, gaýgyly we gazaply duýgular bas-klarnetiň ýerine ýetirmeginde görkezilen. Özünde hem mylaýym agyny, hem sabyr-takatly gussany jemleýän «Keçpelek» bolsa fleýtalarda we fagotlarda beýan edilen.

Girişde kompozitor arassa tembrleri ulanyp, solo saz gurallaryna berilýän orkestriň ýönekeý goltgusy bolsa, her temanyň keşp-pikir ähmiýetini belläp geçýär. Dramaturgik taýdan girişiň uly işlenilme bölüminiň esasy bolup hyzmat eden ikinji temasy wajyp ähmiýete eýedir. Tematizmiň ýaýbaňlandyrylmagyndan iki işlenilmäniň bardygyny çaklamak bolýar. Olaryň her haýsysy hem belli bir belentlige çenli ýetip tamamlanýar. Ikinji işlenilme tolkunynyň jümmüşinde täze tema peýda bolýar (trombonyň solosy). Mis saz gurallarynyň ýerine ýetirýän gysga, emma aýdyň punktir ritmi, pes tembri täze tematik özeniň çagyryş, erkin häsiýetini tassyklamak bilen görkezýär. Girişiň ikinji işlenilme bölegi hem şonuň esasynda gurulýar.

Girişiň ösüş bölegi temalary eksponirleme böleginden tembrleriň işjeň çalşyrylmagy bilen tapawutlanýar. Bu ýerde kirişliler we üflenip çalynýan mis saz gurallary ähmiýetli orun eýeleýär. Kulminasiýada orkestr tutti seslenişde berilýär. Ýetilen ses güýjüniň kem-kemden peselmegi I bölümiň ekspozision geçirilişine getirýär.

Bu bölüm temadan we onuň ösüşinden ybaratdyr. Tema tans häsiýetinde bolup, şol bir wagtda hem ýöriş äheňini beýan edýär. Bölümiň çäginde dabaraly, baýramçylykly ýöriş sazyny ýada salýan, şol bir wagtda, edermenligiň, mertligiň, gaýduwsyzlygyň temasy hökmünde kabul edilýän uly bolmadyk tema hem öz beýanyny tapýar.

I bölümiň esasy temasy fagotyň ýerine ýetirmeginde geçirilip, ol üç heň elementini özünde jemleýär: birinji element – *H-dur* tonallygynyň tersiýasyndan kwinta basgançagyna çenli baryp, soňra şol durnukly sesleriň owazlandyrylmagyndan ybarat; ikinji element – *H-dur* we *h-moll* tonallyklarynyň garmonik görnüşleriniň ýokarky tetrahordynyň çäklerinde geçirilýän basgançaklaýyn herekete esaslanan; üçünji element – *h-moll'*-yň IV basgançagyndan V basgançagyna çenli aşak hereketi emele getirýär:

23-nji mysal




Temanyň beýan edilişi, mažor esasyny tassyklaýan we repriza wezipesini ýerine ýetirýän ilkinji element bilen tamamlanýar. Bu tema gaýtalanýan iki sözlemden ybarat bolup, onuň soňky ýaýbaňlandyrylmasy bolsa, esasy materialyň ösüş bölegi bolup durýar.

Bölümiň dowamynda gaýduwsyzlyk, edermenlik ýaly häsiýetleri özünde jemleýän uly bolmadyk temanyň geçirilmegi (fagot, bas-klarnet, wiolonçel, kontrabas) bölümiň žanr başlangyjyny, ýöriş äheňini güýçlendirýär. Geçenki temadan tapawutlylykda, ol doly däl taktdan başlanýan, kwarta ses aralygyna bolan işjeň böküş bilen häsiýetlendirilýär. Bu böküş kulminasiýa nokadyna çenli kem-kemden beýgelýän herekete itergi, başlangyç bolup hyzmat edýär. Temanyň birinji sözlemi diatonik *a-moll* tonallygynda geçirilýär:

24-nji mysal

Ýöriş temasy




Ikinjisi bolsa, daýanç nokady kemeldilen sazlaşykdan ybarat bolup (*a-c-es-g*), basgançaklaýyn hereket bilen häsiýetlendirilýär. Temanyň ösdürilişi dartgynly ýagdaýda seslenýär.

Bu bölümiň esasy temasynyň we soňky geçirilýän gaýduwsyzlyk temasynyň arasynda hiç hili intonasion baglanyşygy duýulmasa-da, olaryň arasynda meňzeşlik pursatlary käbir ýagdaýlarda ritmik babatda ýüze çykýar.

Temalaryň her haýsysynyň beýan edilişinden soň, olaryň uly bolmadyk işlenilmesi geçirilýär. Olarda, adatça, motiw böleklerini we olaryň sekwension ösüşini ýaýbaňlandyrmak häsiýetli bolup durýar.

Sazyň kem-kemden haýallap, belli bir ýagdaýa gelmegi bilen, gaýgyly keşbi janlandyrýan lirik häsiýetli II bölüm başlanýar. Bu bölüm umuman lirik sferany açyp görkezmäge bagyşlanyp, geçen-

ki bölüme garşy goýulýar. Onuň dowamynda beýan edilýän tematik material özüniň dürli taraplary boýunça giriş bölümindäki temalar zynjyrynyň geçirilişini ýatladýar. Şeýle-de bolsa, intonasion babatda biri-birine ýakyn bolan temalar birinji temadan ösüp çykan wariant bolup eşidilýär.

Kirişli saz gurallarynyň döredýän çaýkanyp duran goltgusynyň astynda goboýyň zaryn ýaňlanýan solo sesi bu bölümiň esasy temasy bolup durýar. Iki sözlemden ybarat period formasynda görkezilen temanyň dowamynda *a* kyrklar perdesi aýdyň duýulýar:

25-nji mysal




Gaýtalanýan düzümli gurluşda beýan edilen temanyň ikinji sözlemi ses giňişliginiň göwrüminiň artdyrylmagy, heňiň esasy we goşmaça tonlarynyň owazlandyrylmagy, onuň improwizasion häsiýetli ösüşi arkaly giňeldilmä sezewar bolýar. Temanyň intonasion özeni *a-d* sesleri boýunça ýokary böküş we ol aralygy doldurma bilen bagly. Owazlandyrma elementleriniň barlygy, ownuk nota dowamlylyklarynyň agdyklyk etmegi, diapazonyň kem-kemden giňeldilmegi bu temanyň tüýdük sazlaryna ýakynlygyny tassyklamaga esas döredýär. Bulardan başga hem *a* durnukly sesde kyrklar perdesiniň girizilmegi bilen heňiň milli öwüşgini has-da artýar.

Bölümiň bu temasynyň geçirilmeginden soň onuň ýaýbaňlandyrma bölegi öz dowamyny tapýar. Onuň intonasion taraplary birinji bölümiň birinji temasynyň üç gezek geçirilişinden soňra beýan edilen tematik materialy ýatladýar. Orkestriň sesleriniň köpeldilmegi temanyň ösüşinde uly bolmadyk dartgynlylyk pursatyny döredýär. Sekwension ösüş kem-kemden peselip, ýene--de çaýkanyp duran goltgy beriji seslere getirýär. Bu gezek tema klarnetiň partiýasynda mažor öwüşginde geçmek bilen täzeçe ýaňlanýar. *D-dur* tonallygynda ýazylan tema uly bolmadyk göwrümde bolup, ol jemleýji funksiýany ýerine ýetirýän saz bölegi bilen tamamlanýar.

Simfoniýanyň III bölümi kompozisiýanyň esasy dartgynlygyny özünde jemleýän kulminasion pursat emele getirýär. Onuň dowamynda girişden, I we II bölümlerden tematik materiallaryň ulanylmagy bu bölüme sonata formasyndaky işlenilme bölüminiň funksiýasyny berýär.

IV bölümiň beýan edilişi aýratyn gyzyklanma döredýär. Ol öz içinde iki bölege bölünip, olaryň birinjisi II bölümiň temasyny görkezmäge bagyşlansa, ikinjisi giriş bölüminiň birinji temasynyň üýtgedilen görnüşini emele getirýär. Başdaky geçirilişlerinden tapawutlylykda, bu ýerde temalar ähmiýetli metr-ritmik üýtgeşmelere sezewar bolýar. Keşp sferalary boýunça biri--birine ýakyn bolan girişiň we II bölümiň tematik materiallarynyň simfoniýanyň ahyrynda peýda bolmagy eserde reprizalyk döredýär. Bu babatda waltornalaryň ýerine ýetirmeginde ýaňlanýan II bölümiň temasy gysgaldylan repriza hökmünde aýratyn orun eýeleýär. Tonal babatda birinji tema *c* frigiý perdesinde geçirilýär.

Simfoniýany tamamlaýan ikinji bölek giriş bölüminiň birinji temasynyň esasynda düzülen. Iňlis rožogynyň ýalňyz heňi we soňra goşulýan goboýyň owazy başdaky gaýgyly, gussaly ýagdaýy gaýtaryp getirýär. Özboluşly koda bolup ýaňlanýan bu bölek *e-moll* tonallygyna esaslansa--da üflenip çalynýan saz gurallarynyň, arfanyň we kirişli saz gurallarynyň partiýasynda *E-dur* tonallygyny tassyklamak bilen tamamlanýar.

Simfoniýa boýunça geçirilen derňewiň netijesinde sonatalylygyň häsiýetli taraplary has hem aýdyňlaşýar. Bu aýratyn hem, esasynda iki keşp sferalary bolan, konflikt dramaturgiýasynyň ulanylmagynda ýüze çykýar. Meditatiw häsiýetli sfera girişde, II we IV bölümlerde, işjeň hereketli sfera bolsa, I we III bölümlerde öz beýanyny tapýar.

Özboluşly düzülen uly göwrümli bölek bütin kompozisiýany açýan giriş bölümi bolup durýar. Onda beýan edilen üç özbaşdak tema biri-birini dowam edip, dramaturgiýanyň bir bitewi keşp--emosional sferasyny ösdürýär we kem-kemden «Keçpelek» heňine alyp gelýär.

Birnäçe temalaryň yzygiderliginden soň, kompozitor geçirilen saz materiallaryny ýaýbaňlandyrýan ösüş bölegini girizýär. Bu ýagdaý eksponirlenýän keşplere hem häsiýetli bolup durýar.

Iki temadan ybarat bolan I bölüm simfoniýanyň işjeň-hereketli taraplaryny açyp görkezmek bilen, funksional babatda sonata formasynyň baş partiýasyny emele getirýär. Gaýgy-gama, gussa gaplanan lirik keşbi beýan edýän II bölüm bolsa kömekçi partiýa mahsus bolup, onuň peýda bolmagy ýöriş sazly baş partiýa garşy goýulma bolup durýar. Olaryň kontrastlyk derejesi temalaryň depgini, häsiýeti, tonal taraplary bilen ýüze çykarylýar.

III bölümde giriş bölüminden, baş we kömekçi partiýalardan materiallaryň tematik we tonal babatda ösdürilmegini göz öňünde tutup, ony sonata formasynyň işlenilme bölümi hökmünde kesgitlemäge mümkinçilik döreýär. Bu bölümiň, esasan, baş temanyň gaýduwsyzlyk, edermenlik ýaly häsiýetlerini ösdürmäge bagyşlanmagy bilen, IV bölümde kompozitor diňe lirik sferany öňe sürýär we onda kömekçi partiýany täze görnüşde geçirýän gysgaldylan reprizany, şeýle-de giriş bölüminiň birinji temasynyň esasynda düzülen koda bölegini jemleýär. Bu saz materialy simfoniýanyň başynda we ahyrynda peýda bolup, özboluşly «köpri» emele getirýär we şol bir wagtda hem tutuş kompozisiýany bitewüleşdirýär.

Eseriň perde-tonal tarapy nusgawy mažor-minoryň görnüşleri bilen halk perdeleriniň arasyndaky özara utgaşdyrylmany beýan edýär. Girişiň birinji temasynyň üç sözlemi dürli-dürli perde-tonallyklarda geçirilýär. Onuň birinji sözlemi garmonik *G-dur*'da görkezilen bolsa, ikinjisi çalşyklar bilen (*h-b, a-as, c-cis*) beýan edilen. Temanyň üçünji sözlemi II we IV basgancaklary pes bolan *g* durnukly tonly minor perdesinde görkezilýär. Girişiň birinji we ikinji temalarynyň perde emele getirmeleriniň esasyny *g* frigiý perdesinde düzýär, üçünji temada bolsa, kompozitor *d- moll* tonallygyny dürli görnüşde beýan edýär.

Baş partiýanyň temalary hem dürli tonallyklarda geçirilýär. Meselem, onuň birinji temasy *H--dur* we *h-moll* tonallyklarynda görkezilip, *H-dur*'da tamamlanýar. Ikinji tema birinjisi bilen sekunda gatnaşygyny döredip, *a-moll* tonallygynda düzülen. Kömekçi partiýanyň temasy hem şol tona, ýagny *a* kyrklar perdesine esaslanan. Repriza geçirilişinde kömekçi partiýa ähmiýetli üýtgeşmeli *c* frigiý perdede geçirilýär.

Simfoniýanyň özboluşlylygy onuň tematizminde bolşy ýaly, bölümleriň perde-tonal gatnaşygynda hem ýüze çykýar. Konflikt dramaturgiýasy prinsipiniň saklanmagy bilen keşp sferalarynyň hersi birnäçe temalardan ybarat. Olaryň her haýsysy heň we tonal babatda gutarnykly bolsa-da, şol bir wagtda, beýleki bölümleriň tematizmi bilen umumy äheň toplumyny emele getirýär. Simfoniýa ýagty, umyt uçgunlaryny suratlandyrýan *E-dur* bilen tamamlanýar.

Eseriň umumy gurluşynyň shemasy:

38-nji shema

<table>
<tr><td rowspan="3">Kontrast düzümli forma</td><td>Giriş</td><td>I bölüm</td><td>II bölüm</td><td>III bölüm</td><td colspan="2">IV bölüm</td></tr>
<tr><td>Largo rubato</td><td>Allegro</td><td>Allegretto</td><td>Allegro</td><td>Energico con tutta forza</td><td>Adagio e rubato</td></tr>
<tr><td>140</td><td>144</td><td>127</td><td>164</td><td>57</td><td>30</td></tr>
<tr><td></td><td>g-d-g</td><td>H-h-H-b</td><td>a kyrklar, D</td><td></td><td>c frigiý</td><td>e-E</td></tr>
<tr><td rowspan="2">Sonata formasy</td><td>giriş</td><td>baş partiýa</td><td>kömekçi p.</td><td>(giriş, baş we köm.)</td><td>kömekçi p.</td><td>giriş</td></tr>
<tr><td></td><td colspan="2">ekspozisiýa</td><td>işlenilme</td><td>repriza</td><td>koda</td></tr>
</table>

## ÝEDINJI BAP

# RONDO-SONATA FORMASY

### § 1. Umumy maglumatlar

Türkmen saz sungatynda rondo-sonata formasy seýrek duş gelýändigine garamazdan, özboluşly görnüşlerde beýan edilmegi bilen tapawutlanýar. Rondo formasynda bolşy ýaly, ol hem esasan, toplum eserleriniň final bölümlerinde ulanylýar. Bu formada ýazylan eserlerden mysal hökmünde A. Kulyýewiň fortepiano üçin Sonatasynyň III bölümini, D. Nuryýewiň iki skripka, alt we wiolonçel üçin Kwartetiniň final bölümini, N. Halmämmedowyň Birinji simfoniýasynyň III bölümini görkezmek bolar. Eserleriň soňkysynda rondo-sonata formasynyň özboluşly çözgüdi öz beýanyny tapýar. Özboluşly aýratynlyk hökmünde bu ýerde refrenleriň arasynda epizodlaryň goşalaýyn geçirilmegidir. kompozitoryň romantizm akymy bilen berk baglanyşygy kompozisiýanyň täsirli öwüşginlere, kämil gurluşa eýe bolmagyna getirýär.

Rondo-sonata formasynyň beýan edilişine derňew arkaly seredip geçeliň.

### § 2. Rondo-sonata formasy ( D. Nuryýewiň iki skripka, alt we wiolonçel üçin kwartetiniň final bölümi we A. Kulyýewiň fortepiano üçin sonatasynyň III bölümi)

**D. Nuryýewiň iki skripka, alt we wiolonçel üçin Kwarteti** türkmen kompozitorlarynyň saz döredijiliginde kamera sazlarynyň aýratyn tapawutlanýan eserleriniň biridir. Toplumyň final bölümi gurluşy boýunça rondo-sonata formasynda ýazylan. Bu bölüm iki taktly giriş bilen başlaýar (*Allegro*) we göwrümi boýunça uly bolmadyk bu giriş kompozisiýanyň esasy tonallygy bolan *a-moll* tonallygyny beýän edýär. Alt we wiolonçel saz gurallarynda görkezilýän bu giriş soňraky dowam etjek refreniň goltgusy bolup hyzmat edýän fakturany hem görkezýär. Dinamik babatda hem giriş *f* bilen başlap, kem-kemden peselip, *p* gelişi soňraky başlanjak temanyň taýýarlygy bolup durýar.

Refren (**A**) halk heňlerini ýatladyp, milli aýratynlyklar bilen bagly bolan temany görkezýär. Dowam edýän girişiň fakturasynyň fonunda birinji skripkanyň partiýasynda geçirilýän tema gurluşy boýunça üznüksiz ösüşe eýe bolan bir sözlemden ybarat period formasynda ýazylan. Tolkun görnüşinde beýän edilen bu temanyň öz içinde aýratyn jümlelere bölünýändigini görmek bolýar. Onuň başdaky dört takty temanyň esasy özeni hökmünde kabul edilip, ondan gelip çykýan soňraky ösüş bu özeniň üýtgedilen wariant görnüşi bolup durýar:

26-njy mysal




Temanyň esasy tonallygy *a-moll* hökmünde bellenilse-de, türkmen halk sazlaryna mahsus bolan äheňleri görkezmek bilen, bu ýerde halk perdeleriniň alamatlary ähmiýetli orun eýeleýär. Onda II, IV, V basganҫaklaryň arassa we peselen görnüşlerinde ulanylmagy temanyň baý öwüşgine eýe bolmagyna getirýär. Minor perdesiniň çäginde hereket edýän bu alterasiýalaşdyrylan sesler temanyň milliligini artdyrýan esasy faktorlaryň biri bolup durýar. Temanyň ahyrynda *a* tony esasy durnukly ses hökmünde tassyklanylýar.

Refreniň temasynyň ikinji geçirilişi altyň partiýasynda üýtgeşme girizmezden gaýtalanýar. Bu bölekde birinji skripka we alt başdaky geçiriliş bilen deňeşdireniňde ýerini çalyşýar. Refreniň ahyrynda berilýän iki taktly jemleme, bir tarapdan, geçenki temany tamamlaýan bolsa, beýleki bir tarapdan, soňraky dowam etjek epizodyň, ýagny kömekçi partiýanyň (**B**) fakturasyny taýýarlaýar.

Häsiýeti boýunça marş žanryna ýakyn bolan kömekçi partiýa refrenden düýpli tapawutlanýar. Bu ýerde işjeň hereketli lirik figurasion tema ýiti punktirlerden ybarat bolan marş garşy goýulýar:

27-nji mysal






Birinji geçirilişinde ikinji skripkanyň we altyň partiýalarynda sesalyşma hökmünde her jümlede gezekleşdirilip berilýän tema strukturasy boýunça iki sözlemden ybarat bolan giňeldilen periody emele getirýär. Birinji sözlem öz içine gaýtalanýan iki jümlä bölünýär, skripkanyň başlaýan temasyny alt gaýtalaýar. Tema dowam edýän pursaty beýleki sesler *c-moll* tonallygynyň tonika üçemsesine esaslanyp goltgy berýär. Temanyň we beýleki sesleriniň beýän edilmeginde punktir ritmiň agdyklyk etmegi, wiolonçeliň *pizzicato* usulynda ýerine ýetirmegi bu ýerde marş žanryny alamatlandyrýar. Ikinji sözlemde skripka geçenki temany kwarta ses aralygy ýokardan gaýtalaýar. Onuň ikinji jümlesinde temanyň ýene-de öňki belentlige gaýdyp gelenligine garamazdan, subdominanta garmoniýasyna esaslanylmagy temany gutarnyksyzlyk ýagdaýda goýýar we ony dowam edýän soňky dört takt esasy tonallygy tassyklamak bilen tonikada tamamlanýar. Bu ýagdaý ikinji sözlemi giňeldilen gurluşda kabul etmäge mümkinçilik berýär. Soňraky dowan edýän alty takt funksional häsiýeti boýunça öňki periodyň jemlemesi ýaly bolup eşidilýär. Bu ýerde alt bilen wiolonçeliň ýerine ýetirýän tersiýasyz tonika üçemsesine skripkalaryň kwarta ses aralygy boýunça goşalandyrylan, frigiý perdesine esaslanýan heň öwrümi jogap berýär. Uly bolmadyk bu jemleýji bölüm kömekçi partiýanyň temasynyň görkezilişini tamamlaýar.

Kömekçiniň ikinji ýarymy temany ösdürmäge bagyşlanan. Ol skripkanyň partiýasynda temanyň birinji sözlemini *b-moll* tonallygynda gaýtalaýar. Bu ýerde tema kömekçiniň ekspozision görkezilişine has ýakyn bolsa, onuň soňraky dowamy dürli taraplary boýunça ösüş geçirýär. Sekwensiýalara esaslanan tema birnäçe tonallyklaryň üsti bilen ýene-de *c-moll'*a gaýdyp gelýär (*c-d-es-c-b-as-c*). Fakturanyň kem-kemden rahat ýagdaýa gelmegi, dinamikanyň peselmegi we depginiň haýallamagy bölümiň jemlemesini alamatlandyrýar.

Refreniň gaýdyp gelmegi bilen, baş tema we esasy tonallyk dikeldilýär. Bu bölüm rondo-sonata formasynyň ekspozisiýasynyň üçünji bölümi bolmak bilen, birinji refreni gaýtalasa-da, käbir ütgedilmeleri başdan geçirýär. Bu ýerde kompozitor polifonik ýazuw usulyny ulanmak bilen, temany kanonik imitasiýa görnüşinde berýär. Tema birinji skripkanyň partiýasynda başlaýar we çärýeklik dowamlylygyna deň bolan wagtdan soň ikinji skripkada tema kwarta aşakda täzeden başlaýar. Üznüksiz beýän edilýän temanyň dowamynda altyň

we wiolonçeliň partiýalarynda bu temanyň bölekleri sesalyşma hökmünde goşulýar. Frigiý perdesindäki heň öwrümleri bilen baş tema tamamlanýar.

Baş partiýanyň ikinji geçirilişi *b-moll* tonallygynda berilýär. Wiolonçeliň partiýasyndaky bu tema birinji refrende geçirilişi bilen deňeşdireniňde, düýpli tapawutlanýar. Bu ýerde tema takyk däl-de, üýtgedilen görnüşde berilýär. Häsiýeti boýunça ol ekspozisiýa bilen soňraky dowam etjek işlenilmäniň aralygyndaky baglaýjy funksiýany ýerine ýetirýär.

Formanyň ortaky bölüminiň epizod däl-de, işlenilme görnuşinde berilmegi rondo-sonata formasyna häsiýetli bolmadyk ýagdaýy emele getirýär:

28-nji mysal




Tematik materialy boýunça baş tema esaslanýan bu işlenilme tonal babatda hem durnuksyzlygy bilen tapawutlanýar. Esasy tonallyk hökmünde bu ýerde *f-moll* bolup, sekwensiýalar arkaly birnäçe tonallyklaryň alamatlaryny görmek bolýar.

Formanyň reprizasy ekspozisiýadaky bölüminiň üçüsini hem gaýtalaýar, emma başdakysyndan tapawutlylykda temalar gysgaldylan görnüşde berilýär. Reprizanyň birinji refreni wiolonçelden başlap, birinji skripka çenli sesleriň kem-kemden goşulmagyny we her sesde temanyň imitirlenmegi beýan edilýär. Bu ýerde tema *c-moll* tonallygynda görkezilýär. Temany dowam edýän baglaýjy bölek refreniň kömekçi partiýasynyň başlanmagyny taýýarlaýar. Re minorda berlen bu temanyň ekspozisiýasyndan tapawutlylykda diňe birinji geçirilişi berilýär. Ol soňraky alty taktly jemlemesi bilen *d-moll* tonallygyny tassyklap tamamlanýar.

Formanyň iň soňky refreni temanyň birinji geçirilişini, kompozisiýanyň esasy tonallygy bolan *a-moll'*da beýan edýär.

Kompozisiýa koda bilen tamamlanýar (*Allegro molto*). Baş tema esaslanan koda imitasion usulda gurlan, kodanyň ahyrynda frigiý perdesine esaslanan heň öwrümi peýda bolýar we dartgynlylygy güýçlendirmek bilen, kem-kemden dinamikanyň artmagyna getirýär. Final tonikanyň unison-oktawa seslenişi bilen tamamlanýar.

**Aşyr Kulyýewiň fortepiano üçin sonatasynyň III bölüminde** rondo-sonata formasynyň beýan edilişini derňäp geçeliň. Kompozitoryň konserwatoriýada okan ýyllary döreden sonatasy türkmen kompozitorlarynyň bu žanrda ýazan ilkinji eseri bolmak bilen, aýratyn özboluşlylyklary özünde jemleýär. Bu aýratynlyklary türkmen halk sazlaryna mahsus bolan taraplaryň sonatanyň häsiýetli aýratynlyklary bilen utgaşdyrylmagynda görmek bolýar. Üç bölümden ybarat bu sonata millilige ýugrulan. Kompozitor fortepiano sazynyň üsti bilen, dutaryň käbir çalyş usullaryny görkezmäge çalyşýar.

Sonata toplumyna häsiýetlilikde eseriň birinji bölümi sonata formasynda, ikinji bölümi üç bölümli formada we soňky bölümi rondo-sonata formasynda beýan edilendir. Milli öwüşgine aýratyn baý bolan üçünji bölüm bir tarapdan nusgawy strukturany görkezmäge ymtylýan bolsa, beýleki bir tarapdan romantik dünýägaraýşy beýan etmäge çalyşýar. Tokkata žanrynda ýazylan bu bölüm özüniň fakturasy boýunça türkmen sazyna häsiýetli bolan usullar arkaly isjeň hereketli, joşgunly dutar sazlaryny ýatladýar.

Ekspozisiýa bölümi rondo-sonata formasynyň strukturasyna laýyklykda üç bölümi özünde jemleýär, ýagny çetki refrenler – baş partiýalar we ortaky kömekçi partiýa. Ýeke seslilik bilen başlanýan tema tokkata žanryna häsiýetli bolan işjeňligi, joşgunlylygy bilen tapawutlanýar. Baş partiýany iki bölege bölmek bolar: tema we onuň ösüşi. Baş tema strukturasy boýunça on sekiz takt dowam edýän bir sözlemden ybarat bolan doldurmaly period formasyna laýyk gelýär. Temanyň gurluşynda sekwensiýa arkaly kem-kemden peselmeklik bellenilýär. Temanyň on dördünji taktynda durnukly sazlaşyga gelmek bilen, onuň tamamlanýanlygy duýulsa-da, ýene-de dört takt bilen goşulma dowam edilýär we durnukly sazlaşyk bilen jemlenýär.

Temanyň soňraky ösüşi onuň başda beýän eden fakturasyny biraz güreldilen görnüşde dowam edýär. Kwarta-kwinta we oktawa interwallaryna esaslanýan ösüşde diapazonyň has giňelip, ýokarky registrleri hem eýeleýändigini görmek bolýar. Ösüşiň tematizminde baş temanyň intonasiýasynyň esasynda emele gelen täze heň böleklerini hem eşitmek bolýar.

Baş partiýanyň esasy tonallygy *g-moll* bolup, temadan soňky dowam edýän ösüşde täze tonallyklaryň öwüşgini duýulýar. Bu ýerde esasy tonallyk subdominanta sferasyna degişli bolan *c-moll* tonallygyny II we IV basgançaklary peseldilen görnüşde ulanylýarlar. Baş partiýanyň ahyrynda tonika ostinatosy bu sesiň durnuklylygyny has-da artdyrýar.

Ekspozisiýanyň ortaky bölümi kömekçi partiýany beýan etmek bilen, dürli taraplary boýunça baş tema bilen kontrastlaşýar. Onuň temasy ölçegiň çalyşmagy bilen ($^3/_8$ - $^7/_8$) täze keşbi döredýär. *C* miksolidiý perdesinde beýan edilen kömekçi tema akkord gurluşynda geçirilip, ýagty, göwnaçyk häsiýeti bilen saza täze öwüşgin berýän iki sözlemden ybarat period formasynda gurulan bu temanyň inedördülliligi, gaýtalanýan düzümliligi bilen, formanyň häsiýetli taraplaryna esaslanýandygyny görmek bolýar. Tema aşaky registrde sekwensiýa usuly arkaly ýokarlygyna beýgelýän we giň diapazony eýeleýän ösüşi bilen dowam edilýär. Bu ýerde esasy tonallygyň taýýarlanylýandygyny hem duýmak bolýar.

Ekspozisiýanyň reprizasy baş tema häsiýetli bolan alamatlaryň gaýdyp gelmegi bilen aňladylýar. Bu ýerde baş partiýa başdaky geçirilişinden düýpli tapawutlanýar. Ol temany takyk

görnüşde däl-de, işlenilme, ösüş elementleri girizilen ýagdaýda beýan edýär. Formanyň ortaky bölümi – epizod (**C**) ýene-de ölçegiň çalyşmagy bilen ($^3/_8$ - $^6/_8$), sazyň lirik tarapyny ösdürýär. Onuň temasynyň biri-birine baglanyşyp gidýän düzümlerden ybarat bolmagy, hromatik sesleriň ulanylmagy üznüksizlik ýagdaýyny döredýar. Bu ýerde tema strukturasy we perdesi boýunça özboluşlylygy bilen tapawutlanýar. Onda diňe bir täze temanyň beýan edilmegi däl, eýsem işlenilmä mahsus aýratynlyklary hem yzarlamak bolýar.

Formanyň soňky bölümi bolan repriza baş tema bilen başlanýar we bu geçirilişinde hem özüne degişli bolan alamatlary dikeldýär. Tema umumy göwrümi boýunça ekspozisiýadaky geçirilişinden kän tapawutlanmaýan hem bolsa, onuň gurluşynda üýtgeşmeleriň bolup geçendigini bellemek bolýar, ýagny temanyň özi on üç takt dowam edýär, goşulmasy bolsa, alty takta deň gelýär. Temany dowam edýän onuň ösüşinde hem üýtgeşmeler bellenilip, onuň hem göwrümi boýunça gysgaldylandygyny aýtmak bolar.

Reprizada kömekçi partiýa hem (**B$_1$**) üýtgedilmelere sezewar edilýär. Bu ýerde faktura babatda ekspozisiýadaky ýagdaý saklanylsa-da, struktura we perde-tonal babatda özboluşly aýratynlyklar bar. Ekspozisiýada period formasynda görkezilen kömekçi tema reprizada hem şol struktura ýakynlaşýar, emma onuň birinji sözlemi sekiz takt däl-de, alty takt dowam edip, ikinji sözleme (*Maestoso*) geçýär. Bu ýagdaý tonallygyň üýtgedilmegi bilen bagly bolup durýar, ýagny tema *B* miksolidiý perdesinde başlanýar we doly tamamlanmadyk birinji sözlemiň ikinjä geçmegi bilen *G* miksolidiý perdesi görkezilýär. Rondo-sonata formasynyň reprizasyna laýyklykda kömekçi partiýanyň esasy tonallykda geçirilmegi bu ýerde başgaça çözgüdini tapýar, ýagny onuň birinji sözlemi ugurdaş mažor tonallygynda geçirilýar, ikinjisi bolsa, adybir mažor perdesinde beýan edilýar.

Reprizanyň soňky alty takty baş temanyň materialyna esaslanmak bilen, esasy tonallygy dikeldip, soňky refreniň funksiýasyny hem ýerine ýetirýär. Şol bir wagtda onuň gysgaldylan görnüşde beýan edilmegi we jemleme häsiýetine eýe bolmagy ony koda bölegine hem ýakynlaşdyrýar.

## SEKIZINJI BAP

# POLIFONIK FORMALAR

### § 1. Umumy maglumatlar

Monodiýa medeniýetleri tarapyndan polifoniýany, polifonik formalary özleşdirmek we ösdürmek baradaky meseleler nazary meseleleriň biri bolup durýar. Türkmenistanda köpsesli--lige ýüzlenmekde uly kynçylyklar ýüze çykypdyr. Bu kynçylyklar kompozitorlaryň milli saz däplerine zyýan ýetirmezden, olary köpsesliligiň şertlerinde ösdürmäge çemeleşendikleri bilen düşündirilýär.

Türkmen monodiýasy özleşdirilip başlan döwründe (1930-40-njy ýyllar) saz fakturasynyň gomofon-garmonik görnüşi höküm sürüpdir. Polifonik ýazuwyň elementleri kän ulanylmandyr. Türkmen halk aýdym-sazlarynyň esasynda ilkinji dörän eserleriň awtorlary bolan G. Litinskiý, S. Wasilenko, A. Şapoşnikow, Ý. Meýtus ýaly uly ussatlaryň polifonik ýazuwyny ökdelik bilen ulanandyklary şübhesizdir. Emma olar, esasan, gomofon-garmonik faktura daýanyp, bilkastdan polifoniýa kän ýüzlenmändirler. W. Gurewiç kompozitor A. Şapoşnikow baradaky kitabynda onuň 1940-50-nji ýyllarda hor üçin ýazan eserlerini derňäp, şeýle belleýär: «Käbir ýerlerde heňasty polifoniýanyň elementleriniň gabat gelýändigini belläliň,umuman alnanda bolsa, awtor polifonik usullary erkin girizmekden entek saklanýar we türkmen auditoriýasyny olary kabul etmäge kem-kemden taýynlaýar».

A. Şapoşnikowyň operalarynda faktura görnüşleriniň ewolýusiýasyny yzarlamak gyzykly bolup durýar. Mysal üçin, «Zöhre -Tahyr» (1939) operasynyň 1-nji redaksiýasynda kompozitor, esasan, gomofon-garmonik faktura daýanypdyr. Operanyň W. Muhadow bilen bilelikde ýerine ýetirilen 2-nji redaksiýasynda (1952) faktura beýany düýpli özgertmelere sezewar bolýar. Hor we orkestr esasynda öň hiç hili duýulmadyk imitasion-polifonik parçalar yzarlanýar. Käbir ýerlerde awtorlar kontrast (gapma-garşylykly) polifoniýanyň elementlerini girizýärler («çaknyşyk»-ansambllary, final). D. Öwezow bilen bilelikde döredilen «Şasenem-Garyp» operasynda (1944) polifoniýanyň we şol sanda «orkestr polifoniýasynyň» ähmiýeti örän ulydyr. Awtorlar inçelik bilen dürli görnüşli kanonik imitasiýalary, gapma-garşylykly polifonik parçalary girizýärler. Mysal hökmünde operanyň birinji şekilindäki sekiz sany özbaşdak heňli okteti, çylşyrymly polifonik usullarynda gurlan finaly görkezse bolar.

Şol ýyllarda ýaş kompozitorlar A. Kulyýewiň, D. Öwezowyň, W. Muhadowyň polifoniýa seýrek ýüzlenmekleriniň sebäpleriniň biri, olaryň kompozitorlyk ussatlygyna heniz ýetmeýänligi sebäpli düşündirilýär. Polifoniýalaşdyrmagyň heňasty sesleri, imitasiýa ýaly elementlerini özleşdirmegiň ilkinji mysallarynyň biri A.Kulyýewiň fortepiano üçin sonatasydyr.

1960-njy ýyllarda türkmen professional sazy üçin täze bolan žanrlary özleşdirmegiň döwri başlanýar, ilkinji nobatda kamera-instrumental we simfonik sazyň žanrlaryny: kwartet, kwintet, konsert, simfoniýa. Bu ýyllar täze köpsesli serişdeleriniň has düýpli gözlegleri bilen, milli mirasymyza has çuň çemeleşilmegi bilen tapawutlanýar. Kompozitorlaryň gözlegleri perde-tonallyk, garmonik diklik, saz materialyny ösdürilişiniň we işlenilmesiniň dürli usullaryny özleşdirmeklige gönükdirilýär. Bu döwrüň wajyp gazananlarynyň biri-de polifonik ýazuwyň heňastyly, imitasiýaly, gapma-garşylykly ýaly dürli görnüşlerini ulanmakdan ybarat. Polifonik usullaryň gerimi has giňeýär. Uly göwrümli toplumlaýyn eserlerde bolsa aýratyn polifonik formalar peýda bolýar. Mysal üçin, Ç. Artykowyň 1-nji kwartetinde (1962) gomofon-garmonik stiliň hökümlidigine seretmezden, polifonik usullary hem duş gelýär (II bölümde 1, 5, 6, 7, 8 wariasiýalarda, III bölümiň ortaky bölüminde). D.Nuryýewiň kirişli kwartetinde (1962) I bölümdäki 3-nji wariasiýa fugetta formasynda ýazylan, III bölümiň ortasynda girişiň leýttemasy çylşyrymly polifonik özgermä sezewar bolýar. N. Halmämmedowyň simfoniýasynda (1967) esasy kulminasiýanyň öň ýanynda ýaýbaň fugato ýerleşdirilipdir. A. Kulyýewiň kantatasynda (1967) hor partiýasy polifonik liniýalarynyň baýlygy bilen özüne çekýär.

Şol döwürde hem ilkinji gezek özbaşdak polifonik sazlar hökmünde ýazylan eserler döreýär. Olaryň hataryna N. Halmämmedowyň fortepiano üçin inwensiýasy, «Elegik prelýudiýa we fuga» toplumy, bäş bölümli «Türkmen polifonik depderi», Ç. Nurymowyň fortepiano üçin kanonlary, fugettalary we fugalary girýär. Aýratyn ünsi R. Allaýarowyň kirişli kwarteti (1967) özüne çekýär. Bu ýerde saz ösüşiniň serişdeleriniň arasynda polifonik başlangyç esasy orny tutýar.

1970-nji ýyllar polifonik žanrlaryny we polifonik usullaryny ulanmak ugrundaky gözlegleriň has hasylly döwri bolupdyr. Polifoniýa hem temany ösdüriji serişde hökmünde, hemem beýan ediji serişde hökmünde ulanylypdyr. Polifonik düzümler, usullar dürli žanrlara barha işjeň aralaşypdyr.

Özbaşdak polifonik eserleriň ençemesi döredilýär. Olaryň arasynda: Ç. Nurymowyň fortepiano üçin «Basso ostinato» wariasiýalary, A. Agajykowyň fortepiano üçin on sany fugasy, ýene-de orkestr üçin goşa fugasy, W. Muhadowyň fortepiano üçin «Prelýudiýa we fuga» toplumy, motetleri, D. Hydyrowyň kirişli kwartet üçin fugasy. Polifonik formalaryna B. Hudaýnazarow aýratyn üns berýär. 1975-76-njy ýyllarda ol kirişli kwartet üçin fugany, kamera orkestri üçin üçem fugany, fortepiano üçin alty fugadan ybarat bolan toplumy we goşa fugany döredýär.

Türkmen kompozitorlarynyň bu döwürde döreden eserleriniň köpüsi pikiriň ideýa-çeperçilik mazmunyny aýan etmäge gönükdirilen polifonik sungatynyň ajaýyp nusgalary bolup durýar. Polifoniýa we polifonik usullar türkmen sazynda barha ähmiýetli orny eýeläp başlaýar. Bu XX asyryň sazyna mahsus bolan polifoniýanyň umumy ösüşi bilen, şeýle-de öz esasynda monodiýaly bolan türkmen halk aýdym-sazlary üçin polifoniýanyň tebigydygyna has-da aýdyň düşünmek, akyl ýetirmek bilen baglanyşyklydyr.

Polifonik formalar has iri göwrümli simfonik we wokal-simfonik sazlarynyň, teatral eserleriň bölümi hökmünde ulanylýar. Olarda imitasiýaly polifoniýa gapma-garşylykly polifoniýa bilen birlikde durmuş hadysalarynyň giň panoramasyny beýan edýär.

Birnäçe mysal getireliň:

*N. Halmämmedow. Beýik Watançylyk urşunda wepat bolanlaryň ýadygärligine poema* (1974). Poemanyň merkezi bölümi – fugato. Onuň temasy agylara ýakyn. Kompozitor polifonik formany ulanmak bilen, sazyň emosional dartgynlygyny güýçlendirýär.

*R. Allaýarow. Kamera orkestri üçin simfoniýa* (1976). Tutuş simfoniýa linear-polifonikdir. Heň liniýalarynyň ýaýbaňlanmasynda hem imitasiýaly (kanonik sekwensiýalar, kanonik imitasiýalar, temanyň ulaldylan, öwrülen, ters görnüşinde geçirilmeleri) hem-de gapma-garşylykly

polifoniýanyň elementleri uly ähmiýete eýedir. Eser solistler ansambly üçin döredenligi sebäpli, orkestr polifoniýasynyň, ýagny politembr görnüşdäki polifoniýanyň wezipesi güýçlenýär.

*D. Nuryýew. «Gumlylar» simfoniýasy* (1979). I bölümiň (sonata allegrosy) işlenilmesiniň başlangyç tapgyry – baş tema esasynda gurlan fugato. II bölüm (*Adagio*) gurluşy boýunça üç bölümli. Onuň I bölümi we reprizasy – soprano ostinato wariasiýalary.

*W. Muhadow. A' kapella hory üçin poema* (1971). Poema bu žanrda ýazylan beýleki eserlerden polifonik usullaryň işjeň ulanylmagy bilen tapawutlanýar, olaryň üsti bilen poemanyň sazy üýtgeşik labyzlylyga we dramatizme eýe bolýar.

*N. Halmämmedow. Fortepiano we skripka üçin sonata*. II bölüm (*Andante*) üç bölümli formada ýazylan (A B $A_1$). Andanteniň birinji bölümi– üýtgemeýän temaly polifonik wariasiýalar, onuň ortaky bölümi – basso ostinato.

Barha ösýän professionalizm, milli tematizm üçin polifonik ýazuwyň ähmiýetini has aýdyň aňlamak, häzirki zaman kompozitorlyk tehnikasynyň güýçlenýän täsiri – bularyň hemmesi 1970-80-nji ýyllarda bolup geçen özboluşly polifonik «partlamany» düşündirýän sebäpler. Polifonik usullar ähli saz formalaryna aralaşýar, polifonizasiýalaşdyrylan we utgaşdyrylan kompozisiýalar döredilýär, fuga, fugato, ostinato wariasiýalary ýaly, polifonik formalaryň ähmiýeti ösýär.

Bu döwürde döredilen eserlere mahsus alamatlar – saz dokumasynyň doly polifonizasiýasy, linearlylyk. Bu alamatlar bolsa köp babatda türkmen halk heňleriniň aýratynlyklary, olaryň monodiýa esasy bilen şertlendirilýär. Polifonik usullar sazy ösdüriji serişdeleriň biri hökmünde türkmen kompozitorlyk mekdebiniň başlangyç tapgyrynda hem ulanylandygyny ýatlamak gerek. Gürrüňi edilýän döwrüň partituralarynda bolsa, linearlylyk wajyp faktura ýörelgesi we saz dokumasyny gurnamagyň iň möhüm serişdeleriniň biri bolupdyr. Temany işlemegiň nusgawy usullaryndan başga-da, saz materialyny ösdürmekde, esasan, imitasiýaly tehnika ulanylypdyr. Bu döwürde polifonik serişdeleri aleatorika, sonoristik effektleri, seriallyk bilen baýlaşdyrylýar (mysal üçin, Ç. Nurymowyň 3-nji kwartetiniň III bölümi).

Türkmen kompozitorlarynyň 1970–80-nji ýyllaryň ahyrynda döreden eserlerinde fakturanyň polifoniýalaşdyrylmagy şol döwrüň dünýä sazynyň stil akymlaryna ýakyn ýanaşypdyr. Onuň dil babatyndaky täzelikleriniň aglabasy polifoniýa hadysalary bilen bagly bolupdyr. Özüni döwrebap sazyň täze keşbinde barha ornaşdyrýan linear pikirleniş keseligiň we dikligiň gatnaşygyndaky durgunlaşan kanunlary aýdyň gowşadýar, bu bolsa has erkin we özbaşdak perde-mazmunly heň ösüşine itergi berýär. Bularyň soňkusy has wajyp bolup, perde-garmonik täzelenişiň başga çeşmesiniň kanunlaryna – halk sazyna kybap gelýär.

Watanymyzyň Garaşsyzlyk döwründe döredilen W. Muhadowyň 4-nji simfoniýasy, wiolonçel we orkestr üçin konserti, S. Tüýliýewiň № 1 we № 2 «Pendi nagmalary», J. Gurbangylyjowanyň fortepiano we orkestr üçin konserti, B. Hudaýnazarowyň «Ýaşyl ýodalar», şeýle-de milli kompozitorlarymyzyň beýleki uly göwrümli simfonik sazlarynda, köp sanly kantata-oratoriýa eserlerinde dürli görnüşli polifonik usullar saz keşplerini açmakda öz ähmiýetini ýitirmän, işjeň ulanylýar.Mundan başga-da, 2000-nji ýyllardan başlap, türkmen kompozitorlary tarapyndan kanon, inwensiýa, prelýudiýa, fuga, fugetta ýaly, «arassa» polifonik žanrlaryna we formalara ähmiýetli üns berilýär.

## § 2. Kanon (Ç. Nurymowyň fortepiano üçin 6 kanony)

Ç. Nurymowyň kanonlary kompozision çözgüdiniň ýönekeýligi we aýdyňlygy, fakturanyň durulygy bilen tapawutlanýarlar. Kompozitor kän bir çylşyrymly polifonik usullary ulanmaga çalşanok. Kanonlaryň ählisi iki sesli bolup, olar ýokarky sesden başlanýarlar. 2–6-njy kanon-

lar oktawalaýyn, 1-njisi sekstalaýyn ýazylan. Imitasiýalar diňe göni görnüşde bolup, olarda propostanyň heňi imitirleýji sesde, adatça, takyk gaýtalanýar. Kanonik sekwensiýa usuly işjeň ulanylýar. Sekwensiýanyň halkalary warýirlenmä sezewar bolýar. Aýratyn düzümleriň arasyndaky sezuralar aýdyň bellenen. Kanonlar üçin düzümleriň inedördülligi (4+4, 8+8) we aýdym žanryna häsiýetli bolan formany ulanmak mahsus: ikinji sözlemi takyk gaýtalanýan iki sözlemli period (a b b). Kanonlaryň perde esasy – türkmen halk sazlaryna mahsus bolan frigiý, eoliý, IV wariant basgançakly frigiý (IV arassa we IV $^{-}$) perdeler.

Kanonlar öz aralarynda tematik, gurluş, göwrüm taýdan tapawutlanýarlar.

**1-nji kanon** (*Con moto*) sekundalar boýunça aşaklaýan kanonik sekwensiýa görnüşinde düzülen. Ilkinji iki halka meňzeş, üçünji – wariant üýtgedilen. Dördünjide – imitirleme tamamlanýar, sekwensiýa diňe ýokarky sesde dowam edýär. Kanonyň göwrümi sekiz takt.

**2-nji kanon** (*Andante sostenuto*) iki perioddan ybarat. Olaryň birinjisi ekspozisiýadyr. Ol iki sözlemden ybarat. Ikinjisi soňlaýjy görnüşde beýan edilýär: ol kanonik sekwensiýa görnüşinde gurlan. Sekwensiýanyň esasynda birinji periodyň ahyrky heň öwrümi goýulan. Başky iki halkasynda imitasiýa takyk gaýtalanýar (sekwensiýanyň ädimi – tersiýa), üçünji halkada proposta we risposta öwrülen görnüşde geçýär. Ahyrky üç takt – kadensiýa. Kadaly imitirleme pýesanyň ahyryna çenli dowam edýär.

**3-nji kanon** (*Tempo di marcia*) – polifonik periodyň ýene bir görnüşi. Ol üç sözlemden ybaratdyr:

39-njy shema

$$\underset{4}{\mathbf{a}} + \underset{4}{\mathbf{a_1}} + \underset{6}{\mathbf{a_1}} \text{ (giňeldilmeli)}$$

Başdaky iki sözlem gaýtalanýan häsiýetli. Olaryň arasynda diňe bir tapawut bar – ikinji sözlem başdakydan tersiýa aşakda ýaňlanýar. Sekizinji taktda iki ses üçin umumy bolan sezura – birinji kadensiýa berilýär. Bu ýerde imitirleme wagtlaýyn togtadylýar. Üçünji sözlem ozalkyny takyk gaýtalaýar, ýöne onuň kadensiýasy has durnukly: iki taktyň dowamynda tonika sazlaşygy tassyklanylýar. $VII_6$–T garmonik formulasy (*a* frigiýde) üç gezek gaýtalanýar.

**4-nji kanon** (Andante con tristezze) has ýaýbaňdyr. Onuň iki bölümi göwrüm taýdan deň däldir:

40-njy shema

| **A** | **B** |
|---|---|
| 8 | 15 (+3 takt goşulma) |

Kanonyň birinji periody bitewi gurluşly. Ikinji bölümde kulminasiýa we kanonik sekwensiýanyň hasabyna giňelme bar. Ikinji periodyň başky sözlemi özünde kulminasiýany jemleýär. Ikinjisi birinjini sekunda aşakda takyk gaýtalaýar. Sekwensiýanyň indiki bölüminiň esasynda ozalky sözlem-halkalaryň soňlaýjy öwrümi ulanylýar. Soňlaýjy halkada propostanyň esasy äheňi täzeden gaýdyp gelýär, emma ol gysgaldylan we tonika alyp gelýär. Aşaky oktawa bolan kadaly, üznüksiz imitirleme sekwensiýanyň üçünji halkasynyň ahyrynda tamamlanýar. Pýesany esasynda $II_{35}$-T garmonik formulasy bolan üç taktly goşmaça bölek soňlaýar.

**5-nji kanon** (*Con moto*) – ýagty öwüşginli, hyjuwly, labyzly, häzirki zaman intonasiýalaryna we ritmlerine esaslanan pýesa. Kanon gurluşy boýunça üç bölümlidir:

41-nji shema

| **A** | $\mathbf{A_1}$ | **A** |
|---|---|---|
| 12 | 15 | 16 |

Kanonyň esasy tapawutly aýratynlyklarynyň biri gomofon-garmonik serişdeleriň kulminasiýany güýçlendirýän usul hökmünde ulanylmagydyr.

Birinji bölüm üç sözlemden ybarat bolan polifonik periody emele getirýär:

42-nji shema

**a + b + b**

4 4 4

Her sözlemiň gutarmagy imitirlemäniň gysga wagtlaýyn kesilmegi bilen alamatlandyrylýar. Üçünji sözlem ikinjini oktawa ýokarda gaýtalaýar. Onuň ahyry pýesanyň ikinji bölüminiň başy bilen gabat gelýär, şonuň netijesinde hem bölümleriň arasyndaky sezura düzlenýär.

Ikinji bölümde tutuş toplumyň dowamynda ilkinji gezek imitasiýanyň başy aşaky sese berilýär. Birinji bölümdäki kanonyň başlangyç sözlemi bu ýerde «öwrülen» görnüşde geçýär, ýagny sesler ýerini çalyşýarlar. Soňraky ösüş kanonik sekwensiýadan ybaratdyr. Onda halkalaryň göwrümi kem-kemden kiçelýär. Şonuň netijesinde faktura has çylşyrymlaşýar: sekwensiýa dykyz akkord sazlaşyklarynyň girizilmegi bilen tamamlanýar. Birinji sözlemi şertleýin sekwensiýanyň birinji halkasy diýip hasaplap bolar, indiki iki halka birinji sözlemden alnan başky ikitaktlylykda gurlandyr. Dördünji we bäşinji halkalaryň esasynda şol ikitaktlylykdan alnan joşgunly kwarta intonasiýaly motiw berilýär. Bu ýerde ilkinji gezek gomofon faktura girizilýär: heň interwal sazlaşyklary bilen goldanýar (tersiýa we kwarta). Sekwensiýanyň kulminasiýa nokady – ýokarky sesiň kwarta intonasiýasynyň we goltgyndaky tersiýanyň (soňky iki halkanyň başyndan alnan) bitewi akkord sazlaşygyny emele getirmegi:

29-njy mysal



Üçünji bölüm – repriza. Ol kulminasiýanyň iň beýik derejä ýeten pursatynda başlanýar, oňa ikinji bölümiň ösüşi alyp gelýär. Birinji bölümiň materialy takyk gaýtalanýar we başdan-aýak *f* dinamikasynda geçýär. Kanon dört taktly goşulma bilen tamamlanýar.

**6-njy kanon** (*Animato*) iki bölümden ybaratdyr:

43-nji shema

| **A** | $\mathbf{A_1}$ |
|---|---|
| 12 | 11 |

Birinji bölümiň gurluşy:

44-nji shema

| 1-nji sözlem | 2-nji sözlem | 3-nji sözlem |
|---|---|---|
| **a** | **b** | $\mathbf{b_1}$ |
| 4 | 4 | 4 |

Kanonda tutuş toplumyň dowamynda ilkinji gezek üçünji sözlem ikinjini oktawa aşakda gaýtalaýar. Şeýlelikde, ýokarky registrde geçýän ikinji sözlem ýerli kulminasiýanyň funksiýasyny öz üstüne alýar. Ol dinamika bilen hem nygtalýar: **a** sözlemi *mf*-de ýaňlanýar, ***b*** *– f*-de**,** onuň gaýtalanmasy – *mf*-de berilýär. Ikinji we üçünji sözlemler kadensiýanyň görnüşi bilen hem tapawutlanýar (perdäniň V basgançagyndaky ýarym kadensiýa we I basgançagyndaky soňlaýjy kadensiýa). Üç sözlemiň hemmesiniň tamamlanmasy imitirlemäniň kesilmegi bilen kesgitlenilýär.

Ikinji bölüm birinji bölümiň materialy bilen başlanyp, ol oktawa ýokarda geçirilýär. Ikinji sözlem üýtgedilýär. Onuň birinji jümlesi tersiýa aşak geçirilýär, ikinjisi bolsa üýtgäp, perdäniň I basgançagyndaky durnukly kadensiýa getirýär. Üçünji sözlemiň ornuna uly bolmadyk giňelme berilýär, ol ýene bir gezek kwarta-kwinta sazlaşygyny tassyklaýar.

Ikinji bölümiň gurluşy:

45-nji shema

| 1-nji sözlem | 2-nji sözlem |
|---|---|
| **a** | **b** |
| 4 | 7 |

Repriza (III bölüm) takykdyr.

## §3. Fuga (Ç. Nurymowyň fortepiano üçin iki sesli fugasy)

Ç. Nurymowyň bu pýesasy ýeke tonallykly fuganyň mysaly bolup durýar. Ol göwrümi boýunça uly däldir we polifonik kompozision tilsimleri ulanyşda ýönekeýdir. Onuň formasy iki bölümlidir:

46-njy shema




Tema akgynly we hoş owazlydyr. Ol türkmen halk sazyna mahsus bolan II basgançagy wariantly (arassa we peseldilen) eoliý perdede saklanandyr. Esasy ton – *mi* sesi:

30-njy mysal




Ekspozisiýada nusgawy fugalara mahsus bolan temanyň we jogabyň kwarta-kwinta gatnaşyklary saklanandyr. Jogap realdyr. Ol temany diňe intonasion däl-de, eýsem perdeleýin gaýtalaýar.

Garşyheň saklanandyr. Ol temanyň üçünji gaýtalanmasyna hem hemra bolýar, ýöne bu gezek ol biraz üýtgedilýär. Temanyň galan ähli geçirilişleriniň hersi täze garşyheň bilen kontrapunktlaşýar.

Temanyň we garşyheňiň polifonik birleşmesini erkin dowam edýän intermediýa üç halkadan ybarat sekwensiýany emele getiýär.

Birinji ekspozision bölüm *a-e* kwinta sazlaşygynda kadensiýa bilen tamamlanýar.

Ikinji bölüm tonika bilen dominantada gezek-gezegine temanyň dört gezek geçirilişini öz içine alýar. Olardan birinjisi we ikinjisi uly bolmadyk intermediýa bilen tamamlanýar. Olar, birinji intermediýa ýaly, temanyň we garşyheňiň ozalky kontrapunktik birleşmesini erkin dowam edýärler.

Temanyň soňlamanyň öň ýanyndaky geçirilişi kulminasiondyr. Fugany esasy tonallykda geçýän tema we uly bolmadyk goşulma tamamlaýar.

## § 4. Fugetta (Ç. Nurymowyň fortepiano üçin fugettasy)

Fugetta 1968-nji ýylda çap edilen polifonik pýesalar ýygyndysynyň içinde ýerleşendir. Fugetta uly bolmadyk ýeke tonally iki sesli fuganyň mysaly bolup durýar. Tema diňe esasy we dominanta tonallyklarynda bäş gezek geçirilýär.

Bu iki tonallyklaryň tutuş eseriň dowamynda höküm sürmegi fugettanyň tonal meýilnamasynyň aýratynlygy hökmünde bellärliklidir. Ýagny, diňe bir tematik böleklerde däl, eýsem intermediýalarda hem tonikanyň we dominantanyň çäklerinden çykylmaýar:

47-nji shema




Fugettanyň temasy şirin owazlylygy we birsydyrgynlygy bilen tapawutlanýar. Onuň perde-tonal özeni türkmen halk sazyna mahsus bolan IV wariant basgançakly ($IV^{-}$ we IV arassa) frigiý perdesidir. Tema bir tonallydyr, emma ol perdäniň IV basgançagyndan başlaýar. Şunuň bilen onuň *g-moll* tonallygyna degişliligi bir-az soňra kesgitlenýär. Tema perdäniň V basgançagy bilen tamamlanýar:

31-nji mysal




Jogap realdyr, ýagny ol *d-moll* tonallygynda geçirilýär. Onuň soňky öwrüminde temanyň birinji taktyndaky intonasiýasy aýdyň eşidilýär:

32-nji mysal




Ekspozisiýany iki halkadan ybarat ýönekeý sekwensiýa görnüşinde üç taktly intermediýa tamamlaýar. Ikinji halka üýtgetmeler bilen birinjini gaýtalaýar:

33-nji mysal




Ýokardaky mysaldan görnüşi ýaly, intermediýanyň esasynda temanyň başlangyç öwrümindäki intonasiýa ýatyr.

Temanyň indiki geçirilişi (bu gezek dominantaly) ýokarky sese berkidilen. Ony çalyşýan intermediýa bolsa, birinji intermediýanyň özboluşly öwrülen warianty bolup durýar, ýagny birinji intermediýadaky aşaklygyna hereket edýän sekwensiýadan tapawutlylykda, ikinjide sekwensiýa ýokarky registre gönükdirilen, mundan başga-da, birinji intermediýanyň düzümindäki temanyň başlangyç intonasiýasy ikinji intermediýada öwrülen görnüşde ulanylýar:

34-nji mysal




Temanyň üçünji geçirilişi ikinji intermediýa bilen bilelikde ösüş tolkunyny emele getirýär. Bu bolsa tutuş eseriň kulminasiýasyna getirýär we tonika kwartasynda aýdyň kadans bilen tamamlanýar.

Kadansdan soň we fugettanyň ahyryna çenli emosional dartgynlylygyň düşüşi yzarlanýar. Bu bolsa ýokarky registrden aşaka kem-kemden geçişde we soňky tonika akkordynyň *p*-da ýaňlanmagyna eltýän *diminuendo*’da beýan edilýär.

Tema formanyň bu bölüminde iki gezek – esasy tonallykda we şol bir aşaky registrde ýaňlanýar (ilki bilen ikinji sesde, yzyndan birinjide). Temanyň geçirilişlerini üçünji, has ýaýbaň intermediýa bölýär. Ol iki bölekden ybarat. Birinjisi – kanonik sekwensiýa. Onda temanyň birinji taktyndaky şol bir äheň ösdürilýär. Ikinjisi – ýönekeý sekwensiýa:

35-nji mysal




Fugetta gadymy polifonik formalara mahsus bolan mažor tonikasynyň tassyklanmasy (minor perdesinde) bilen tamamlanýar.

Fugettanyň kompozisiýasy iki bölümli forma has golaý diýip hasaplaýarys. Birinji bölümi iki ekspozision geçirilişi + temanyň goşmaça (D) geçirilişi we başdaky iki intermediýa düzýärler. Tonika kwartasyndaky aýdyň kadans bütin fugettanyň ösüşiniň kulminasion nokady bolup durýar we ol birinji bölümden ikinjini bölüp aýyrýar (12-nji takt). Ikinji bölümde dartgynlylyk peselýär. Ol temanyň iki gezek geçirilişinden (T) we olary bölýän ýaýbaň intermediýadan düzülýär:

48-nji shema

I bölüm (11,5 tt.) II bölüm (9,5 tt.)




Formanyň traktowkasynyň ýene bir warianty mümkindir:

I bölüm – ekspozisiýa (temanyň başdaky iki gezek geçirilişi we birinji intermediýa);

II bölüm – işlenilme (temalaryň üçünji we dördünji geçirilişleri + ikinji we üçünji intermediýalar);

III bölüm – gysylan repriza (temanyň bäşinji gezek geçirilişi + soňlama).

## § 5. Fugato (I. Haýdarowyň fortepiano üçin sonatasy)

I. Haýdarowyň fortepiano üçin sonatasy 1972-nji ýylda döredildi. Ol bir bölümden ybaratdyr we adatça bolşy ýaly, sonata allegro formasynda ýazylandyr. Sonatanyň kompozisiýasy nusgawy ýönekeýligi we aýdyňlygy bilen tapawutlanýar. Onda iki esasy tema bar: ýagty optimistik baş tema (*a-moll*) we näzik, nepis kömekçi tema (*fis-moll*). Baglaýjy partiýa tematik özbaşdaklyga eýe däldir we baş partiýanyň elementlerinden düzülendir. Sonatada tamamlaýjy partiýa ýokdur.

Işlenilme bölüminde temalaryň yzygiderliligi saklanylýar. Onda has işjeň baş partiýanyň temasy ilki fugato görnüşinde, soňra bolsa, gomofon (az-kem polifoniýalaşdyrylan) düzümiň dolanmagy bilen tonal, registr, faktura taýdan işlenilýär. Kömekçi partiýanyň peýda bolmagy üznüksiz dinamik ösüşiň dowamy hökmünde kabul edilýär. Onuň intonasiýasynda bolsa tutuş sonatanyň esasy kulminasiýasy gurulýar. Temalaryň arasyndaky keşpleýin gapma-garşylyk kem-kemden ýazylýar. Gaýtalamada temalaryň ikisi-de gysgaldylan görnüşde geçýär. Sonatany esasy temanyň materialynda düzülen koda tamamlaýar.

Işlenilme bölümini fugato bilen başlamak adaty kompozision tilsimdir. Ol ekspozisiýada beýan edilen tematik materialyň işjeň ösmegine ýardam berýär. I. Haýdarowyň sonatasynda baş partiýanyň birinji dört taktly sözlemi fugatonyň temasynyň esasy bolup hyzmat edýär. Baş partiýanyň başyny we fugatonyň temasyny deňeşdireliň:

36-njy mysal

a) baş partiýa




b) fugatonyň temasy




Mysallardan görnüşi ýaly, «korrektirleýji» alamatlaryň (soňlaýjy öwrümiň üýtgedilmegi, iki ülüşli ölçege geçiş, birnäçe «artykmaç» notalaryň gysgaldylmagy) ýardamy bilen baş partiýanyň başlangyç intonasiýasy polifonik temanyň häsiýetine – heň babatynda aýdyň labyzly, keşp taýdan relýefli we gutarnykly tezisiň görnüşine eýe bolýar.

Temanyň bir sesli beýany bilen işlenilme bölüminiň başy öň ýany gelen gomofon beýany bilen «ýagtylyk-kölege» kontrasty aýdyň effekti emele getirýär.

Fugato üç sesli. Temanyň sesler boýunça girişmeginiň tertibi şeýle:

49-njy shema




Şunuň ýaly tertip seýrek duş gelýär, çünki däp boýunça nusgawy polifoniýada fugalaşdyrylan formalaryň ekspozisiýalarynda, adatça, gyraky ses soňky bolup girişýär, sesleriň birinji jübüti bolsa, düzgün boýunça, goňşy sesleriň jübüti bolup durýar.

Olaryň tonal meýilnamasy hem nusgawy fugalara we fugatolara mahsus bolan esasy we dominanta tonallyklarynyň gezekleşdirme ýagdaýynda berlendir: T – D – T (*h-fis-h*).

Tema üç geçirilişinde hem üýtgewsiz berilýär. Garşyheň saklanylmadyk. Temanyň ortaky sesde geçirilişinde garşyheňleriň ikisi-de fakturanyň aşaky böleginde ýaňlanýar. Şeýle etmek bilen, olar tema deňhukukly bolan kontrapunktlaryň däl-de, eýsem esasy heňiň hemrasy bolan sesleriň funksiýasyny ýerine ýetirýärler. Şeýlelikde, kem-kemden gomofon-garmonik gurluşa hem-de esasy partiýanyň temasynyň işlenilme bölüminiň ikinji tapgyryna geçiş amala aşyrylýar.

## § 6. Ostinato wariasiýalary (N. Halmämmedowyň skripka we fortepiano üçin sonatasynyň II bölümi)

N. Halmämmedowyň skripka we fortepiano üçin sonatasy kompozitoryň stiliniň doly taba getiren eserleriniň biridir. Eseriň üç bölümi (aýdyň öwüşginli dinamik sonata allegrosy, içki dartgynlyk bilen doldurylan Andante we dramatik finaly) özara baglanyşykly bolup, dramaturgiýa taýdan kämil derejedäki kompozisiýany emele getirýärler.

Sonatanyň ikinji bölümi topluma girizilen polifonik wariasiýalaryň nusgasydyr. Andante çylşyrymly üç bölümli formada ýazylandyr. Onuň çetki bölümleri saklanan heňde, ortakysy bolsa, ostinato başynda gurulandyr. Bu bölümiň kompozision shemasy aşakdaky görnüşe eýe bolýar:

50-nji shema

| A | B | $A_1$ | koda |
|---|---|---|---|
| Soprano ostinato wariasiýalary | Basso ostinato wariasiýalary | Soprano ostinato wariasiýalary | |
| Birinji tema we 9 sany wariasiýa | Ikinji tema, 3 sany wariasiýa we baglaýjy bölüm | Birinji tema we 2 sany wariasiýa | |
| 40 | 28+13 | 12 | 8 |

Eseriň birinji (ostinato temasyna wariasiýalar) we ikinji bölümleri (basso ostinato wariasiýalary) iki gezek gaýtalanýar.

Andante az sözli, bir görnüşli ritm hereketinde saklanan temanyň bir sesli beýanyndan başlanýar. Tema örän labyzly. Onda sowal bar, ol çuň gizlenen gowgany, alada we kanagatsyzlyk duýgularyny beýan edýär:

37-nji mysal




Tema tonal taýdan açyk, şol sebäpli wariasiýalaşmanyň ähli soňraky ösüşi uly bitewülige, akgynlylyga eýe bolýar.

Toplum bitewi zowwamlaýyn ösüşe baglanandyr. Wariasiýadan wariasiýa tolgunma we alada duýgulary barha ösýär. Saz akymy formanyň «granit kenarlary» bilen – temanyň rehimsiz ostinatosy bilen saklanýar. Kulminasiýa ýedinji wariasiýada ýetilýär, onda tema ozal diňe kontrapunktirleýji seslere mahsus bolan gowgaly sekizlikleriň hereketi bilen eýelenýär we gurşap alynýar. Soňky iki wariasiýada dartgynlylyk gowşaýar. I bölümiň bu tamamlaýjy bölegi özboluşly togtadylma meýdançasyny emele getirýär, ol basso ostinato toplumy we oňa ýakyn ýanaşykly dinamizasiýalaşdyrylan we sintetik repriza üçin badalga bolup hyzmat edýär.

Işlenişiň esasy usuly hökmünde polifonik wariasiýalaşma saýlanyp alynýar. Ol imitirleme, dikligine-süýşýän kontrapunkt, heňastylar ýaly dürli görnüşlerde beýan edilýär. Şonuň bilen birlikde polifonik ösüş gomofon ösüş bilen düýpli utgaşýar: sesler dürli interwallara goşalanýar, faktura akkord sazlaşyklary bilen baýlaşdyrylýar.

Wariasiýalar iki bölüme bölünýär. Olaryň birinjisinde tema bir sesde geçýär, ikinjisinde (altynjy wariasiýadan başlap) – kwarta we kwinta goşalandyrmada geçýär. Jemleýji wariasiýada ol ýene-de bir sesde ýaňlanýar, ýöne belentlik babatynda üýtgeýär (ozal temany kwarta we kwinta goşalandyrýan sesiň belentligi).

Andanteniň birinji bölümi gurluş taýdan juda özboluşlydyr. Daşyndan göräýmäge ol temanyň wariasiýalarynyň adaty yzygiderligini görkezýär. Ýakyndan syn edeniňde bolsa, wariasion toplumyň kompozision gurluşynyň kanon formasy bilen utgaşýandygy ýüze çykýar, ýagny, forma iki sany bir sesli zolaklaryň gatnaşygynda esaslanýar. Olaryň biri (proposta) fortepiano berlipdir we tutuş ösüşiň dowamynda fakturanyň ýokarky böleginde saklanýar. Ikinji zolak (risposta) skripkada ýerine ýetirilip, tutuşlygyna we takyk (käbir aýry ýagdaýlary hasaba almazdan) görnüşde birinjini gaýtalaýar. Ol şu shema görnüşine eýe bolýar:

51-nji shema

| | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| skripka | | | a | a | b | c | a | $a_1$ | $a_1$ | $a_1$ |
| fortepiano | a | a | b | c | a | $a_1$ | $a_1$ | a | a | |

ýa-da

52-nji shema

| | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **A** | **$A_1$** | **$A_2$** | **$A_3$** | **$A_4$** | **$A_5$** | **$A_6$** | **$A_7$** | **$A_8$** | **$A_9$** |
| | | $T^V$ | $T^V$ | $G_1$ | $G_2$ | $T^V$ | $T^V$ | $T^I$ | $T^I$ |
| $T^V$ | $T^V$ | $G_1$ | $G_2$ | $T^V$ | $T^V$ | $T^I$ | $T^I$ | $T^V$ | |

*Bellik: $T^V$ - V basgançakdan beýan edilýän tema, $T^I$ – perdäniň I basgançagyndan beýan edilýän tema.*

Shemadan görnüşi ýaly, imitasiýalaşma usulyndan başga dikligine süýşýän kontrapunkt ulanylýar. Şeýlelikde, dördünji wariasiýa ikinjiden, bäşinjisi – üçünji wariasiýadan gelip çykýar.

Kanon iki-dört sesliligiň fonunda geçýär, bu bolsa ony goltguly kanon hökmünde kesgitlemäge mümkinçilik berýär.

Wariasiýalaryň köpüsinde tema üýtgemän galýar. Ilkinji gezek ol ýedinji, kulminasion wariasiýada öz intonasion keşbini üýtgedýär, ol sekizlikleriň akymyna siňýär:

38-nji mysal

Skr.



Dokuzynjy wariasiýada temanyň heň şekiline uly bolmadyk üýtgeşmeler girizilýär. Olar wariasiýa jemleýji häsiýet berýär. Bu, öz gezeginde, birinji wariasion toplumyň formasyny ýapyk, baglanan görnüşe getirýär we Andanteniň soňraky bölüminiň başyny takyk araçäklendirýär:

39-njy mysal




Heňiň ostinatolygynda fakturalaýyn täzeleniş adaty bolup durýar. Bu bolsa, derňelýän eserde hem görünýär. Faktura kem-kemden baýlaşýar. Birinji wariasiýada tema bir kontrapunktlaýjy ses goşulýar, ikinjide olar eýýäm iki sany, şeýle hem wagtal-wagtal üç seslilige geçilýär, üçünjide sesleriň sany artmaýar, emma olaryň hersi dürli interwallara goşalandyrylýar. Temanyň soňraky geçirilişlerinde kontrapunktlaryň sany iki ýa-da üç bolup, käbir wariasiýalarda olar sesleriň goşalanmasy bilen berilýär.

Garşyheňler örän labyzly, öz ugruna gyzykly we äheň taýdan tema ýakyndyr. Tutuş toplumyň dowamynda diýen ýaly tema her gezek gaýtalananda «wariasiýa» (garşyheň), käte bolsa iki «wariasiýa» bilen birlikde ýaňlanýar:

40-njy mysal




Esasy sesde gadagan bolan heňiň üýtgedilmegi ýanalýan sese aralaşýar. Bu bolsa, ostinato heňiniň polifonik wariasiýalaşmagynyň görnüşleriniň biridir:

41-nji mysal



Garşyheňleriň özi-de wariasiýalaşýar. Hakykatdan, her bir täze garşyheň ozalkynyň warianty bolup durýar. Mysal üçin, ostinato heňiniň altynjy we ýedinji geçirilişine berlen heňastylar şeýledir:

42-nji mysal






Fakturalaýyn wariasiýalaşma bilen birlikde tembr-registrleýin wariasiýalaşma hem bellenilýär. Ol heňiň tembr we registr taýdan üýtgemesinde, ýagny  wagtal-wagtal bir saz guralynyň partiýasyndan beýlekä, bir oktawadan başga oktawa geçmegi bilen beýan edilýär.

Wariasiýalaşma heňiň garmoniýalaşmasyna hem täsir edýär. Onuň her bir geçişi täze garmonik öwüşginler bilen bezelip, tolgunma we gowga duýgusyny has-da  artdyrýar.

Andanteniň birinji we ikinji bölümleriniň arasyndaky çäk aýdyň bellenilýär: tematizmiň aýdyň bellenen çalyşmasy bolup geçýär, telim gezek gaýtalanýan pikir-temanyň hereketiniň, dinamikasynyň, tonallygynyň, fakturasynyň görnüşi üýtgeýär. Täze ostinatoly ritm-intonasion formula diňe fortepiano partiýasynda geçirilýär. Şeýlelikde, ol ikinji tematik zolak – skripkanyň heňi üçin häsiýetli fony düzýär.

Andanteniň ortaky bölümi gadymy wariasiýalaryň erkin traktowkasynyň mysaly bolup durýar: gaýtalanýan geçirişlerde  tema üýtgemän galmaýar. Ol göwrüm we ses güýji, tonal we faktura taýdan wariasiýalaşýar, kem-kemden has belent registrleri eýeleýär, işjeň goşalanmalar we akkord seslenmeleri bilen doldurylýar. Temanyň özi-de üýtgeşik. Ol esasynda töwerekleýin, «aýlanýan» äheňi bolan dört taktly öwrümden ybarat. Tema iki sany elementden gurulýar: başky iki taktda on altylyklaryň birahat hereketi (hereketiň şeýle görnüşi birinji toplumyň wariasiýasynda hem duş gelýär) we ikinji ikitaktlylykda tonikanyň erjel ritmi:

43-nji mysal




Wariasiýalarda gezekli-gezegine  temanyň birinji ýa-da diňe ikinji, ýa-da iki elementleri-de üýtgeýär. Gurluş-göwrüm nukdaýnazaryndan Andanteniň ikinji wariasion toplumynyň shemasy indiki görnüşe eýe bolýar:

53-nji shema

| | | | |
|---|---|---|---|
| $T_2$ | I war. | II war. | III war. |
| B | $B_1$ | $B_2$ | $B_3$ |
| 4 | 10 | 6 | 8 |
| *h* | *h* | *h* | *e h* |

Fortepianodaky ostinato figurasyna skripkanyň joşgunly temasy goşulýar. Ol giň böküşler, dürli görnüşli passažlar, sekwension ädimler bilen doldurylypdyr:

44-nji mysal




Skripkanyň birinji jümläni  jemleýän joşgunly owazy aýratyn labyzlydyr. Şol bir tonuň gaýtalanmagyna esaslanan bu ritmik motiw reprizany hem alanyňda tutuş soňraky ösüşiň içinden eriş-argaç bolup geçer. Reprizada birinji bölümiň temasy onuň täsiri bilen güýçli özgermä sezewar bolýar: ol lirik temadan dramatik tema öwrülýär.

Andanteniň ikinji bölüminiň başyna gaýdyp gelmek bilen (onuň repriza gaýtalanmasynda), dramatik güýçlenmäniň täze, has ýaýbaň we güýçli tolkuny başlanýar, ol kem--kemden, yzly-yzyna tutuş ikinji bölümi, modulirleýji uly baglaýjyny, kodaly reprizany öz içine alýar.

Modulirleýji sep wajyp dramaturgik ähmiýete eýe bolýar. Ol ikinji bölümiň tematik elementlerini işjeň özgerdip, ony dowam edýär. Şol bir wagtyň özünde-de onda birinji wariasion toplumyň äheň materialy kem-kemden gaýdyp gelýär. Fortepiano partiýasynyň ýokarky sesinde birinji bölümdäki (ostinato heňine wariasiýalar) garşyheňiň bir wariantynyň äheňleri aýdyň eşidilýär (ozal belleýşimiz ýaly, ol temanyň warianty bolup durýar). Şeýlelikde, baglaýjy sepde diklik boýunça Andanteniň başky iki bölüminiň iň wajyp pursatlary utgaşýar: skripkanyň temasyndan äheňler (ikinji bölüm), garşyheňler (birinji bölüm), olary basso ostinato temasynyň ikinji elementi doldurýar (tonika sesiniň gaýtalanmagy); ol puls beriji akkordlara öwrülýär:

45-nji mysal



Birinji bölümiň reprizasy ösüş tolkunynyň iň belent nokadynda, kulminasiýa pursatynda peýda bolýar. Bitewi zowwamlaýyn ösüş bölümleriň arasyndaky çägi bozýar. Fortepianonyň dykyz akkordlary bilen goldalýan skripkanyň temasy aýgytly, dramatik ýaňlanyp, tutuş ozalky ösüşiň netijesi hökmünde kabul edilýär. Yzly-yzyna toplumyň saklanan heňli iki soňky wariasiýasy berilýär. Heňiň umumy intonasion sudurlary saklanyp galýar, emma ritmik şekili ritmik motiwiň göni täsiri bilen düýpli üýtgeýär:

46-njy mysal




Soňky on birinji wariasiýada (ol iki gezek gaýtalanýar) birinji bölümiň polifoniýalaşdyrylan fakturasy gaýdyp gelýär. Ol bas registrinde ýaýradylan oktawa görnüşinde berlip, garşyheňli altynjy wariasiýa bilen mese-mälim baglanyşýar.

Kodada dartgynlylygyň güýji iň ýokary derejä ýetýär. Andante ritmik motiwiň hökmürowan, talapkär tassyklanmasy bilen tamamlanýar.

## DOKUZYNJY BAP

# WOKAL FORMALAR

Türkmenistanyň wokal medeniýeti halk we professional sazynyň dürli şahalaryny öz içine alýar. Halk sazy folklor aýdym nusgalaryndan we bagşyçylyk sungatyndan ybaratdyr. Häzirki zaman professional sazy bolsa, täze döwrüň kompozitorlyk sungaty bilen görkezilendir. Biziň ýurdumyzyň medeni taryhynda wokal sazy esasy orunlaryň birini eýeleýär. Ol beýleki žanrlar (simfonik, opera, kamera-instrumental, hor we beýlekiler) üçin döredijilik laboratoriýasy hökmünde hyzmat edýärdi we häzirki döwürde hem hyzmat etmegini dowam edýär. Onda heň, intonirleme, forma emele getiriş, sazyň we sözüň, wokal we goltgy berýän partiýalaryň, sintezleme meselesi babatynda gözlegler amala aşyrylýar.

Türkmen kompozitorlyk mekdebiniň düýbüni tutujylaryň biri hem D. Öwezow. Awtoryň döredijilik mirasynda operalar, wokal-hor eserleri, aýdymlar we romanslar öz beýanyny tapýar. Olaryň käbirinde ýönekeý iki bölümli forma ulanylýar. Oňa mysal hökmünde kompozitoryň Magtymgulynyň goşgusyna döreden «**Gözleriň**» aýdymyny getirse bolýar. Şahyr öz goşgusynda gyz garaýşynyň gözelligi we emosional täsiri hakynda oýlanýar.

Aýdymyň kompozisiýasy iki bölümden ybarat – zapew we gaýtalama. Eser uly bolmadyk instrumental giriş bilen başlaýar. Onda aýdymyň II bölüminiň heňinden parça eksponirlenýär. Unison beýan edişde melizmleriň agdyklyk etmegi sazyň «gündogar» häsiýetini tassyklaýar.

I bölüm, heň tarapdan alanyňda, iki sözlemden ybarat periody emele getirýär. Olaryň hersinde jümlelere aýdyň bölünmek bellenilýär. Başlangyç we soňky sözlemiň ilkinji jümleleri biri-birine ýakyn. Ikinji jümleler warýirlenen. Ikinji sözlemde soňky jümle iki gezek geçirilýär.

Garmonik babatda, başlangyç period geljekki tonal ösüşiň «jarçysy» bolup durýar (*a-moll*: t-VI moll-III-D). II bölümiň emosional we tonal ösüşi III basgançagyň garmoniýasy bilen taýýarlanylýar.

Gaýtalama kulminasiýa pursatynda ugurdaş do mažorda başlaýar. Bu bölüm formanyň funksional ösüşinde, halk-professional aýdym-sazlaryna häsiýetli bolan şirwan bölegine ýakyn. Zapewe garanyňda gaýtalama emosional, registr, perde, dinamik babatda kontrast döredýär. Gaýtalamanyň esasynda fortepiano girişiniň heň öwrümi ýatyr. Uly bolmadyk bu heň bölejigi sözleme çenli ösdürilýär. Bu sözlem iki gezek geçirilýär. Gaýtalama tematik repriza – I bölümiň ikinji sözlemi we esasy perde bolan lýa minorda geçirilýän uly bolmadyk instrumental kadensiýa bilen tamamlanýar.

Aýdymyň gurluş shemasy:

54-nji shema

| giriş | A | geçiş | B | kadensiýa |
|---|---|---|---|---|
| **b** | **a** + **$a_1$** | | **$b_1$** **$b_2$** **$a_2$** | |
| 4 | 4 7 | **1** | 6 7 7 | 4 |
| *C → a* | *a-moll* | | *C-dur → a-moll* | *a-moll* |

**D. Öwezowyň «Toý güni» aýdymynda** (goşgusy G. Burunowyňky) Garagum derýanyň gelmegi bilen halkyň şatlygy, buýsanjy görkezilýär. Bu eserde ýönekeý iki bölümli kompozisiýanyň çäklerinde kompozitor bagşylaryň aýdymlaryna häsiýetli bolan formany ýewropa struktura prinsipleri bilen ýakynlaşdyrýar. Bu bolsa, girişiň we soňlamanyň funksional ähmiýetiniň artmagy arkaly amala aşyrylýar.

Aýdymyň gurluşy:

55-nji shema

| giriş | A | | | | | | C | geçiş | Koda |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **a/c** | **\|\|: a :\|\|** | goşulma | **b** | + | goşulma | | **\|\|: a :\|\|** | | |
| 19 | 8 | 7 | 6 | | 4 | | 12 | 4 | 6 |
| *e-moll* | *A-dur* | | *a-moll* | | | | *e-moll* | | *e-moll* |

Shemadan görnüşi ýaly, forma emele getiriji, tematik, perde-garmonik taraplardan bu aýdym ýönekeý iki bölümli formany ulanmakda gyzykly tejribe bolup durýar.

Eser uly wokal-instrumental giriş bilen başlaýar. Wokal partiýasynda solmizasiýada geljekki bent heňiniň daşky görnüşi beýan edilen, fortepianonyň partiýasynda bolsa, gaýtalama bölüminiň intonasiýalary eşidilýär. Şeýlelikde, polifoniýanyň heňasty usulyny ulanmak bilen, kompozitor ilkinji taktlardan aýdymyň ähli tematizmini eksponirleýär.

Aýdymyň I bölümi iki heňe esaslanýar. Birinji heňiň beýan edilişinde, bent gurluşyna häsiýetli bolan «goşa periodlylyk» formasynyň prinsipleri ulanylandyr. Başlangyç heň iki gezek gaýtalanyp, uly goşulmaly period derejesine çykýar. Ikinji heň gönüden-göni birinjiniň logik ösüşi bolup durýar. Ol bir gezek geçýär, ýöne onda hem goşulma bölegi bar. Heňleriň esasy aýratynlygy olaryň «ýagtylyk-garaňkylyk» garmonik effektini kesgitleýän perde kontrastlygynda (mažor-minor) jemlenýär.

II bölüm göwrümi boýunça uly däl. Onuň heňine intonasion babatda I bölümiň tematizmi ýakyn. Tonal-garmonik meýilnamada heňiň beýan edilişi nusgawy ýewropa formasynyň funksional ösüşiniň prinsiplerine, ýagny, dominanta ugrukdyrylmasyna laýyk gelýär.

Akkompanement partiýasynda kompozitor esasy sesi dublirleme usulyny, akkord fakturasyny, poliritmik utgaşdyrylmany ulanýar.

Ýönekeý iki bölümli formanyň ulanylan gyzykly nusgasyny **A. Kulyýewiň «Все равно» aýdymynda** (goşgusy Magtymgulynyňky, rus diline terjime eden Ý.Waliç) görmek bolýar.

Beýik şahyr ýigidiň mertebesini we pesligini kesgitleýän taraplar – mertlik we namartlyk barada pikir öwürýär. «Все равно» şahyrana jümlesi refren hökmünde ulanylyp, awtor ony dürli durmuşy ýagdaýlar bilen baglanyşdyrýar.

Eser hor üçin döredilen. Onuň formasy ýönekeý iki bölümlidir. Her bölümiň içki ösüşi jümlelere bölünmek we olaryň polifonik utgaşmalary bilen baglydyr.

Aýdym uly bolmadyk fortepiano girişi bilen başlaýar. Ol heň materialyna esaslanmaýar we horuň girişini tonal tarapdan taýýarlaýar.

Öň bellenilişi ýaly, bölümleriň içinde iri jümlelere bölmek häsiýetlidir. I bölümiň heňini eksponirlemegi bas sesine tabşyrylýar. Bu heň öwrümini altyň, soňra bolsa, tenoryň we sopranonyň gaýtalamagy dürli tonal (tonika we dominanta) belentligi bilen bagly bolýandygy gyzyklanma döredýär:

56-njy shema

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| **S** | - | - | - | T(D | D org. punkty |
| **A** | - | T(t) | T(t) | - | T(t) |
| **T** | - | - | T(D) | D org. punkty | - |
| **B** | T(t) | T(t) | D org. punkty | - | T(t) |

Uly bolmadyk instrumental bölegi aýdymyň ugurdaş mažordaky (Es-dur) II bölümine getirýär. Başdaky perioddan tapawutlylykda, bu ýagdaýda imitasion polifoniýanyň we garmonik ostinato prinsipleri utgaşdyrylyp ulanylan.

Aýdymyň gurluşy:

57-nji shema

| giriş | **A** | geçiş | **B** | jemleme |
|---|---|---|---|---|
| 4 | 16 | 4 | 16 | 2 |
| *cis* | *cis* | | *E → cis* | |

Daşky shematik inedördülliligi ýagdaýyna garamazdan, A. Kulyýewiň aýdymy polifonik beýan etme usulynyň we heň materialynyň ösüşiniň ulanylan mysallarynyň biri bolup durýar.

Instrumental sazlarynda bolşy ýaly, wokal eserlerinde hem ýönekeý iki bölümli forma has çylşyrymly gurluşyň bir bölegi hökmünde hem ulanylyp bilinýär. Muňa mysal edip, **A. Agajykowyň «Altyn elli Altyn gyz»** atly wokal kompozisiýasyna (goşgusy G. Bäşiýewiňki) seretmek bolar.

Goşgynyň lirik häsiýeti owadan, zähmetsöýer we zehinli türkmen gözeliniň keşbini janlandyrýan wals žanrynyň üsti bilen beýan edilendir. Uly girişi we jemlemesi bar bolan bu aýdym ýagty öwüşginlere baýdyr.

Awtoryň pikiri reprizaly çylşyrymly iki bölümli formada öz beýanyny tapýar we onuň her bölümi ýönekeý iki bölümli formany beýan edýär:

58-nji shema

| giriş | **A** | **B** | | **C** | **B** | jemleme |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | **a** **$a_1$** | **c d c d** | ∨ | **b** **$b_1$** | **c d** | **d** |
| 32 | 8 + 3 8 + 3 | 8 8 8 8 | 5 | 12 8 | 8 8 | |
| *g* | *g* | *c g c g* | | *B g* | *c g* | *g* |

Çylşyrymly iki bölümli formanyň I bölümi ýönekeý iki bölümli formadadyr. Birinji periodda her sözlem uly bolmadyk instrumental sazy bilen tamamlanýar. I bölümiň ikinji periody inedördül gurluşda düzülendir. Ol iki gezek geçirilýän iki sözlemden ybaratdyr. Bu ýagdaý wokal eserlerinde giňden ulanylyp, ol şahyrana esas bilen baglanyşykly bolýar.

Çylşyrymly iki bölümli formanyň II bölümi däp bolan ýönekeý iki bölümli formada ýazylandyr. Edil I bölümde bolşy ýaly, ol reprizasyz berilýär. Şeýle-de bolsa, I we II bölümleriň ikinji periodynyň heňleriniň biri-birine ýakynlygyny görmek bolýar. Umuman, aýdym reprizaly çylşyrymly iki bölümli forma laýyk gelýär.

Kompozision mümkinçilikleriň çylşyrymly däldigine garamazdan, ýönekeý iki bölümli formanyň görnüşleri, köplenç, formanyň bölümlerini – periodlary düzýän struktura çözgütleriniň köpdürliligi bilen baglanyşykly bolýar. Bu ýagdaý aýratyn hem N. Halmämmedowyň romanslarynda yzarlanylýar.

Şeýle-de bolsa, eger türkmen kompozitorlarynyň öz wokal eserlerinde ýönekeý iki bölümli formany ulanyşlaryny yzarlasak, onda bu formanyň ösen bir bölümli we üç bölümli strukturalar bilen deňeşdirilende az ulanylýandygy ýüze çykýar. Munuň sebäpleriniň käbirleri şular bolmagy mümkin:

- heň materialynyň eksponirlenişiniň gysga wagtlylygy;
- heň materialynyň ösdüriliş mümkünçilikleriniň çäkliligi;
- iki bölümli strukturalaryň folklor we halk-professional nusgalarynda seýrek ulanylmagy.

**D. Nuryýewiň «Ночной ветер» («Gijeki şemal»)** atly eseri R. Seýidowyň goşgusyna ýazylyp, a’kapella hory üçin niýetlenilendir. Bu eserde tebigatyň, gijäniň, şemalyň we Aýyň keşbi suratlandyrylandyr. Hor üçin niýetlenilen bu aýdym ýönekeý üç bölümli formada ýazylandyr. Onda gahryman şemala sowal berip, onuň bilen söhbet edýär. Birinji we üçünji bölüm özüniň aýdym-beýan edijilik häsiýeti bilen dinamik reprizadan tapawutlanýar.

Formanyň başlangyç we jemleýji bölümlerinde beýan edijilik intonasion, faktura, dinamik meýilnamalarda ýüze çykýar.

Birinji bölüm iki sözlemden ybarat perioddyr. Birinji bölümiň başy esasy intonasiýanyň bir sesli girişi bilen tapawutlandyrylan: perdäniň I basgançagyndan V basgançagyna ýokaryk böküş we onuň basgançaklaýyn doldurylmagydyr. Bu intonasiýanyň jemlemesinde horuň beýleki sesleri goşulýarlar. Sesleriň her biriniň esasy pikiri dolduryan indiwidual goşgy tekstini beýan edýändigini bellemek gerek. Beýan etmedäki heňasty häsiýeti saz dokumasynyň akgynlylygyna, onuň bitewüligine ýardam berýär.

Heň we şahyrana ugruň wariantlylygyna baglylykda periodyň ikinji sözleminiň başy şertlidir. Şahyrana tekstiň jarçylary birinji sözlemiň heňastysynda öz beýanyny tapýar. Bölümleriň ikisi hem intonasion babatda biri-birine ýakyndyr. Başlangyç jümläniň jemleýji motiwi birinji sözlemiň ösüşiniň esasynda ýatyr. Horuň perde-dramaturgik çözgüdi hem aýratyn gyzyklanma döredýär. Birinji bölümde sazyň melanholik häsiýeti frigiý-miksolidiý perdesiniň çalşygynda görkezilendir:

59-njy shema

| **1-nji sözlem** | **2-nji sözlem** |
|---|---|
| *a* frigiý | *C* miksolidiý |

Ikinji bölüm – *A-dur*’yň tonal-garmonik sesleniş zolagy. Beýan etmäniň akkord gurluşy, temanyň melodeklamasion häsiýet bilen utgaşýan aýdyň dinamika ikinji bölümi horuň kulminasion bölegine öwürýärler.

Repriza wariant görnüşde üýtgedilen: saz materialynyň ritmik ownadylmagynyň hasabyna giňeldilen, garmonik babatda aýdyňlaşdyrylandyr (mažor tonika bilen tamamlanmak).

Eseriň gurluş shemasy:

60-njy shema

| **A** | | **B** | | **$A_1$** | |
|---|---|---|---|---|---|
| **a** | **$a_1$** | **b** | **$b_1$** | **$a_2$** | **$a_3$** |
| 6 | 6 | 4 | 4 | 7 | 9 |
| *a* frig. *C* miksol | | *A-dur* | | $a \rightarrow A$ | |

A’kapella hory üçin ýazylan **«Когда ты спишь»** atly eser R. Seýidowyň sözlerine ýazylandyr. Eserde lirika gaplanan gijäniň, ukynyň we ümsümligiň keşbi janlandyrylandyr. Hor ýönekeý üç bölümli forma eýedir.

Birinji bölüm we repriza biri-birinden şahyrana häsiýeti bilen tapawutlanýar. Birinji bölümde gijäniň keşbi açylyp görkezilýär, reprizada bolsa, Günüň dogşy we şapak suratlandyrylýar.

Hor eseriň esasy heň intonasiýasyny eksponirleýän erkekler partiýasynyň girizilmegi bilen başlaýar (*Andante*). Akgynly heň tonika tersiýasyna daýanmak we onuň owazlandyrylmagynda düzülendir (tenorlaryň partiýasynda). Baslarda has dowamly seslerde garmonik goltgy beýan edilen (t-$II_2$-VII-t we ş.m.). Funksional bas sesleriň heň hereketiniň hasabyna ösdürilendir. Eger esere hor seslerini bölmek nukdaýnazardan seretsek, onda birinji bölüm üçin tenoryň we basyň solo hökmünde çykyş etmegi häsiýetli bolup durýar (deň derejede).

Aýallar horunyň girizilmegi heňastynyň owazlandyrylmagy bilen baglydyr.

Ortaky bölümde söwer ýara bolan mähirli arzuwlar beýan edilendir. Ol täze tematik materialda düzülen. Bu ýerde kontrast perde we metr-ritmik derejelerde ýüze çykýar.

Birinji bölümiň (*h-moll*) gaýgyly ýagdaýy ortaky bölümiň has ýagty seslenişi bilen çalşyrylýar (*a* frigiý).

Dört ülüşli ölçegiň kadaly hereketine derek $^6/_8$ ölçegdäki wals häsiýetli ýeňil saz gelýär. Şeýle-de bolsa, kontrast örän güýçli derejede ýüze çykmaýar, hor partiýalarynyň funksional ähmiýetleri hem saklanyp galynýar. Altlar, sopranolar diňe heň babatda has köpsesli bolýarlar. Baslar we tenorlar bolsa, solo ýerine ýetirmeklerini dowam etdirýärler. Olaryň tematizmi, ýokarky sesleriň owazly heňiniň tersine deklamasion häsiýete eýedir.

Repriza tematik babatda wariasiýalaşýar we formasy boýunça giňeldilendir. Öň diňe aýallar partiýasyna häsiýetli bolan heňiň heňastysy bas sesine hem aralaşýar. Horuň seslenişiniň umumy amplitudasy artdyrylýar, saz dokumasy bolsa has-da güreldilýär. Sesleriň kem-kemden peselmegi keşp babatda atyp gelýän daňy suratlandyrýar.

Eseriň gurluşy:

61-nji shema

| **A** | | **B** | | **A**$_1$ | |
|---|---|---|---|---|---|
| **a** | **a**$_1$ | **b** | **b**$_1$ | **a**$_2$ | **a**$_3$ |
| 6 | 6 | 4 | 6 | 6 | 8 |
| *h-moll* | | *a* frigiý | | *h-moll* | |

**D. Nuryýewiň a'kapella hory üçin «Степь моя»** eseri XVIII asyryň türkmen şahyry Seýdiniň goşgusyna ýazylandyr. Şahyr öz döredijiligini beýik duýgy bolan söýginiň ähli taraplaryny açyp görkezmäge bagyşlaýar. «Степь моя» goşgusy şahyryň mähriban tebigatynyň gözelligine, onuň düzlüklerine, owadan öwüşginlerine bolan buýsançly duýgularyny beýan edýär. Goşgynyň emosional babatda açyklygyndan tapawutlylykda onuň sazy joşgunly hereketlerden, baý seslenişden saklanýar.

Eser ýönekeý üç bölümli formada ýazylyp, onuň her bölümi period formasyny emele getirýär. Çetki bölümler tematizmi, perde-garmonik çözgüdi, fakturasy boýunça biri-birine meňzeş. Ortaky bölüm bolsa, tonal, garmonik, faktura we dinamik babatda kontrast girizýär.

Hor, aýallar sesleriniň beýan etmeginde, temanyň eksponirlenmegi bilen başlaýar. Kompozitor polifoniýanyň imitasion we heňasty usullarynyň utgaşdyrylmagyny ulanýar.

Sopranolaryň saklanylan ostinatosynyň fonunda alt sesinde frigiý öwrümi eşidilýär. Sesleriň arabaglanyşygy erkekler partiýasynda heňastylaryň girizilmegi bilen baýlaşdyrylýar. Perdäniň frigiý öwüşgini sesleriň hersiniň heň jümlelerinde II peselen basgançagyň tapawutlandyrylmagy bilen tassyklanylýar.

Heňastyly gurluş akkord fakturasy bilen çalşyrylýar, bu bolsa, ikinji sözlemiň başlanmagyny alamatlandyrýar. Doly sesli hor beýan edilişi tebigata bolan söýgi we buýsanç duýgusyny tassyklamak bilen baglydyr.

Ikinji bölüm ähli babatda özüniň has işjeňligi bilen tapawutlanýar: intonasion, depgin, agogik, ritmik. Dominantanyň tonal sferasy, *D-dur – d-moll* perde wariantlarynyň ulanylmagynda ýagtylyk-tümlük öwüşgini, heňiň punktir we sinkopaly ýitiligi, onuň uçuşly häsiýeti – bularyň ählisi ortaky bölümiň sesleniş aýratynlyklaryny kesgitleýän taraplary bolup durýar. Umumy dinamik meýilnama saz dokumasynyň akkord gurluşynda beýan edilmeginde saklanyp galynýar.

Fakturanyň ýagtylanmagy, birinji bölümiň materialyna gaýdyp gelmek reprizanyň başlanandygyndan habar berýär.

Reprizada goşgy teksti üýtgedilen saz materialy gaýtalanylýar.

Eseriň gurluş shemasy:

62-nji shema

| **A** | | **B** | | **$A_1$** | | goşulma |
|---|---|---|---|---|---|---|
| **a** | **$a_1$** | **b** | **$b_1$** | **a** | **$a_1$** | |
| **6** | **5** | **4** | **4** | **6** | **5** | **2** |

Gurluşyň derňewi boýunça N. Halmämmedowyň «Hirosima we Nagasakiniň çagalarynyň diňlenilip ýetişilmedik aýdymlary» («Недослушанные песни детей Хиросимы и Нагасаки») toplumyndan **«Птица, птица красная!»** dialog-aýdymy aýratyn gyzyklanma döredýär. Ol zowwamlaýyn ösüşli (ýa-da üç bölümliligiň alamatlaryny özünde jemleýän bent-wariant forma hökmünde) reprizasyz ýönekeý üç bölümli formada ýazylandyr:

63-nji shema

| giriş | **A** | **B** | **C** |
|---|---|---|---|
| 11 | 8 + 6 + 3 | 7 + 2 + 2 | 2+4+2+5+3 |
| *e - g* | *g* | *gis* | *Ges-cis* |

Dartgynlylygyň güýçlendirilmegi bu formany bent formasyna garanyňda reprizasyz ýönekeý üç bölümli forma (bent alamatlary bilen) has ýakynlaşdyrýar.

Aýdymy açýan polifonik gurluşdaky giriş üç halkadan ybarat bolan (esasynda aşak gaýdýan art.2 – k.3) garmonik sekwensiýany emele getirýär. Ol çaganyň duýgusynyň çuňlugyny görkezýär. Sekwensiýanyň halkalaryny jemleýän basyň tutuksy urgulary bolsa, jaňyň howsalaly seslerini ýatladýar.

Wokal partiýasynyň esasyny ýokaryk galýan pentaton seshatary düzýär.

Bölümleriň her biri, sözlemlere we jümlelere bölünmekde indiwidual häsiýete eýe bolan, period formasynda beýan edilen. Onuň sözlemleri we jümleleri sorag-jogap hökmünde kabul edilýär.

Bu toplumdaky dialog adamyň we tebigatyň (has takygy, guşlaryň) arasynda bolup geçýär.

Halkalaryň her biriniň gizlin kömekçi tonly garmoniýasy bilen döredilýän içki dartgynlyk diňe jemleýji *g-moll* üçemsesi bilen aýrylýar. Fortepiano partiýasyndaky bu doly üçemsesiň organ seslenişi we wokal setirinde perdäni häsiýetlendirýän tersiýa tonunyň ýoklugy dartgynly ösüşiň içki impulsyny döredýär. Guşuň jogaby başgaça beýan edilen. Şeýle dramatik girişden we melodeklamasiýa baý bolan soragdan soň bu jogap biraz ýeňil eşidilýär. Ol üçemsesiň aşak inýän seslerinden düzülen iki taktly wokaliz bilen gurşalyp alnandyr.

Geçenki dramatizmi diňe wokalize goltgy berýän sekwensiýanyň (girişdäki) birinji halkasynyň garmoniýasy ýatladýar. Muny birinji bendi tamamlaýan kem. $VII_7$ garmoniýasy hem tassyklaýar. Şol bir wagtda bu garmoniýa ikinji bendiň tonallygy bolan *Gis-dur*'a modulýasion geçiş funksiýasyny hem ýerine ýetirýär. Şeýle-de, onuň esasynda pentaton seshatarly başlangyç jümleleriň äheňleri duýulyp, bu ýerde olar ähmiýetli üýtgeşmeler bilen beýan edilendir. Bu bendiň fortepiano partiýasy wokal heňini oktawalaýyn goşalandyrýar. Onuň ikinji funksiýasy ýarymlyk dowamlylyklaryň emele getirýän (ýagny, has dowamly sesde saklanmak-

lyk) boşlugyny doldurmak bolup durýar. Dolduryjy garmoniýalaryň üçlemeleri soňraky ösüşe itergi berýär. Täze elementiň peýda bolmagy – giň diapazony öz içine alýan ýokaryk we aşak hereket edýän passažlar – gezekli-gezegine guşlaryň gyzyl, ak, gök reňklerini häsiýetlendirýärler. Bu element üçünji bendiň goltgusynyň esasyny hem düzer. Şeýlelikde, şahyrana tekste laýyklykda aýdymyň saz dokumasy kontrast tonal öwüşginlerini berk utgaşdyrýar: dramatik ösüşiň her bir täze jümlesi wokal partiýasynyň perde, tonal, faktura çalşygyny, wariant görnüşde berilmegini talap edýär.

Ses-şekillendiriş böleginden soň guşuň deklamasion häsiýetli jogaby onçakly bir ýagty eşidilmeýär.

Heň we garmonik ösüşler gönükdirilen üçünji bent aýdymyň kulminasion pursaty bolup durýar. Şeýle-de dartgynly ösüş ýiti tonal üýtgeşmesi – *G-dur* – *Ges* lidiý – bilen tassyklanylýar.

*Ges* lidiý seshatarynyň basgançaklary boýunça aýdyň ýörişi bilen häsiýetlendirilýän wokal partiýa burdon tonika sekstakkordynyň we oňa goltgy berýän sekunda figurasiýalarynyň fonunda eşidilýär.

Heňiň başlangyç nokada gaýdyp gelmegi saza dartgynly we dramatik häsiýet berýär.

Üçleme hereketine esaslanan indiki heň jümlesi has-da joşgunly bolup, oňa heň bölejikleriniň içindäki interwallaryň daraldylmagy ýardam berýär. Guşuň jogaby, birinji bentdäki jogap ýaly (birinji bentde bu wokalizdi), instrumental bölegi bilen daşy gurşalandyr. Bu instrumental bölejigi giň diapazony öz içine alýan we guşlaryň reňkini şekillendirýän aşak we ýokaryk hereket edýän passažlara esaslanýar.

Bu barada öň hem bellenipdi – element ikinji bentde peýda bolýar.

Wokal setiriniň heň ösüşiniň naýbaşy nokady $des^3$ sesi bolup durýar – bu bolsa, beýiklige, ýagtylyga ymtylyşy suratlandyrýar.

Bu okgunly ymtylyş ýokarlygyna uly tersiýa boýunça tonal ösüşi bilen hem bellenilen: *Ges-b-d-fis*. Dominanta garmoniýasy bilen aýdymy tamamlap, kompozitor belli bir pikiri görkezmän, diňleýjä öz durmuş ýoluny saýlamaga mümkünçilik berýär.

# ONUNJY BAP

# GARYŞYK WE ERKIN FORMALAR

## § 1. Umumy maglumatlar

Türkmen kompozitorlarynyň döredijiliginde adaty formalardan daşary garyşyk we erkin formalaryň hem ulanylýandygyny görmek bolýar. Belli bolşy ýaly, erkin formalar adaty shemalara gabat gelmän, özboluşly gurluşlary emele getirýärler. Erkin formalaryň esasy iki görnüşi tapawutlandyrylýar: sistemalaýyn we sistemalaýyn däl formalar. Olaryň birinjisine degişli bolan formalar belli bir sistema esaslanyp, ol ýa-da beýleki adaty formalara (meselem, rondo, üç bölümli, sonata) ýakyn bolýarlar. Ikinjisi: belli bir sistema tabyn bolmadyk formalar. Olar, adatça, dürli bölekleriň erkin gezekleşmeginde düzülýär.

Garyşyk formalar düşünjesi iki hili düşünilýär: bir eseriň içinde gurluşyň dürli prinsipleriniň utgaşmasy (meselem, üç bölümli + rondolylyk); belli bir gurluşa täze ösüş prinsipiniň aralaşmagy (meselem, sonata gurluşynyň içinde wariasion ösüşiň ulanylmagy). W. Muhadowyň Birinji simfoniýasy garyşyk formalara degişli bolup, sonatalylygyň we toplumlylygyň utgaşmasyny emele getirýär; sonatalylygyň we wariasionlylygyň utgaşdyrylmagyny N. Halmämmedowyň «Nar agajy» temasyna ýazylan wariasiýalarynda görmek bolýar.

## § 2. Erkin formalar

## (Ç. Nurymowyň solo alt üçin sonatasy)

Bu sonata (1983) forma babatynda aýratyn ünsi çekýän eserleriň biri bolup, onda sonata formasynyň çylşyrymly üç bölümli gurluş bilen utgaşmasyny görmek bolar.

Bir bölümden ybarat kompozisiýa kompozitor N. Halmämmedowyň ýagty ýadygärligine bagyşlanan. Onuň sazy gam-gussadan, gynançdan, hasratdan doly bolup, şol bir wagtda hem has hereketli häsiýetleri açyp görkezýär.

Sonatanyň mazmuny belli bir derejede onuň struktura-kompozision tarapyna täsirini ýetirýär. Struktura we tematik babatda eser dutarda ýerine ýetirilýän türkmen halk heňleriniň düzüliş ýagdaýyna ýakynlaşýar.

Sonatada kompozitor her haýsysyna aýratyn labyz toplumy häsiýetli bolan iki kontrast sferasyny beýan edýär: haýal bölümler – hasratly, gussaly labyz; işjeň-hereketli bölümler – okgunly häsiýetli pulsirleme.

Kompozisiýany şertli girişden we dört bölümden ybarat diýip bellemek bolar:

Giriş – *Moderato* (*Rubato*);

I bölüm – *Moderato-Allegro-Moderato;*
II bölüm – *Andante;*
III bölüm – *Allegro;*
IV bölüm – *Andante.*

Eýýäm giriş bölüminde, kompozitor diňleýjini dartgynly, gowgaly ýagdaýa salýar. *As* notasynyň uzak wagtlap dürli ritmik şekilde saklanmagy we soňraky *g* tonuna geçmegi, bu bölümi, eseriň durnukly sesini anyklaýjy hökmünde häsiýetlendirýär:

47-nji mysal




Birinji bölümiň temasy gynanç duýgusyny beýan edýär. Heňiň özenini onuň başlangyç motiwi düzýär. Ol *g* notasyndan başlap, basgançaklaýyn ýokaryk, *ces* sesine çenli hereketlenýär we şol basgançaklar boýunça hem yza gaýdýar. Bu motiwiň tamamlaýjy labzy, *g* forşlagly *as* notasy, temany eseriň giriş bölümi bilen ýakynlaşdyrýar. Tolkun görnüşli figurasiýa birnäçe gezek gaýtalanyp, dartgynlylygy artdyrýar we onuň wariant görnüşiniň (uly sekunda aşakdan) geçirilmegi bilen tema tamamlanýar:

48-nji mysal




Onuň soňraky uly bolmadyk ösüşi hem bu jümläni täze belentlikde birnäçe gezek geçirýär. Bu ýerde esasy durnukly tonlar hökmünde *c* we onuň dominanta sesi *g* çykyş edýärler. Jümleleriň her gezek *g* sesinde tamamlanýandygyna garamazdan, soňunda *c* sesi tonika hökmünde eşidilýär we soňky ösüş muny has-da aýdyň tassyklaýar.

Allegro I bölümiň ortalygy bolup durýar. Onuň janly, okgunly sazy täze keşp sferasyny beýan edýär. Bu bölegiň sazy, esasan, aşak hereket edýän sekwension öwrümler boýunça düzülendir:

49-njy mysal



Onuň başynda berilýän *d/g* sesleri täze durnugy kesgitleýär. Şeýle-de bolsa, bu bölümiň ahyrynda *c/g* ýene-de dikeldilýär.

Başlangyç depginiň (*Moderato*) we motiwiň (girişden we esasy temadan alnan *g* forşlagly *as* tony) gaýdyp gelmegi bölümiň birinji böleginiň repriza gaýtalanmagyndan habar berýär.

Kompozisiýanyň II bölüminde (Andante) – meditatiw häsiýetdäki keşpler öz ösüş dowamyny tapýar. Onuň esasyny hasratly sekunda äheňleri düzýär. Tonal tarapdan bölümiň durnukly sesi bolup, *des* tony hyzmat edýär. Sazyň hereketiniň kem-kemden gowşamagy, *ppp* çenli dinamiki pese düşmegi II bölümiň tamamlanmagyna getirýär.

Allegro bölüminiň (III bölüm) *f* başlamagy geçenki bölüm bilen ýiti kontrast emele getirýär. Sekizlik dowamlylyklar bilen yzygiderli pulsirleme ýene-de okgunly häsiýetdäki keşp sferasyny gaýtaryp getirýär (ölçeg $^{12}/_{8}$, $^{9}/_{8}$). III bölüm, repriza gaýtalanmasy bolan, üç bölümli strukturadan ybarat durup, olaryň her haýsysy hem akkord gurluşly iki taktly bölek bilen tamamlanýar. Tonal babatda bu bölüm *c* durnukly tona esaslanýar:

50-nji mysal




Işjeň-hereketli häsiýeti we äheň boýunça iki Allegronyň (I we III bölümden) arasynda ýakynlyk duýulýar.

Soňky Andante tutuş kompozisiýanyň tamamlaýjy bölümine öwrülýär. Ony iki bölege bölmek bolar: işlenilme we repriza. Hut işlenilme böleginde kompozitor öň geçirilen temalaryň äheňlerini utgaşdyrýar. Aýratyn hem onuň birinji Andante bilen ýakynlygyny görmek bolýar, ýagny, olaryň ikisinde-de ýokaryk beýgelýän basgançaklaýyn hereket yzarlanylýar.

Repriza bölegi diňleýjini ýene-de başdaky ýagdaýa gaýtaryp getirýär. Esasy temanyň dinamizasiýalaşdyrylan görnüşde beýan edilmegi sonatany tamamlaýar.

Ç. Nurymowyň solo alt üçin sonatasy boýunça geçirilen derňewden soň, onuň bölümleriniň arasyndaky baglanyşyk (arka) aýdyň görünýär: birinji temanyň başlangyç we repriza beýan edilmegi, iki bölümiň Allegro bölekleriniň we iki Andante bölümleriniň baglanyşygy:

64-nji shema

| I bölüm | II bölüm | III bölüm | IV bölüm |
|---|---|---|---|
| *Moderato-Allegro-Moderato* | *Andante* | *Allegro* | *Andante* |

Şeýlelikde, kompozisiýada çylşyrymly üç bölümli formanyň bardygyny bellemek bolýar. Mundan başga-da, tematik materialyň kontrastlygy, onuň ösüş prinsipi we kompozisiýada konfliktiň çözülmegi sonatalylygyň, sonata formasynyň häsiýetli taraplarynyň bardygyna şaýatlyk edýär.

Eser giriş bilen başlaýar we ony beýan edilen üç bölek dowam edýär: ABA – bu çylşyrymly üç bölümliniň birinji bölümi bolsa, sonata formasynyň baş partiýasy bolup durýar. II bölüm

(**C**) – Andante – iki kompozision strukturada hem baglaýjy bölegiň funksiýasyny ýerine ýetirýär. Täze bölüm (Allegro) üç bölegi özünde jemleýär: D-$D_1$-$D_2$. Ol çylşyrymly üç bölümli formanyň ortaky bölegi we sonata formasynyň kömekçi partiýasy bolup durýar. Andante **(E)** işlenilme häsiýetinde beýan edilip, iki strukturanyň üçünji we işlenilme bölümini emele getirýär. Andanteniň ahyrynda esasy temanyň repriza gaýtalanmagy bolsa ($A_1$), sonata formasynyň repriza bölüminden habar berýär:

65-nji shema

<table>
<tr><td rowspan="3">Çylşyrymly üç bölümli forma</td><td>Giriş</td><td>I bölüm</td><td>II bölüm</td><td>III bölüm</td><td colspan="2">IV bölüm</td></tr>
<tr><td>Moderato</td><td>Moderato-Allegro-Moderato</td><td>Andante</td><td>Allegro</td><td colspan="2">Andante</td></tr>
<tr><td>19</td><td>A B A<br>17 6 + 31 4+11</td><td>C<br>32</td><td>D $D_1$ $D_2$<br>22 51 21</td><td>E<br>96</td><td>A<br>32</td></tr>
<tr><td></td><td>g</td><td>c/g g/d – c/g c/g</td><td>g-d/g-des</td><td>c</td><td>g</td><td>g</td></tr>
<tr><td rowspan="2">Sonata formasy</td><td></td><td>baş partiýa</td><td>baglaýjy</td><td>kömekçi partiýa</td><td></td><td>baş partiýa</td></tr>
<tr><td>giriş</td><td colspan="3">ekspozisiýa</td><td>işlenilme-epizod</td><td>repriza</td></tr>
</table>

## § 3. Garyşyk formalar

## (W. Abaýewanyň klarnet we fortepiano üçin «Gülleýän çigildem» atly sonata-improwizasiýasy)

Bu eser häzirki zaman saz dilinde beýan edilen özboluşly sazlaryň hataryna girip, onda kompozitor sonata formasyna mugam ösüş prinsipini girizýär. Bu kompozisiýa türkmen kamera-instrumental sazlarynyň arasynda ähmiýetli orun eýeleýär.

Bir bölümden ybarat eserde sonata formasynyň häsiýetli taraplary we mugam žanrynyň ösüş prinsipi utgaşdyrylýar. Sonatanyň atlandyrylyşyna improwizasiýa adalgasynyň girizilmegi diňleýjini gündogar ýurtlarynyň halk-professional instrumental sungatyna mahsus bolan kompozisiýanyň belli bir görnüşine taýýarlaýar.

Eseriň içki bölümleriniň tematik materialynyň instrumental we wokal tebigatynda ýüze çykýan kontrasty mugam kompozisiýasynyň aýratynlyklaryna ýakynlaşdyrýar. Içki bölümleriň özara gatnaşygy, tematik, perde-tonal, faktura derejedäki kontrastlyk bolsa, sonata formasynyň häsiýetli taraplaryny açyp görkezýär.

Sonatanyň keşp-dramaturgiýa tarapy onuň «Gülleýän çigildem» ady bilen kesgitlenilýär. Meýdan gülüni synlamakdan lezzet almak pursaty meditatiwlik bilen bagly bolsa, şol gülüň mekany bolan gözel tebigat işjeň-hereketli keşbiň üsti bilen beýan edilýär diýip çaklamak bolar. Meditatiwlik we işjeňlik, okgunlylyk sferalarynyň arasyndaky kontrast eseriň dramaturgik özeni bolup hyzmat edýär.

Kompozisiýa giriş bölümi bilen başlaýar (*Adagio. Quasi cadenza*). Onuň improwizasion başlangyjy eseriň tematizminiň emele gelmeginiň esasyna öwrülýär we durnukly perdäni kesgitleýär. Fortepianonyň partiýasynda saklanan *cis* tonunyň fonunda klarnetiň saldamly heňi geçirilýär. Ol kompozisiýanyň esasy durnukly sesini kesgitleýän, dowamly *cis* sesi bilen başlaýar:

51-nji mysal




Fortepianonyň we klarnetiň emele getirýän unisony intonasion ösüşiň başlangyjy bolup hyzmat edýär. Girişde fortepiano halk sazlaryna mahsus bolan burdon usulyny ýatladýan pedal funksiýasyny ýerine ýetirýär. Klarnetiň temasynyň intonasion özeni kwarta ses aralygy bilen çäklendirilýär, onuň ýaýbaňlandyrylmasy bolsa, işjeň ritmik warýirleme bilen baglydyr.

Giriş bölüminiň perde-garmonik durnuklylygy (*cis-gis*) dartgynly üç tonly effekti döredýän *d* sesiniň goşulmagy bilen bozulýar. Sekunda-üçton kompleksi soňra baş temanyň garmonik esasyny düzýär.

Eger giriş bölüminde improwizasion ösüşiň ugry aşak hereketlenen bolsa, baş partiýada ýaýbaňlandyrylma beýgelme bilen häsiýetlendirilýär. Baş partiýa özen we onuň ösüşi prinsip boýunça düzülen. Heňiň her bir täze belentliginiň dowamly ritmik saklanylmasy, onuň häsiýetli aýratynlyk pursatyna öwrülýär:

52-nji mysal






Adatça, dowamly saklanylan ses temanyň belli bir ösüş tapgyrynyň kulminasiýasyny kesgitleýär. Baş partiýanyň strukturasynda beýle ýagdaýlaryň birnäçesini bellemek bolýar. Heň ýaýbaňlandyrylmasynyň her tapgyry bilen bilelikde fortepianonyň partiýasy hem işjeň ösdürilýär. Onda pedal funksiýasyny ýerine ýetiren dowamly burdona derek güýçli derejeli motiw improwizasiýa gelýär. Ähmiýetli pursatlarda fortepiano solo saz guralynyň partiýasyndaky heň ugruny dublirleme, intonasion-ritmik warýirleme usuly, heňiň seslerinden düzülen wertikal toplumynyň girizilmegi arkaly tassyklaýar.

Baş partiýanyň jemleýji ösüş tolkuny sonatanyň indiki bölümine bolan baglaýjy geçiş funksiýasyny ýerine ýetirýär. Kömekçi partiýa tebigaty boýunça wokal häsiýetli bolup, onuň temasy saldamlylygy, kantilenalylygy bilen baş partiýa kontrast gelýär. Heňiň belent registrde ýerine ýetirilmegi sazyň dartgynlylygyny güýçlendirýär. Şeýle-de bolsa, akkord goltgysynyň tersiýa esasy, umumy koloritde ýumşaklyk, mylaýymlyk döredýär. Kömekçi partiýanyň beýan edilişinde fortepiano we klarnet öz funksiýalaryny çalyşýar. Eger giriş we baş partiýa bölümlerinde fortepiano takatly, sabyrly ulanylan bolsa, kömekçi partiýada onuň goltgusy gujurly, kuwwatly häsiýete eýe bolýar. Ownuk dowamlylyklaryň akkord-garmonik gurluşda beýan edilmegi solistiň partiýasyndaky ýumşak, mylaýym heň ugry bilen kontrast döredýär. Bu ýerde mažor perdesiniň öwüşgininiň ulanylmagy (*E-dur*) baş partiýadaky döredilen dartgynlylygy gowşadýar:

53-nji mysal




Kompozisiýanyň işlenilme bölümi uly aleatorik epizod bilen beýan edilen. Gysgaldylan reprizada baş partiýanyň tematik materialy dinamizirlenen görnüşde görkezilip, ol eseriň kadasyna geçýär.

Baş tema gezekli-gezegine fortepianoda we klarnetde berlip, şol bir wagtda aleatorik başlangyjyň ýaýbaňlandyrylmagyny dowam edýär.

Sonatanyň umumy perde-tonal ösüşi aýratyn gyzyklanma döredýär. Ekspozisiýada baş we kömekçi temalaryň durnuklylygy hökmünde tersiýa gatnaşykly sazlaşyklar çykyş edýär: giriş – *cis*, baş partiýa – *cis-gis*, kömekçi partiýa – *E-gis-h*.

Reprizada we kodada *d-a* interwal durnukly sazlaşyk hökmünde kabul edilýär.

Şeýlelikde, ekspozisiýanyň perde merkezleri bolan *cis* we *e* tonlary, *d* esasly tonallygyň gapdal sesleri bolup, onuň peýda bolmagy taýýarlaýjy hökmünde kabul edilýär. Giriş böleginde *d* sesiniň tonika sazlaşygyna goşulmagy bolsa, hem dartgynlylyk ýagdaýyny döredýär hem-de tamamlaýjy tonallygyň öňden görkezilmegi bolup durýar.

W. Abaýewanyň fortepiano we klarnet üçin sonata-improwizasiýasy tematik, perde-intonasion, garmonik, faktura ugurlarynda öz aýratynlygy bilen tapawutlanýar. Derňewimiziň dowamynda sonata formasynyň beýan etme aýratynlyklaryna esasy üns gönükdirildi. Umuman, formanyň struktura-kompozisiýasynyň esasy bölümleriniň saklanylandygyny bellemek gerek: ekspozisiýa, işlenilme, repriza. Her bölümiň çäklerinde tematik we perde-funksional ösüş sonatanyň dramaturgik many-mazmunyna tabyn bolýar.

Işlenilme bölümine derek aleatorik epizodyň girizilmegi we aleatorikanyň bölekleriniň reprizada ulanylmagy ajaýyp tebigata maýyl bolan adamyň emosional duýgusyny beýan etmek bilen bagly bolup durýar. Gapdal tonlardan esasy durnukly sese çenli bellenilen adaty bolmadyk tonal ösüşi (*cis/e – d*), adamyň durmuşyň dartgynlylygyndan durnuklylyga bolan, içki ruhy hereketi hökmünde kabul etmek bolar.

Eseriň gurluşy:

66-njy shema

<table>
<tr><td rowspan="2">Sonata formasy</td><td colspan="3">Ekspozisiýa</td><td>Işlenilme</td><td>Repriza</td><td>Koda</td></tr>
<tr><td>giriş</td><td>baş partiýa</td><td>kömekçi partiýa</td><td>epizod</td><td>baş partiýa</td><td></td></tr>
<tr><td rowspan="2">Mugam komp.</td><td>cis</td><td>cis</td><td>E</td><td></td><td>d</td><td>d</td></tr>
<tr><td colspan="2">instrumental bölüm</td><td>wokal bölümi</td><td colspan="3">instrumental bölüm</td></tr>
</table>

## ON BIRINJI BAP

# TOPLUM FORMALARY. SÝUITA

### § 1. Umumy maglumatlar

Sýuita žanry türkmen kompozitorlarynyň döredijiliginde wajyp orun eýeleýär. Türkmen kompozitorlarynyň köpüsiniň simfonik žanryna ýüzlenmekleri sýuita žanry bilen başlanýar.

Türkmen sýuitasynyň ilkinji nusgalary (halk aýdymlarynyň täzeden işlenilmegi bilen bir hatarda) XX asyryň 30-njy ýyllarynda peýda bolupdyr. Olar simfonik orkestr üçin uly göwrümli žanrdaky eserlerdir: A. Mosolowyň «Туркменская сюита», M. Ippolitow-Iwanowyň «В степях Туркменистана», S. Wasilenkonyň «Туркменские картины», B. Şehteriň «Туркмения», L. Knipperiň «Туркменские наброски», S. Wasilenkonyň fleýta we orkestr üçin konsert-sýuitasy.

Bu eserleri birleşdirýän esasy aýratynlyklar: depginleýin gapma-garşylyga esaslanan kompozisiýalarynyň ýönekeýligi we aýdyňlygy, dürli häsiýetli tematizm, žanrlaýyn-durmuşy (aýdym we tans) saz materialy bilen berk baglanyşyklydyr.

Ilkinji türkmen sýuitalaryny olarda maksatnamalaýyn ideýanyň bolmaklygy ýakynlaşdyrýar. Maksatnamalylygy diňe bir eseriň umumy sözbaşysynda däl-de, eýsem bölümleriň her biriniň atlarynda hem görmek bolýar. Kompozitorlaryň şunuň ýaly «maksatnamalaýyn» çemeleşmeleri kanunalaýykdyr, sebäbi olar türkmen halkynyň ykbalyny şekillendirmäge çalşypdyrlar. Bu ýerde peýzažlaýyn şekiller (M. Ippolitow-Iwanowyň sýuitasynyň «Laçyn bilen aw etmek» atly I bölümi, S. Wasilenkonyň sýuitasynyň «Sähra gülleýär» we «Gijesine» atly I we III bölümleri), türkmeniň durmuşyndan alnan şekiller (M. Osokiniň «Türkmen eskizleriniň» «Täze şäher» atly I bölümi, S. Wasilenkonyň «Türkmen şekilleriniň» «Çarwalar» atly II bölümi), halk sungatynyň görkezilişi (M. Ippolitow-Iwanowyň sýuitasynyň «Söýgi aýdymy» we «Ýöriş marşy» atly II we IV bölümleri, M. Osokiniň sýuitasyndan «Aýdym we tanslar», S. Wasilenkonyň «Marş» sýuitasyndan) bardyr.

Sýuitalaryň her biri gapma-garşylyk, deňeşdirme görnüşinde düzülen dört bölümli toplum (B. Şehteriň sýuitasy 3 bölümli) bolup durýar. Bu sýuita kompozisiýasy üçin tebigydyr.

Türkmen saz materialynyň esasynda düzülen ilkinji sýuitalaryň awtorlary bolan rus we ukrain kompozitorlarynyň türkmen sazyna ýüzlenendiklerini belläp geçmelidiris. Bu eserler halk sazlarynyň häzirki zaman professional formalaryna aralaşmagynyň, işläp taýýarlamalarynyň, milli melosyň simfoniýalaşdyrylyşynyň ilkinji tejribeleridir. Özge milletiň folklory bilen işlän kompozitorlara onuň halk döredijiliginiň özboluşlylygyna düýpli aralaşyp bilmeginiň hemişe başardyp durmandygy tebigy ýagdaýdyr. Türkmen sýuitasynyň ewolýusiýasynyň başlangyç tapgyrynda folklor materialynyň işläp taýýarlamasynyň sitatalaýyn usuly agdyklyk edipdir. Şunuň ýaly usul gutulgysyz we hatda öndürijilikli hem bolupdyr, sebäbi başga milletden bolan kompozitora baý

halk sungatyny özleşdirmäge, şeýle-de ýerli diňleýjini professional kompozitorlyk döredijiliginiň halk gözbaşlaryny ulanmagyň täze usullaryna çekmäge mümkinçilik beripdir.

Irki sýuitalar diňe bir türkmen sýuita žanrynyň däl, eýsem, tutuşlygyna türkmen simfonik mekdebiniň ilkinji ädimleri bolup durýarlar.

Bu kompozitorlaryň döredijiliginde simfonik özgerişlerde täzeçe işlenen we örän aýdyň, baý öwüşgin berlen halk sazlary ilkinji gezek ýaňlanýar. Olaryň eserlerinde bölümleriň arasyndaky gatnaşyklar, ösüşiň däp bolan usullaryny ulanmak bilen, heň materialynyň we ritmik öwrümleriň ösüşiniň elementleri, şeýle-de soňra ilkinji milli kompozitorlaryň döredijiliginde uly rol oýnajak perde-garmonik baglanyşyklar berk orun tutupdyr.

XX asyryň 40-njy ýyllarynyň ahyrlarynda we 50-nji ýyllarynyň başlarynda ilkinji sýuitalar bilen bir hatarda milli awtorlaryň hem bu žanrdaky eserleri peýda bolýar: olar A. Kulyýewiň simfonik orkestr üçin «Türkmenistan» sýuitasy, W. Muhadowyň «Türkmen sýuitasy». Bu kompozitorlaryň atlary türkmen kompozitorlyk mekdebiniň ösmeginde uly rol oýnapdyr, onuň düýbüni tutujylar hem hut şolar bolupdyr. Ilkinji milli kompozitorlaryň özleriniň uly ýaşly mugallymlarynyň (A. Kulyýew B. Şehterde, W. Muhadow bolsa S.Wasilenkoda okapdy) usullaryny, sazyň täsirliliginiň serişdelerini, sýuita toplumynyň gurluşynyň aýratynlyklaryny ulanandyklaryny we ösdürendiklerini belläp geçmek hökmanydyr.

Türkmen awtorlary halk gözbaşlaryna ýüzlenmek bilen, olary çuňňur özleşdirýärler, bu bolsa olaryň milli taýdan kesgitliligini güýçlendirýär. Eger-de A. Kulyýewiň sýuitasy türkmen kompozitorlarynyň simfonik sýuita žanryndaky ilkinji tejribesi bolan bolsa, onda W. Muhadowyň SSSR-iň döwlet baýragyna mynasyp bolan sýuitasyny simfonik sýuita žanryna şahsy çemeleşmeleriň gözleginde ýaş türkmen awtorlarynyň döredijilik ýoluny kesgitlemekde gazanylan ilkinji üstünlik diýip hasap etmek bolar.

A. Kulyýewiň «Türkmenistan» sýuitasy üç bölümli toplumdyr. Ondaky bölümleriň hemmesi çylşyrymly üç bölümli formada ýazylandyr. Bu sýuitanyň B. Şehteriň sýuitasy bilen ýakynlygy olaryň ikisiniňem şol bir ada eýeliginden ybaratdyr. A. Kulyýewiň eseri dürli mazmuna eýe bolan birnäçe şekilden ybarat hem bolsa, bölümleriň hemmesi bir umumy tonal meýilnama bilen birleşdirilipdir (*a-moll*). Bu ýerde özboluşly temalary döretmäge, olary simfoniýalaşdyrmaga bolan ymtylyş duýulýan hem bolsa, awtor halk sazlaryny sitata usulynda ulanmagyny dowam etdirýär.

W. Muhadow «Türkmen sýuitasyny» konserwatoriýanyň IV ýylynda okaýarka ýazýar. Sýuitanyň sazynda türkmen halk sazlarynyň özgertmelerine, olaryň erkin işläp taýýarlamalaryna («Balsaýat», «Bidert ýarym», «Ýar gara gözli») duş gelmek bolýar. Kompozitor sýuitanyň sazynda halk saz gurallary bolan dutaryň we tüýdügiň owazlanyşyna ussatlyk bilen öýkünýär.

W. Muhadowyň «Türkmen sýuitasynda» ilkinji gezek häzirki zaman kompozitorlyk tehnikasynyň esasynda işlenip taýýarlanylan türkmen folklorynyň häsiýetli aýratynlyklary örän aýdyň beýan edilipdir.

1950-60-njy ýyllarda beýleki saz žanrlarynyň ösmegine garamazdan, sýuita žanry ösmegini dowam etdiripdir. W. Muhadow iki sany simfonik sýuitany döredýär: «Lirik sýuita» (1955) we «Hindi sýuitasy» (1958).

Operalaryň, baletleriň, kino üçin sazlaryň motiwleri boýunça döredilen sýuitalar giň gerim alýar. Olar N. Muhadowyň «Täsin tebip» baletinden sýuitasy, W. Muhadow bilen Znosko-Borowskiniň «Akpamyk» baletinden sýuitasy, N. Halmämmedowyň «Aýgytly ädim» kinofilminden simfonik sýuitasy, W. Muhadowyň «Çopan ogly» kinofilminden sýuitasy we beýlekilerdir.

1961-nji ýylda G. Arakelýanyň «Напевы Туркмении» atly dört bölümli sýuitasy döredilýär. Bölümleriň her biri öz adyna we halk temasyna eýedir:

I bölüm – «Ýöriş» («Ene»)
II bölüm – «Intermesso» («Söýli halan»)
III bölüm – «Aydym» («Yrak Nowaýy»)
IV bölüm – «Bayramçylykda» («Uçradym»)

G. Arakelýanyň sýuitasy 1930-njy ýyllarda S. Wasilenko, B. Şehter, M. Ippolitow-Iwanow we beýleki kompozitorlar tarapyndan başlanan türkmen folkloryny simfoniýalaşdyrmak däbini dowam etdirýär.

1963-nji ýylda A. Agajykowyň «Garagum» we N. Halmämmedowyň «Türkmenistan» atly simfonik sýuitalary döreýär.

A. Agajykowyň sýuitasynda türkmen halkynyň zähmetsöýerligi netijesinde çöllügi (I bölüm) gülzarlyga (II bölüm) öwren kanal barada gürrüň berilýär. Toplumyň ortasynda türkmen halkynyň, onuň durmuşynyň we sungatynyň şekilleri görkezilipdir: «Gyzlar tansy» (II bölüm) we «Çopanyň aýdymy» (III bölüm). Sýuitanyň keşpleýin ösüşi hem şonda jemlenendir. A. Agajykowyň sýuita toplumy bölümleriň her biriniň formalarynyň gurluşy ýuwaş-ýuwaşdan çylşyrymlaşmagy esasynda düzülendir: I bölüm giriş we jemlemesi bolan bentleýin formada, II bölüm ýönekeý üç bölümli formada, III bölüm çylşyrymly üç bölümli formada, IV bölüm rondo formasynda ýazylypdyr. Ol öwüşgine baýlygy, keşpleriň, duýgularyň çalt-çaltdan çalşyp durmagy bilen tapawutlanýar.

Tematik gatnaşyklar kompozisiýany berkidýän hem bolsa, toplum bir bitewi tonal meýilnama bilen berkidilmändir. Kompozitor iň soňky IV bölüme başlangyç iki bölümdäki saz materialyny girizýär. A. Agajykow sýuita «Bibijan» halk sazyny girizýär we şonuň esasynda hem öz awtorlyk materialyny döredýär.

I. Wyzgo-Iwanowa şeýle belläp geçýär: «Tanyş folklor öwrümleriniň täsirli şahsy özgertmeleri, olaryň esasynda giň heň düzümlerini döretmek – sýuitanyň temalarynyň (esasan hem lirik) hemmesiniň häsiýetli alamatlarydyr»[8].

Şeýlelikde, sýuita žanry türkmen professional sazynyň döremeginde uly rol oýnaýar. Türkmen kompozitorlarynyň köpüsiniň simfonik tejribeleri hut şondan başlanypdyr. Rus kompozitorlary M. Glinkanyň, M. Balakirýewiň, N. Rimskiý-Korsakowyň, P. Çaýkowskiniň we beýlekileriň sýuitalary özleriniň uly täsirini ýetiripdir. Olar folklory simfoniýalaşdyrmagyň we täzeden işlemegiň ajaýyp nusgalaryny galdyrypdyrlar.

Simfoniýa we konsert ýaly uly göwrümli toplumlaýyn formalaryň peýda bolmagy bilen, kompozitorlar öz eserleri üçin has takyk atlary tapmaga çalşyp (tanslar, kartinalar, freskalar, zarisowkalar, napewler), «sýuita» diýen adalgadan daşlaşyp başlaýarlar.

Tematik materialyň ösüşi sitatalaýyn usuldan döredijilik taýdan erkin açylyp görkezilişe çenli ýuwaş-ýuwaşdan bolup geçýär.

Sýuita žanryndaky eserleriň ilkinji tejribeleriniň ähmiýetliligine garamazdan, her näme-de bolsa, uly üstünlikler milli awtorlar bilen baglanyşyklydyr. Bu ýagdaý kanunalaýykdyr. Türkmen kompozitorlary baý saz folklorynyň häsiýetli aýratynlyklaryny döredijiliklerine siňdirmek bilen, milli medeniýete has golaýdyr. Türkmen awtorlary göni sitirleme bolmadyk, ýöne welin, milli öwüşginiň melodikada-da, perde-garmonik dilinde-de, ritmik we tembrleýin aýratynlyklarynda--da duýulýan eserlerini döredýärler.

Sýuitalaryň hemmesi diýen ýaly, bölümleriniň we mazmunlarynyň häsiýetleri boýunça dürli-dürli bolan bitewi, gutarnykly forma eýedirler. Şol bir wagtyň özünde olar öz aralarynda ýa tonal meýilnamany ýa tematik gatnaşyklary ýa-da olaryň ikisi bilenem bilelikde baglanyşyklydyrlar.

---

[9]*Вызго-Иванова И.* Симфоническое творчество композиторов Средней Азии и Казахстана. Л.-М.: 1974, 141.

1970-80-nji ýyllarda sýuita žanryna hem uly hemem ýaş nesle degişli bolan kompozitorlar ýüzlenýärler. Bu žanra degişli bolan eserler saz gurallarynyň dürli düzümleri üçin (fortepiano, estrada orkestri, kamera toparlary, simfonik orkestr we beýlekiler) döredilipdir.

Žanryň esasy kanunalaýyklaryna daýanmak bilen, her awtor sýuita formasy boýunça öz pikirini we düşündirişini girizýär. Derňelýän sýuitalaryň mysalynda biz türkmen kompozitorlarynyň sýuitalarynyň käbir žanr we forma aýratynlyklaryny  açyp görkezeliň.

## § 2. Maksatnamaly sýuita (N. Halmämmedowyň «Türkmenistan» simfonik şekilleri we Ç. Nurymowyň «Teke freskalary»)

N. Halmämmedowyň «Türkmenistan» simfonik şekilleri diňe bir kompozitoryň döredijilik şowlulygy bolman, eýsem Orta Aziýanyň simfonik sazynda hem uly hadysadyr.

Sýuitada şekillilik prinsipleri, dürli häsiýetli we belli bir derejede eseriň umumy keşpleýin häsiýeti bilen dramaturgik taýdan baglanyşdyrylan özbaşdak parçalaryň deňeşdirilmegi agalyk edýär. Eseriň şekilleýin esasyny belläp geçmek bilen, tutuş eseriň jebisligini, onuň saz taýdan bitewüligini, simfonikligini belläp geçmek gerekdir, olar «käbir böleklerde mozaik, ýöne welin, baş saz keşbiniň birligi we dinamiki bitewüligi bilen berk birleşdirilen»[9] formanyň gurluşynda has köp ýüze çykandyr.

Toplumyň äheň taýdan bitewüligi şeýle-de halk perdelerine daýanmak arkaly hem gazanylýar.

N. Halmämmedow aýry-aýry bölümleriň arasynda hem, tutuş sýuitanyň möçberinde hem bir bitewüligi görkezmäge çalşypdyr. Sýuitanyň bäş sany bölümleri dramaturgiýa taýdan bitewi eser bolup durýar. Bu ýerde girişiň (I bölüm) we çykyşyň (V bölüm), lirik merkeziň (III bölüm) we ony gurşap alýan bölümleriň (II we IV bölümler) bardygyny duýmak bolýar. Kompozitoryň merkezde bentleýin formada ýazylan «Gyzlar tansy» bölümi goýmagy ýöne ýerden däldir. Türkmen halk sazynyň wokal žanrlaryna hut şu forma mahsusdyr.

Bu eserde sýuitanyň alamatlary görnetin berlendir:  bular žanrlylyk, gapma-garşylykly deňeşdirme psinsipi, şekillilik, gapma-garşylygyň ýoklugy. Bu eser, şeýle-de, sonata-simfonik topluma mahsus bolan alamatlary hem öz içine alýandyr (ýokarda bellenip geçilişi ýaly, birinji bölümiň sonata formasy bölümleriň gatnaşygy).

I. Wyzgo-Iwanowa şeýle belläp geçýär: «Çalt-çaltdan çalşyp durýan tembrleriň, ritmleriň, dinamik öwüşginleriň we heň emele gelmeleriniň aýdyňlygy we özboluşlylygy boýunça «Türkmenistanyň şekilleri» belli bir derejede N. Rimskiý-Korsakowyň «Şährizadasynyň» jemlemesi we M. Raweliň «Ispan rapsodiýasy» ýaly eserlere ýakyndyr. Bu ýerde eksponirleýji we tematik materialy ösdüriji bölümlere takyk bölünişik ýokdur, hemme zat mydama hereketde we üýtgäp durýandyr. Kä tüýdük, kä dutar heňleriniň häsiýetli elementleri bölümleriň hemmesinde dürli hili üýtgeşmelerde we baglanyşyklarda bardyr we bu eseriň stilini düzüjileriň biri hökmünde çykyş edýär. «Şekilleriň» mazmuny doly derejede horeografik hereketde açylyp bilnerdi. Kompozitorda sýuitanyň sazyny horeografik tomaşa bilen baglanyşdyrmak meýli hem bardy».

Duýgularyň we reňkleriň ýygy-ýygydan çalşyp durmagy, beýgelişler we pese düşmeler, tüýdük we dutar heňleriniň tansly parçalar bilen tebigy arabaglanyşygy, ritmik üýtgeşmeler – bularyň hemmesi sýuita žanr taýdan özboluşlylygy berýär. Fakturanyň, tembrleriň, ritmleriň çalşyklarynyň oýlanyşykly ulanylmagy owadan seslenişi döredýär.

---

[10]*Вызго-Иванова. И.* Симфоническое творчество композиторов Средней Азии и Казахстана. Л – М., 1974, s.143.

Ýöne welin, duýgularyň, reňkleriň, depginleriň gapma-garşylyklary bilen bir hatarda N. Halmämmedowyň sýuitasynyň bölümleriniň arasynda bir umumylyk – bir bitewi intonasion özen bardyr. Onuň görnüşleri köpdürlidir, tematizmdäki roly hem dürli-dürlidir: kä esasy, käte bolsa, ikinji derejeli. Bu intonasiýalaryň görnüşi – ýarymtonly warýirlenme bilen, basgançaklaýyn doldurylan tetrahord – türkmen heňlerindäki häsiýetli alamatdyr. Bölümleriň leýtmotiwleýin birleşiginiň serişdesi bolmazdan, ol kompozitoryň pikirlenişiniň simfonikliginiň ýüze çykmalarynyň biri we onuň halk saz gurallarynyň çalnyşyna mahsus bolan gysgajyk tematik emele gelmeleriniň ösüşiniň prinsipleri bilen baglanyşygy bolup hyzmat edýär.

Bu eserde N. Halmämmedowyň döredijiliginde soňraky ösüşe eýe bolan stilistik alamatlar ýüze çykýar. Bular – heň materialynyň baýlygy, tematizmiň köpdürliligi, ajaýyp orkestr ýazuwydyr. N. Halmämmedowa rus kompozitorlyk mekdebiniň, hususan-da, A. Borodiniň, M. Balakirýewiň, N. Rimskiý-Korsakowyň simfonik prinsipleri aýratyn ýakyndyr. Olaryň döredijiligi bilen kompozitory reňkleri, halk žanrlaýyn, lirik we peýzažlaýyn keşpleri ýiti duýmak ýakynlaşdyrýar.

Durnukly-lirik we şatlykly-göçgünli duýgularyň bir ýere jemlenmegi sýuitanyň keşpleýin gurluşynyň häsiýetli alamaty bolup durýandyr, bu bolsa dramatizmi we nähilidir bir dawaly pursatlary göz öňünde tutmaýan simfonik şekilleriň žanrynyň özi bilen şertlendirilendir.

N. Halmämmedowyň sazy özüniň aýratyn ýagtylygy we geljege umytlylygy bilen tapawutlanýar. Ony bahar öwüşginleriniň aýdyň gammasy, güneşlilik tapawutlandyrýar, bu bolsa maksatnamalaýyn pikiriň özi bilen mähriban türkmen ülkesiniň şekillerini suratlandyrmak bilen baglanyşyklydyr. Ortaky bölümlerde awtor, inçe peýzažlaýyn öwüşgin bilen baglanyşyklylykda şahyrana şahsy, lirik duýgularyň dünýäsini suratlandyrýar. Umumy emosional ton şadyýan, ýagty, işjeň häsiýete, ýaşlygyň we gaýnap duran joşgunyň atmosferasyna eýedir. Bölümleriň formasyny düzmegiň esaslarynda kompozitor dinamik formalara has az ýüzlenýär: üç bölümli (II, IV, V) we bentleýin (III bölüm).

N. Halmämmedowyň «Türkmenistan» diýlip atlandyrylan bäş bölümden ybarat bolan simfonik şekilleri örän şahyranalyk bilen ýazylan poemany ýatladýar. Ol biziň daş-töweregimizde bolup geçýän hadysalary, ýurdumyzyň gözelligini we durmuşymyzyň ajaýyplygyny şekillendirýän eserdir.

Bu eser kompozitoryň simfonik žanrda ýazan ilkinji eseridir. Türkmenistanda kompozitorlyk mekdebi döredilenden soň simfonik sýuita žanry uly meşhurlyga eýe bolýar. 1940-50-nji ýyllarda A. Kulyýewiň «Türkmenistan» we A. Agajykowyň «Garagum» diýen sýuitalary, W. Muhadowyň «Türkmenistan» we «Türkmen sýuitasy» eserleri, D. Nuryýewiň «Garagum kanaly» diýen simfonik şekili döredilipdi. 1960-njy ýyllarda N. Halmämmedow hem bu žanrda eser döredýär. Kompozitor «Türkmenistan» simfonik şekillerini Moskwanyň P. I. Çaýkowskiý adyndaky döwlet konserwatoriýasynda okaýarka diplom işi hökmünde döredýär we Türkmenistanyň döredilmeginiň 40 ýyllygyna bagyşlaýar. N. Halmämmedowyň bu eseri däp bolan türkmen sazynyň esaslaryny dünýä saz sungatynyň gazananlary bilen birleşdirmegiň nusgasydyr. Bu sintez saz diliniň serişdeleriniň derejesinde, keşp mazmunynda, tembr we gurluş aýratynlyklarynda ýüze çykýar.

Türkmen kompozitorlyk mekdebiniň alamatlaryny halk sazynyň däp-dessurlaryndan gaýdýan melodikada, saz materialyny ösdürmegiň usullarynda görmek bolýar. Şonuň bilen birlikde kompozitoryň saz ýazuwy doly derejede hususy bolmagynda galýar.

«Türkmenistan» simfonik sýuitasy N. Halmämmedowyň döredijiligindäki tapgyrlaýyn eserdir, ýöne welin, onda eýýäm soňraky ösüşe eýe bolan stilistik alamatlar peýda bolup ugraýar. Uly simfonik orkestriň goşa düzümini ulanmak bilen, ol orkestriň düzümini iňlis rožogy, fleýta-kontralto, kontrafagot, saksofon, bariton ýaly saz gurallary bilen baýlaşdyrýar.

N. Halmämmedowyň simfonik sýuitasy bäş sany şekilden ybarat bolup, olaryň her biriniň maksatnamalaýyn sözbaşysy bardyr: I bölüm («Giriş»), II bölüm («Tüýdük»), III bölüm («Gyzlar tansy»), IV bölüm («Dutar»), V bölüm – Final («Umumy baýramçylyk»). Olaryň keşp düzümi lirik we şatlykly pursatlary öz içine alýar. Bu ýagdaý dramatizm ýa-da konfliktli pursatlary göz öňünde tutmaýan simfonik sýuita žanrynyň özi tarapyndan şertlendirilendir. N. Halmämmedowyň sazy diňleýjilere durnuklylyk, sagdynlyk, daş-töweregimizi gurşap alýan dünýäni umyt bilen kabul etmek ýaly duýgulary peşgeş berýär. Ony aýratyn ýagtylyk, baharyň aýdyň öwüşginleri tapawutlandyrýar, olar eseriň tutuş dowamynda agdyklyk edýärler. Bu ýagdaý kompozitoryň mähriban ülkäniň şekillerini ussatlyk bilen suratlandyrmagy bilen baglanyşyklydyr.

Durmuşy ykrar edijilik başlangyjy sýuitada keşpleýin ösüşiň netijesi bolman, eýsem, jedelsiz şygar hökmünde çykyş edýär. Hut şu ýerden hem tematizmiň beýan edijilik häsiýeti, dramatik ýitilikden gaça durmaklyk, gapma-garşylykly ösüşiň bolmazlygy gelip çykýar.

Bu eserde lirik keşpler agdyklyk edýär. Şonuň bilen bir hatarda, eserde gapma-garşylykly dramaturgiýanyň kadalary hem giňişleýin ulanylýar. Sýuitanyň forma ýasaýşy keşbiň kem-kemden ösmegine däl-de, eýsem gapma-garşylykly «çozuşlara» esaslanandyr. Sýuitanyň bu alamatlary žanryň özi bilen şertlendirilendir.

Eseriň gurluşynyň shemasy:

67-nji shema

| | 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
|---|---|---|---|---|---|
| **Bölümleriň tertibi** | Giriş | Tüýdük (Çopanlaryň tansy) | Gyzlar tansy | Dutar | Final (umumy tans) |
| **Tonal meýilnama** | *g-moll* | *c-moll* | *g-moll* | *c-moll* | *Es-es* |
| **Depgin** | *Andante sostenuto* | *Allegretto* | *Andante* | *Allegro ginsto* | *Allegro con fuoco* |
| **Ölçeg** | 3/4 | 5/8 | 6/8 | 2/4 | 6/8 |
| **Žanr** | | Tans | Tans | | Tans |
| **Forma** | sonata formasy | 3 bölümli forma | bent formasy | 3 bölümli forma | 3 bölümli forma |

Bu eseriň beýan edijilik üstünlikleri barada aýdylanda, ilki bilen awtoryň täsin, ýakymly heňlere diýseň ussatdygyny, kä göçgünli, käte bolsa mylaýym ýaňlanýan heňleri sahylyk bilen eçilip, olardan gowy sazlaşykly bitewi bir uly eseri döretmegiň hötdesinden gelendigini belläp geçmek bolar.

Eseriň «Giriş» diýlip atlandyrylan birinji bölümi sonata allegro formasynda ýazylandyr (*g-moll*). Ol arfanyň «görnetin» arpejiosynyň astynda goboýyň näzik solosy ýaňlanýan uly bolmadyk giriş bilen başlanýar, oňa heňasty hökmünde klarnet çykyş edýär. Birinji bölümiň bu giriş bölegi N. A. Rimskiý-Korsakowyň simfonik sýuitasyndaky Şährizadanyň temasyny ýadyňa salýar. Gündogar instrumental heňiniň alamatlary (sesleriň öwrüm edilmegi, akgynly sekundalaýyn göçümler, ritmik taýdan deňlik), şeýle-de sazlaryň gurluşy (Şährizadanyň temasynyň diapazony – k.7, girişiň temasynyňky – kem.8) bu iki sany temalaryň biri-birine ýakynlygyndan habar berýär.

Bu bölümdäki goboýyň solosyny we arfanyň passažlaryny eşiden badyňa şirin mukamly gözel ülkämiziň myhmansöýer gujagynyň açylyp ugraýşyny duýýarsyň. Sazy diňläniňde mähriban ülkämiziň dürli künjeklerine syýahata başlanyňy duýman galýarsyň. Şol syýahat hem ýönekeý

synçylyk däl-de, al-asmanda ganatlaryny giňden gerip, peýwagtyna gaýyp ýören guşy ýatladýan Watana guwançdan doly ganatly göwünleriň syýahatydyr.

Baş partiýanyň (*g-moll*) sazy fleýtalarda beýik registrde ýaňlanýar.

Kömekçi partiýa (*B-dur*) esasy partiýanyň yz ýanyndan başlanýar, temanyň ösüşinde kompozitor ýazuwyň polifonik usulyna ýüzlenýär.

Dürli orkestr toparlarynyň gatnaşygy çylşyrymly tembr gatlaklarynyň emele gelmegine alyp barýar.

Bu ýerde tembrleýin polifoniýa barada gürrüň etmek bolar. Ritmik taýdan üýtgedilen kömekçi partiýanyň onuň ilkibaşdaky görnüşiniň üstüne goýulmagy poliritmiýany hem emele getirýär (duolyň üstüne triol). Bu usul onda işjeňlik alamatlarynyň bardygyna şaýatlyk edýär.

Birinji bölümiň işlenilmesi girişiň saz materialyndan gelip çykýar, onuň ösüşi kirişli we üflenip çalynýan mis saz gurallarynyň faktura we tembr taýdan deňeşdirilmeginde düzülendir. Repriza tutuşlygyna diýen ýaly bar bolan temalaryň saz materialyny gaýtalaýar. Baş partiýanyň temasyny ilki bilen skripkalar geçirýärler (ekspozisiýada – fleýtalar), soňra ol üflenip çalynýan agaç saz gurallaryna geçýär (fleýta we klarnet, soňra – goboý we klarnet).

Kakylyp çalynýan saz gurallarynyň (litawralar, tarelkalar, uly we kiçi barabanlar) sazandarlyk etmeginde kömekçi partiýanyň kanonik geçişinden soň girişiň temasy ýaňlanýar (goboý, arfa), şonuň bilen hem sýuitanyň birinji bölümi tamamlanýar.

Eseriň «Tüýdük» diýlip atlandyrylan ikinji bölümi (*c-moll*) tüýdügiň mylaýym owazyny ýatladyp duran heň bilen başlanýar. Bu bölüm ýönekeý üç bölümli formada ýazylypdyr. Birinji bölegiň melizmatikadan we hromatizmlerden doly temasyny kiçi depregiň ostinato şekiliniň sazandarlyk etmeginde fleýta-kontralto we uly fleýta ýerine ýetirýärler.

Bu saz gurallarynyň labzy tüýdügiň owazyny ýadyňa salýar. Esasy temanyň ikinji geçişi uly fleýtada we kontrafagotda bir oktawa beýik ýaňlanýar.

Orkestrdäki sesleriň köpelmegi ähli saz gurallary bilen çalynýan tutti usulyna getirýär. Onda üç sany faktura gatlagy ýüze çykýar:

1. kakylyp çalynýan saz gurallarynyň wezipesini kirişli saz gurallarynyň topary ýerine ýetirýär;
2. üflenip çalynýan mis saz gurallarynyň topary orkestriň pedalyny ýerine ýetirýär;
3. üflenip çalynýan agaç saz gurallarynyň partiýasynda beýik registrde uzak wagtyň dowamynda nagmalar ýaňlanýar we onuň içinden esasy temanyň äheňleri geçip gidýärler.[10]

Reprizada birinji bölümdäki ýaly sesleriň yzygiderliligi saklanyp galýar. Bu ýerde kompozitoryň kulminasiýany taýýarlamak başarnygy has aýdyň ýüze çykýar. Orkestre ýuwaş-ýuwaşdan täze saz gurallarynyň owazyny girizmek bilen, awtor kulminasiýanyň tuttide ýaňlanýan iň beýik nokadyna seslenişiň adatdan daşary kuwwatlandyrylyşynyň üsti bilen ýetýär.

Köplenç türkmen sazyna mahsus bolan $^5/_8$ ölçegde gidýän «Tüýdük» bölüminde dürli saz gurallary arkaly berilýän dürli labyzdaky temalaryň akgynlylygy, umumy orkestrde gidýän sazyň ritminiň hemme halatda pert-pert ýaňlanmagy, eseri bezeýän göçgünli tremololar bu bölüme aýdyň tans häsiýetini berýärler. Kompozitoryň eseriň bu bölümine «Çopanlaryň tansy» diýen ikinji ady dakmagy hem şonuň üçin bolsa gerek.

Bu sazy diňläniňde tüýdügiň mylaýym owazam, çopanlaryň şadyýan tansam, ullakan sürem, owlak-guzylaryň oýnap, ürgün çägeli depeler bilen bezelen çöllügem, hatda şol depeleriň üstünden köwsarlap öwsüp duran şemalam diňleýjiniň hyýalynda yzly-yzyna gelip geçýär. Ýöne welin, şol bir wagtyň özünde, bu suratlandyrylýan çöllügiň bir mahalky teşnelikden ejir çekip

[10] *Gurbanowa J.* Nury Halmammet. A., 2014.

ýatan hassa çöllük däl-de, biziň günlerimiziň şypaly şerbetinden dadan şadyýan çöllükdigine-de göz ýetirýärsiň. Şeýle täsin suratlandyrmany kompozitor milli mukama birkemsiz ýugrulan ajaýyp serişdeleriň üsti bilen beýan edýär.

«Gyzlar tansy» diýlip atlandyrylan üçünji bölümde (*g-moll,* bent) kompozitor gyzlar dünýäsindäki näz-kereşmeli oýunlaryň bir toparyny hünji ýaly bir hatara düzüp, sazy gyzlara kybapdaş süýji dilde ussatlyk bilen beýan etmegi başarypdyr. Sýuitanyň bu bölegi ýönekeý iki bölümli formada ýazylandyr. Bu ýerde, esasan, gomofon-garmonik görnüş beýan edilýär.

Gyzlaryň syrdam ýörişini berýän birinji bölegiň temasyny ilki bilen iňlis rožogy geçirýär.

Soňra heň relýefi skripkalara, soň bolsa agaç saz gurallaryna geçýär, ýagny faktura-tembrleýin wezipeleriň çalşygy bolup geçýär. Ikinji bölekdäki surdinalanan trubanyň solosyndaky sinkopirlenen ritm tansa hereket giňişligini berýär. Bölüm orkestriň owazynyň ýuwaş-ýuwaşdan diňmegi tansçylaryň gidişiniň suratlandyrylyşy bilen tamamlanýar.

Simfonik toplumyň indiki bölümi hem aýratyn täsirli döredilipdir. «Dutar» diýlip atlandyrylan bu bölüm (çylşyrymly üç bölümli forma) umumy orkestrde dutaryň joşgunly kakuwlaryny ýatladýan öwrümler bilen başlanýar.

Soňra bolsa kompozitoryň döredijilik aýratynlygynyň özeni, «hamyrmaýasy» bolan dutaryň täsin nagyş ýaly owazyny janlandyrýan «Nurynyň meşhur trelleri» dökülişip ugraýar. Yzly-yzyna sahylyk bilen seçelenişip barýan şol trelleri diňläniňde, özi dutarçy bolmasa-da, awtoryň dutar sungatynyň ähli inçeliklerine şeýle derejede içgin aralaşyp bilşine haýran galýarsyň.

Bu bölüm çylşyrymly üç bölümli formada ýazylandyr. Dutar owazynyň aýratynlyklaryny ýüze çykaryp, kompozitor simfonik orkestri tutuşlygyna bitewi saz guraly hökmünde ulanylýar. Dutara öýkünmek bilen, awtor bu saz üçin belli bir saz guralyny saklap galmaýar. Belki, bu kompozitoryň dürli registrleýin meýdanlarda seslenişiň köpsanly öwüşginlerini beýan etmäge çalşanlygy bilen baglanyşyklydyr. Ortaky bölekde (*F-dur*) imitasion polifoniýanyň elementleri girizilýär.

Bu uly simfonik toplum «Umumy tans» (*Es-dur*) diýlip atlandyrylan dabaraly jemleýji tans bilen tamamlanýar. Bäşinji bölüm çylşyrymly üç bölümli formasynda ýazylypdyr. Ol esasy tema alyp barýan peselýän hromatik gammanyň sesleri arkaly kuwwatly orkestr tuttisi bilen açylýar. Esasy temanyň tans häsiýetli şadyýan sazy truba tarapyndan ýerine ýetirilýär.

Ikinji temany görkezmek goboýa tabşyrylýar. Gapma-garşylykly ösüşiň elementlerini öz içine almazlyk bilen, ol birinji temanyň dowamy hökmünde kabul edilýär. Bas sesleriniň bolmazlygy orkestre nähilidir bir ýeňillik we ýumşaklyk berýär. Ortaky bölümiň temasy (*c-moll*) saksofona tabşyrylypdyr.

Bäşinji bölüm beýgelýän hromatik gamma esaslanan girişiň saz materialy bilen tamamlanýar. Bu tematik arka tutuş bölüme bitewülik berýär.

«Türkmenistan» simfonik şekillerindäki bölümleriň gatnaşyklary sýuitany simfonik topluma ýakynlaşdyrýar. Bölümleriň funksiýalary sonata-simfonik toplumdaky gatnaşyklara meňzeşdirler, ol ýerde birinji we iň soňky bölümler has ähmiýetli we göwrümlidirler.

I bölüm simfoniýalaryň haýal girişlerine meňzeşdir;

II bölüm sonata-simfonik toplumlaryň birinji bölümlerine ýakyndyr;

III bölüm – simfoniýanyň haýaljak tans häsiýetli ýaňlanýan lirik merkezi;

IV bölüm – skerso ýaly aýdyň beýana eýe bolan halk žanrlaýyn şekillendirmesi;

Işjeň, durmuşy ykrar ediji V bölüm – simfoniýalaryň iň soňky bölümlerine meňzeşlikde «Final» diýlip atlandyrylypdyr.

Sýuitanyň bölümleriniň arasynda intonasion gatnaşyklar bardyr, olar umumy eseriň intonasion derejedäki gatnaşyklary amala aşyrýar. Şeýlelikde, «Türkmenistan» simfonik şekilleri,

bir tarapdan, sýuitalylygyň alamatlaryna eýedirler, beýleki bir tarapdan bolsa, simfonik topluma ýakyndyrlar.

«Türkmenistan» simfonik şekilleriniň esasynda aýratyn görnüşi bilen tapawutlanýan «aýdym simfomizmli» tematizm ýatyr. Eserde melodikanyň dürli görnüşleriniň toparlary örän köpdür. Bu hem tans görnüşdäki joşgunly sazlar, hemem näzik, täsirli lirik beýandyr. Temalar, köplenç, period formasynda düzülip, ep-esli dowamlylyga eýedir.

Maksatnamaly sýuitasyna ýene bir mysal **Ç. Nurymowyň «Teke freskalarydyr».**

Çary Nurymow türkmen halkynyň durmuşynyň, onuň däpleriniň we medeniýetiniň çeper beýanyny açyp görkezýän «Teke freskalarynyň» keşp-saz mazmunyny ýokary medeniýet, ynandyryjylyk we inçelik bilen beýan edýär. Eseriň başynda awtor tarapyndan hödürlenilen epigraf manysy boýunça onuň umumylaşdyryjy maksatnamasyny emele getirýär: «...Garagumyň çägeleriniň akymy, ahalteke bedewleriniň hyjuwly çapuwy, aňyrsyna göz ýetmeýän depäňdäki gün... Bularyň ählisi meniň hyýalymda freska ýazgylary bilen sazlaşyk emele getirýän taryhy şekilleri janlandyrýar, ýogsa tekeler, belki, freskalary bilen hem tanyş däldirler...». Bu maksatnama belli bir derejede özboluşly bolup, onda keşpleriň takyk mazmuny bilen bir hatarda olaryň içki emosional manysyny açyp görkezmek göz öňünde tutulýar.

Belli bolşy ýaly, freska sungaty diwar ýazgylarynda, ybadathana gümmezlerinde ulanylyp, umumylaşdyrmakda, içki bitewülik we jebislik döretmekde uly güýje eýedir. Genetika taýdan onuň bilen saz freskalary bagly. Olaryň nusgalaryna biz kompozitorlyk döredijiliginde duş gelýäris: A. Petrowyň «Petrowyň freskalary» saz-dramatik sahnalary, M. Kažlaýewiň «Perhat hakynda rowaýat» simfonik freskalary, R. Şedriniň dokuz saz guraly üçin «Dionisiň freskalary». Freskaly beýan edijilik Çary Nurymowyň eseriniň dramaturgiýasyny, gurluşyny kesgitleýär. Bäş bölümden ybarat bolan bu toplum biri-birini üznüksiz dowam etmek bilen, bitewi bir düzümi emele getirýär.

«Freskalaryň» milli köklerden göz baş alyp gaýdýanlygy aýdyňdyr. Bu millilik ýeterlik derejede özboluşly bolup, milli däpleriň görnükli ussady, şol bir wagtda häzirki zaman kompozitorlyk ýazuw usulyny hem ussatlarça özleşdiren awtoryň dünýägaraýşy bilen berk baglanyşykda açylyp görkezilýär. Onuň saz dili milli gözbaşyň nusgawy däpleriniň (häsiýetli intonasiýlar, metrik we ritmik formalar, perde gurluşlary, materialy ösdürmek usuly) we häzirki zaman ses ulgamynyň gazananlarynyň (çylşyrymly garmonik toplumlar, dartgynly ritmika) simbiozyny emele getirýär. Halk äheňlerine ol awtorlyk materialy hökmünde çemeleşýär, ýagny ony erkin ösdürýär, görnüşini üýtgedýär we bu babatda XX asyr sazynyň nusgawy kompozitorlary I. Strawinskä, B. Bartoga, S. Prokofýewe ýakynlaşýar. Eserde millilik iri görnüşde berilýär we onuň üsti bilen dürli özgerdilmelerde – işjeň we meditatiw, synlaýjy, lirik halda öz kalbyňa aralaşmak we şatlykly pursatlar, wagtlaryň baglanyşygy ideýasy, ruhy gymmatlyklaryň mizemezligi ýaly ýagdaýlarda hödürlenilýär. Şunuň bilen baglylykda «Freskalaryň» dramaturgiýasy «köp elementli» ýa-da «köplük» hökmünde kesgitlenilýär. Onuň esasyny bolsa, «bir-birinden tapawutlandyrylan görnüşde beýan edilen wagt pursatlarynyň, täsirliligiň, psihologik ýagdaýlaryň görnüşleriniň çalşygy düzýär».

Eseriň ýerine ýetirijilik düzümi uly bolmadyk kamera orkestri emele getirmek bilen, onuň gatnaşyjylary solistler ansamblyndan ybarat durýar. Wirtuoz başlangyja ähmiýet berilmegi «eseri orkestr üçin konsert žanryna degişli etmäge mümkinçilik berýär».[11] Wirtuozlylyk ideýasy bu ýerde halk-instrumental däpleri bilen kesgitlenilen.

---

[11] *Гуревич Вл.* Чары Нурымов. //Композиторы союзных республик. М., 1986.

Toplumyň birinji pýesasy forma boýunça bir keşbi zowwamlaýyn ösdürýän bir bölümli kompozisiýany emele getirýär. Ol giň giriş bilen açylýar, koda-sözsoňy bilen hem tamamlanýar. Pýesanyň dramaturgiýasy uzak geçmişiň ýaňy bolup eşidilýän hüwdiniň (girişiň žanr prototipi) we merkezi bölümiň okgunly hereketiniň arasyndaky deňeşdirmä esaslanyp düzülen.

Pýesanyň gurluş shemasy:

68-nji shema

| giriş | predykt | esasy bölüm | koda |
|---|---|---|---|
| 2+2+2+2 4+4+4+4 | 8 | 32 | 2+2+2+5 |

Girişiň sesleniş akymy howlukman, ünsi bir ýere jemlemek bilen, her bir jümlä, pikiriň her bir aýlawyna içgin aralaşdyrýar. Emma bu akymda we seslenişleriň utgaşyklygynda içki dartgynlylygyň, döwrüň gadamynyň duýulmagy diňleýjä rahat syn edijilik ýagdaýyna doly aralaşmaga mümkinçilik bermeýär: arasynda asyrlar ýatan eýýamlary deňeşdirmek we garşy goýmak hökmany bolup durýar. Bu ýerde pýesanyň ideýasy, onuň soňra giň ösüşe eýe bolýan tematizmi kem-kemden kemala gelýär. Onuň takyk diýen ýaly parçalarynyň toplumyň jemleýji pýesalarynda eşidilmegi hem tötänden däl.

Dutar sazlarynyň däpleri bilen genetik taýdan baglanyşykly bolan berk sekunda we kwarta wertikallary, ritmiň dartgynly punktirligi tonal babatda kesgitsiz bolan hüwdini emele getirýär.

54-nji mysal

Andante mosso




Dinamikanyň *p*-dan *f* we *ff* çenli duýdansyz çalşygy, ýiti ostinato misli tüweleý ýaly bir demde geçip gidýän merkezi bölümi taýýarlaýar. Sekunda sazlaşyklaryna esaslanýan we parallel kwartalar bilen beýan edilen heň bölekleriniň ýalpyldysy, şeýle-de dissonansly garmoniýa esaslanmak onuň hereketiniň manysyny kesgitleýär.

55-nji mysal




Bu – «Freskalaryň» intonasion çeşmesidir. Şeýlelikde, onuň çeper bitewüligi monotematizm usulynyň ulanylmagy we adatdan daşary intonasion konsentrasiýasynyň netijesi hökmünde şertlendirilen. Kulminasiýa pursaty klasterleriň, ýiti kwarta-kwinta sazlaşyklarynyň seslenişi, fakturanyň dykyzlanmagy bilen tassyklanylan. Duýdansyz kesilme kodanyň başlanmagyny alamatlandyryp, bu ýerde giriş materialy gözelligiň nyşany ähmiýetine eýe bolýar.

Toplumyň umumy esasynda II bölüm ýagty epizodlaryň biri hökmünde görkezilýär. Geçenki pýesa bilen deňeşdirilende kontrastlyk derejesi žanr kesgitliligi bilen gazanylan, ýagny bu ýerde «Läle» lirik aýdymyň awtor tarapyndan işlenilen nusgasy girizilen:

56-njy mysal




Tematizmiň intonasion relýefliligi, gurluşyň aýdyňlygy (dört sözlemden ybarat çylşyrymly period), wariantlaýyn ösüş usulynyň ulanylmagy halk prototipi bilen ýakynlygyny kesgitleýär. Onuň gurluşy reprizaly iki bölümli forma laýyk gelýär:

69-njy shema

| giriş | **A** | | **B** | **A**$_1$ (repriza) |
|---|---|---|---|---|
| | **a+a**$_1$ | **b + a**$_2$ | | |
| 2 | 4 + 4 | 4 + 4 | 20 | 13 |

Birinji bölümiň fakturasyny kompozitor iki gatlaga bölýär: heňi alyp gidiji ýokarky ses we goltgy beriji gatlak. Aýdymyň heňiniň re minorda ýazylmagy we onuň akkompanementiniň *re* frigiý perdesinde geçirilmegi arkaly perdeleriň utgaşyklylygyny döretmek bilen, ýagty koloristik öwüşgin gazanylýar. Onda halk heňiniň biraz ýitileşdirilmek, häzirki zamana laýyklaşdyrmak we belli bir stile salmak effekti döredilýär. Bu ýagdaýda emele gelen ses hatary halk sazynda ähmiýetli orun eýeleýän kyrklar perdesine laýyk gelýär. Ortaky bölümiň funksiýasy läle temasyny ösdürmek bolup durýar. Onuň parçalary fakturanyň dürli gatlaklarynda seslenip gidýär; olary goşalandyrýan sesler parallel kwartalary döretmek bilen, milli sazlara mahsus aýratynlygy ala-

matlandyrýar. Kulminasiýanyň gurluşy I bölümiňkä kybap gelýär: ýokarky gatlagyň işjeň hereket etmegi, berk wertikallaryň ähmiýetliligi, maksimal dinamika.

Repriza rahatlyk ýagdaýyny getirmeýär. Halk heňi, öňki bolşy ýaly, hyjuwlylygyny saklaýar, onuň kuwwaty diňe pýesanyň ahyrynda, jemleýji akkordda duýdansyzlykda peselýär.

III bölüm «Freskalaryň» emosional kulminasiýasy bolmak bilen, ol tans hyjuwlylygy bilen tapawutlanýar. Onuň öwüşgini birnäçe taraplar bilen kesgitlenilen: «Selbinýaz kyrk» halk aýdymyndan sitata ulanylmagy (pýesanyň merkezi keşbi), kyrklar perdesiniň ýaňlanmagy, şeýle-de, formanyň binýady, ony hereketlendiriji we ösdüriji esasy güýç bolan ritmiň ähmiýeti.

Gurluş babatda iki bölümli formanyň alamatlary has aýdyň ýüze çykýar. Epizodik materialdan soňra ýene-de «Selbinýaz kyrkyň» temasyna gaýdyp gelmek rondo formasy bilen baglanyşygy açyp görkezýär:

70-nji shema

| giriş | A | | | giriş | $A_1$ | | koda |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | a | b | $a_1$ | | a | b | |
| 6 | 4 + 4 | 4 + 5 | 4+5+4 | 3+2+2 | 23 | 18 | 17 |
| | *g* kyrklar | | *g,c,g* kyrklar | | *c* kyrklar | | *f* frigiý |

Ýönekeý üç bölümli formada gurlan birinji bölümiň konstruksiýasy ýola goýlan kadalar bilen doly laýyk gelýär. Hyjuwly tans häsiýetli akymy gurşap almak bilen, ol bitewi emosional usul arkaly çözülen:

57-nji mysal



Ikinji bölüm esasy ideýany täze derejä galdyrýar – täsirlilik ýagdaýy tans häsiýetliligiň çenden aşa agdyklyk etmegine çenli baryp ýetýär. Bu ýerde içki dinamikanyň esasy çeşmesi hökmünde ritm çykyş edýär. Aýratyn hem üçleme formula tapawutlanyp, ol ritmointonasiýa ähmiýetine we leksik hataryň esasy birligi ähmiýetine eýe bolýar. Şeýle hem, ostinatolylyk prinsipi ulanylýar – sekizlikleriň işjeň hereketi. Olaryň başlangyç esasy bolsa, «freskalaryň» leýtkeşbinde ýerleşýär.

Indiki pýesa eseriň tutuş tematizmini fokusirleýär, ýagny ony intonasion, ritmik, garmonik babatda dürli gymmatlyklarynda görkezýär. Üç bölümli kompozisiýa bir keşbi ösdürmäge gönükdirilen. Merkezi ideýa eýýäm başlangyç taktlarda durgunlaşýar – berk kwartalaryň fonunda, re minoryň ýokarky tetrahordynyň hereketi bilen bagly bolan, temanyň başlangyç äheňleri eşidilýär. Aýdym häsiýetli temany awtor doly görnüşinde iki-nji sözlem-de eksponirleýär:

58-nji mysal



Soňraky ýaýbaňlandyrylma «dürli görnüşlilikde bitewülik» prinsipine esaslanýar, ýagny ol formanyň epizodlaryny içki intonasion-tematik baglanyşyk arkaly özüne berk «dartýar». Bu pýesanyň formasynyň shemasy:

71-nji shema

| **A** | **B** | **$A_1$** | koda |
|---|---|---|---|
| 8+8 | 20 | 20 | 15 |
| *g-moll* | | | *g-moll* |

I bölümden hüwdi temasyny gaýtadan beýan etmäge esaslanan ahyrky jemlenilme – koda hem aýdyň beýan edilen. Onuň duýdansyz ýagdaýda togtadylmagyna ýiti dissonansly massanyň (kwarta-kwinta sazlaşygynyň) goşulmagy sebäp bolýar. Hüwdi bolsa, şonuň içine siňip gidýär.

Jemleýji pýesanyň keşp-žanr mazmuny, onda konfliktsiz dramaturgiýanyň ulanylmagy ýagty halk baýramçylyk ruhuny esasy agalyk ediji atmosfera hökmünde kesgitleýär. Toplumyň monotematik ideýasy bu ýerde jemleýji tapgyra gelýär, I bölümde göz öňünde tutulan keşpleriň-görnüşleriň yzygiderligi tamamlanýar. Kompozitor bu pýesada üç bölümli formany ulanmak bilen, onda birleşdiriji, bitewüleşdiriji funksiýany tematizmiň özeni bolup hyzmat edýän ýokaryk gönükdirilen hereket ýerine ýetirýär:

59-njy mysal




Bäşinji freskanyň gurluş shemasy:

72-nji shema

| **A** | **B** | **$A_1$** | epilog |
|---|---|---|---|
| 10 | 21 | 16 | 7 |
| *a* frigiý | *d* frigiý | *a-moll* | a frigiý |

Pikirlenmegiň çuň milli usuly toplumda durnukly bolan alamatlar toplumyny özünde jemleýär, ýagny materialyň mahsus bolan perde öwüşgini, onuň ritm-intonasion taýdan işjeň üýtgedilmesi, häsiýetli bolan kwarta-sekunda akkordikasynyň seslenişi. Hüwdi häsiýetli temanyň epilogda öz beýanyny tapmagy dramaturgik tarapdan şowly çözgüt bolup durýar. Diňleýjiniň aňynda ol «Freskalaryň» keşp we tematik refreni bilen baglanyşýar, älem gözellikleriniň, başlangyç sazlaşygynyň we ruhy daýanjyň simwoly bolan, halkyň sungatynyň kämilliginiň syrlary bilen baglanyşygyny döredýär.

## ON IKINJI BAP

# TOPLUM FORMALARY. SONATA-SIMFONIK TOPLUM

### § 1. Umumy maglumatlar

Sonata-simfonik toplumy ulanmak prosesi türkmen kompozitorlary tarapyndan iki ugurda alnyp barylýar. Bir tarapdan – bu, däp bolan gurluş kanonyna täzeden seredilmek ýoly (bir bölümlilik, iki bölümlilik, üç bölümlilik, maksatnamaly, kamera simfoniýalar, konsertler, simfonik poemalar, sonatalar) R. Allaýarowyň Kamera simfoniýasy, S. Muhadowyň 1-nji we 2-nji simfoniýalary, D. Hydyrowyň, B. Hudaýnazarowyň simfoniýalary, Ç. Nurymowyň 2-nji simfoniýasy ýaly, ýokary derejeli eserler arkaly görkezilýär. Beýleki tarapdan – bu, kanonyň çäklerinde täzeleniş ýoly, ýagny adaty dört bölümli gurluşy ýa-da onuň bir, iki, üç bölümli formanyň çägindäki modifikasiýalarynyň ulanylmagy (W. Muhadowyň 1-nji we 3-nji simfoniýalary, N. Halmämmedowyň simfoniýasy, A. Tagyýewiň 1-nji simfoniýasy, A. Agajykowyň simfoniýasy, Ç. Nurymowyň solo alt üçin sonatasy, R. Rejebowyň solo wiolonçel üçin sonatasy hem-de goboý we orkestr üçin konserti). Sonata-simfonik toplumyň çäklerinde žanrlaryň utgaşdyrylmasy hem duş gelýär. Muňa mysal edip, W. Muhadowyň 1-nji we 3-nji simfoniýalaryny, Ç. Nurymowyň 2-nji simfoniýasyny (simfoniýa-poema), R. Allaýarowyň wiolonçel üçin konsert-poemasyny, Ç. Nurymowyň ses we orkestr üçin konsert-poemasyny bellemek bolar. Adaty sonata-simfonik toplum bilen türkmen halk sazynyň formalaryny utgaşdyrmak ugrunda alnyp barylýan işler gyzyklanma döredýär. Olaryň hatarynda: Ç. Nurymowyň «Dessan-konsertleri» we «Gazallary», B. Hudaýnazarowyň «Gazal-konsertinosy». Ç. Nurymowyň «Maru-Şahu-Jahan» atly 3-nji simfoniýasy türkmen sazynda bu žanrda söz teksti (simfoniýanyň epilogynda «Yhlas» süresiniň getirilmegi) ulanylan ýeke-täk synanyşyk bolup durýar.

### §2. Adaty (kanunlaşdyrylan) dört bölümli simfonik toplum (W. Muhadowyň 2-nji simfoniýasy)

W. Muhadowyň «Gahrymançylykly» atly 2-nji simfoniýasy Sowet Soýuzynyň Gahrymany Aýdogdy Tahyrowa bagyşlanýar. Simfoniýada Beýik Watançylyk urşy döwrüniň durmuşy, ýagny frontdaky esgerleriň agyr güni, tyldaky adamlaryň gije-gündiz çekýän ýadawsyz zähmeti we ähli ynsanyň Beýik Ýeňşe bolan ynamy beýan edilýär.

«Gahrymançylykly» simfoniýada ikinji jahan urşy döwründäki hasratly günleri, halkyň uly edermenligini, gaýratlylygyny, ýönekeý adamlaryň belent ruhuny, frontda başdan geçiren wakalarymy beýan etdim. Men ilki awtomatçydym, soňra pulemýotçy boldym. 99-njy atyjylar diwiziýasynyň hatarynda öz dostlarym bilen Donbassyň obalaryndan we şäherlerinden duşmanlary kowardyk. Watanyma dolanyp gelemsoň geçen uruş barada aýdymlary ýazdym, şeýle-de ilkinji uly göwrümli eserimi «Ýeňiş» kantatasyny döretdim. Ýöne meniň kalbymdaky

duýgular, pikirler aýdymlara ýa-da kantata sygmady. Ynha-da Beýik Ýeňiş dabarasyndan birnäçe ýyl geçeninden soň bolsa bu simfoniýa döredi»[12] – diýip, kompozitor ýatlap geçýär.

Simfoniýa dört bölümden ybaratdyr. Onuň her bir bölümi çuň mazmuna eýe bolup, Ikinji jahan uruş ýyllyrynyň hakykatyny açyp görkezýär.

Birinji bölüm (*Largo sostenuto e mesto, e-moll*) sonata formasynda ýazylandyr. Ýaýbaňlandyrylan giriş üç saz guralynyň ýerine ýetirmeginde, ýagny klarnetiň, fagotyň, waltornanyň birleşiginde başlaýar. Waltornada kwinta ostinatolygy saklanyp, beýleki ikisinde oýlandyryjy tema geçirilýär. Soňra, ýekelikde iňlis rožogynyň bir sesli halk heňini ýatladýan tolgundyryjy temasy ýaňlanýar. Iňlis rožogynyň solosyndan soň ýene-de ilkibaşdaky ýaly heň eýýäm alt, wiolonçel we kontrabasyň goşulmagynda dowam edýär. Giriş ýatlama, gynançly häsiýete eýedir.

Baş partiýa (*Allegretto, e-moll*) – marş žanryna meňzeş akkordly giriş bilen başlaýar. Partiýanyň solosyny ilki klarnet ýerine ýetirýär:

60-njy mysal




Tema ýagty, gujurly häsiýete eýedir we baş partiýa tutuşlygyna şeýle häsiýetdedir. Mundan soň otuz sekiz taktly baglaýjy bölek geçirilýär. Baş partiýa bilen deň derejede «garşylyk» temasy hem partiýanyň dowamynda özüni görkezýär. Bu motiw dogumly, şonuň bilen birlikde aljyraňly häsiýete eýedir. Baş partiýanyň reprizasy hereketli bolup, esasy tema bilen «garşylyk» motiwi birleşip orkestriň ösüşini berkidýär. Dinamika soňky derejesine ýetip esasy partiýanyň kulminasiýasyny görkezýär.

Kömekçi partiýa aýdym häsiýetlidir. Ol baş partiýa depgin, häsiýeti babatda kontrastlydyr. Kömekçi partiýa sada, çuň lirik, labyzly bolup, bu temanyň baş partiýanyň temasyna meňzeşligini görmek bolýar:

61-nji mysal




[14] Барханов И. «Геок-тепинская» симфония. // «Нейтральный Туркменистан». 2000, 13 марта.

Bu partiýanyň esasy tonallygy – *g-moll*, ýöne ösüşiň dowamynda tema birnäçe tonallyklarda (*C – As – F – Des – B*) geçirilýär. Solony ýerine ýetirýän saz gurallary – klarnet, goboý, fleýtalar, iňlis rožogy, skripkalar saza hoş owazlylyk, ýylylyk berýär.

Işlenilmede (*Allegro*) kompozitor saz ösüşini täze depgin bilen dowam edýär. Munda esasy partiýa bemol tonallyklarynda (*f – d – b – es*) geçirilýar we saza haýbatly, hemleli äheň berýär. Baş we kömekçi partiýalaryň materiallaryny birikdirýän üznüksiz ritmik depgin sazyň dramatizmini artdyrýar we iň belent ösüş nokadyna ýetirýär. Kulminasiýadan soň bolsa repriza dowam edýär. Reprizada baş partiýa işlenilmäniň dowamy ýaly bolup, onuň geçişi kän bir duýulmaýar.

Reprizada baş partiýa gysgaldylyp alynýar. Esasy özeni bolsa, «garşylyk» motiwi bolup durýar. Kömekçi partiýa hem täze many, täze öwüşgin berýär. Onuň lirik aýdym häsiýetine patetik häsiýet hem goşulýar. Dominanta organ punktunda bu partiýa giňeldilip alynýar. Giňeldilen kömekçi  partiýa bölümiň kodasyna getirýär. Kodada esasy partiýanyň elementleri ulanylyp, gujurly, çalasyn ýagdaýda geçirilýär.

Simfoniýanyň uly bölümi bolan birinji bölüm öz içinde esasy dört temany, ýagny, girişi, baş we kömekçi partiýalary, «garşylyk» motiwi jemläp, Ikinji jahan urşy döwri esgerleriň Watan goragyna ugradylyşy, söweşiň agyr günleri, aldym-berdimli  hüjümler suratlandyrylýandygyny görmek bolýar.

Simfoniýanyň ikinji bölümi (*Moderato assai*) – matam heňi. Bu bölüm *c-moll* tonallygynda ýazylyp, ol iki bölümden ybaratdyr. Iki bölümli formanyň birinji bölümi altyň gussaly temasy bilen başlaýar. Tema on sekiz takt dowam edensoň, şol temany ikinji skripka ýerine ýetirýär. Alt bilen ikinji skripkanyň altmyş alty taktly temasynda süýşýän kontrapunkt ulanylýar. Soňra wiolonçeliň tonika organ punktunda fleýta bilen klarnetiň birinji tema kybapdaş temasy geçirilýär. Bu temada birinji temanyň elementleri ulanylyp, onuň giňeldilen görnüşi diýsek hem bolar. Mundaky arfanyň uzyn passažlary bölümiň gussasyny artdyrýar. Soňra ýene-de kontrabas bilen wiolonçeliň tonika organ punktunda waltornanyň we fortepianonyň çekimli notalary bilen birinji bölüm tamamlanýar.

Ikinji bölüm *g-moll*'da geçirilýär. Ony kirişli saz gurallary ýerine ýetirýär. Baş tema ilki birinji skripkalarda (üç gezek) bölümiň dowamynda bolsa fagotda (bir gezek), fleýtada (iki gezek), iňlis rožogynda (bir gezek), ikinji skripkalarda (iki gezek) geçirilýär. Bu bölüm hem birinji bölüme kybapdaş gaýgy-gussaly, matam häsiýetindedir. Bölümiň köp bölegi kontrabasyň we wiolonçeliň tonika organ punktunda geçýär. Muny kirişli saz gurallarynyň özi hem tamamlaýar.

Simfoniýanyň ikinji bölümi göwrümi boýunça uly bolman, agy häsiýetli žanra golaýdyr. Bu bölümde üflenip çalynýan agaç saz gurallaryna esasan hem kirişli saz gurallaryna aýratyn orun berilýär. Kirişli saz gurallary simfoniýanyň ikinji bölüminiň tutuş dowamynda diýen ýaly, käbir ýerlerinde bolsa aýratynlykda çykyş edýärler. Bu bölüme urşuň agyr ýaralaryny, ýitgilerini, gam--gussasyny suratlandyrýar diýmek bolar.

Simfoniýanyň üçünji bölümi (*Moderato, rubato*) üç bölümli formada ýazylandyr. Bölüm *b-moll* tonallygynda wals žanrynda beýan edilýär. Onuň bu žanrda ýazylmagy ýöne ýere däldir. Uruş döwrüniň adamlary üçin, frontçylar üçin wals parahat, ýagty durmuşyň, bagtyň simwoly bolup durýar.

Kirişli saz gurallarynyň ýerine ýetirmeginde birsydyrgyn, akgynly heň tutuş birinji bölümiň içinden akyp geçýär. Temanyň käbir ýerlerinde kömekçi partiýanyň elementlerine meňzeş material ulanylýar. Munda ölçeg $^2/_4$, $^3/_4$, käbir ýerlerinde $^4/_4$, bolup, heň, esasan, triolly notalarda geçirilýär. Birinji bölümiň diňe soňky sekiz taktynda agaç üflenip çalynýan saz gurallary goşulyp (kirişli saz gurallarda pauza) bu bölümi tamamlaýar.

Ikinji bölümde (*Allegro*) sazyň häsiýeti üýtgeýär. Mylaýym tans häsiýetli heňiň ýerine lirik joşgunly tans gelýär. Ilkinji akkorddan başlap, bölümiň göçgünli häsiýeti duýulýar we kirişli saz gurallarynyň stakattosyndan ýedi taktlyk giriş geçirilýär. Kiçijik girişden soň ilkinji ýedi taktly

temany klarnet ýerine ýetirýär. Bu ýedi taktly punktir ritmli tema bölümiň esasy özeni bolup, ol dürli saz gurallarynda dürli tonallyklarda geçirilýär.

Üçünji bölüm – repriza. Ýene-de öňki depgine gaýdyp gelinýär. Reprizada birinji bölümiň ýarysy bolşy ýaly gaýtalanyp, soňky on bir takty bolsa bölümi jemlemek üçin biraz üýtgeýär. Bu ýerde hem diňe kirişli saz gurallaryna orun berilýär. Diňe soňky alty taktda üflenip çalynýan agaç saz gurallary goşulýar we bularyň özleri simfoniýanyň üçünji bölümini jemleýär.

Bu bölümde parahat durmuş baradaky süýji ýatlamalary, ähli adamlaryň, şol sanda kompozitoryň hem Beýik Ýeňşe ýetmek baradaky arzuwy we geljekde Watanyna dolanyp, ýetiljek uly maksatlar baradaky pikirleri hem-de frontçylaryň köp ýerleri duşmanlardan azat edip, ruhuň kem-kemden beýgelýändigini görmek bolýar.

Simfoniýanyň tamamlaýjy dördünji bölümi (*Allegro vivace, a-moll*) üç bölümli formada ýazylandyr. Bu bölüm otuz bir taktly giriş bilen açylýar. Onuň oýlandyryjy aýdym häsiýetli heňi şatlygy paýlaşmak isleýän ýaly mylaýym häsiýetde geçirilýär. Birinji bölüm şähdiaçyk tans häsiýetinde bolup, simfoniýanyň birinji bölüminiň tematik elementlerine meňzeşlik duýulýar. Ikinji bölümde hem ýeňşiň toýy badaralanýar. Ol marş häsiýetinde bolup, birinji bölüm bilen tematik kontrastlaşýar, ýöne olaryň temalarynda materiallaryň meňzeşligi gabat gelýär. Üçünji bölüm – repriza has ulaldylyp alynýar we eseri dabaraly tamamlamak üçin esasan, *f,* dimanikasy ulanylýar. Simfoniýanyň bu bölüminde orkestr bölünmän, tutuşlygyna ýaňlanýar.

Bu simfoniýada urşuň agyr günlerini gören, ahyrynda-da arzuwlanylan Beýik Ýeňşe ýeten ähli halkyň, şeýle-de şol urşa gatnaşan kompozitoryň ýürek sedasy beýan edilýär.

Şeýlelikde, «Gahrymançylykly» simfoniýa dört bölümden ybarat bolup, her bölüminiň hem aýratyn forma eýe bolmagy onda nusgawy toplum formasyny görmäge mümkinçilik berýär.

## § 3. Üç bölümli sonata-simfonik toplum (Ç. Nurymowyň «Maru-Şahu-Jahan» simfoniýasy)

Çary Nurymowyň monumental «Maru-Şahu-Jahan» atly 3-nji simfoniýasy Merwe bagyşlanandyr (1989). Ol maksatnamaly kompozisiýalaryň hataryna degişlidir.

Gadymy Müsür, Mesopotamiýa, Gadymy Hindistan we Hytaý bilen bir döwürde bolan, dünýä siwilizasiýalarynyň biri hasaplanýan Merwiň köpasyrlyk we haýran galdyryjy taryhy bolup, onda adaty bolmadyk beýgeliş, gülläp ösüş we peseliş jemlenen.

Ç. Nurymowyň simfoniýasynyň maksatnamasynyň merkezi ideýasy Soltan Sanjaryň – Seljuk imperiýasynyň soňky hökümdarynyň şahsyýeti bilen baglydyr.[13] Ýokary derejede bilimli adam bolmak bilen, ol ylmyň we sungatyň ösmeginde oňaýly şertleri döredipdir. Ony «Dünýäni we dini şöhratlandyran beýik soltan», «Älem soltany» diýip atlandyrypdyrlar.

Ol Merwi öz imperiýasynyň paýtagt şäheri edýär. Aýaga galan oguzlar bilen bolan söweşleriň birinde Soltan Sanjar ýesir düşýär. Üç ýyldan soňra, tussaglykdan sypan Soltan Sanjar beýik döwletiň ýykylan halyny görýär.

Sarahsly arhitektor Muhammet ibn Atsyz tarapyndan döredilen onuň mawzoleýi biziň günlerimize çenli saklanyp galypdyr. Onda şeýle ýazgy bar: «Ol öz döwründe Beýik Aleksandr kimin adalatly bolupdyr, ol alymlaryň we şahyrlaryň howandary bolupdyr, ylymlar we sungat arkaly yslam dünýäsine onuň gülläp ösýän döwri kabul edilipdir».

Orta asyr awtorlary Seljuk imperiýasynyň paýtagtyny «Şajan» diýip atlandyrypdyrlar – «patyşaň söýen ýeri, patyşa kalby» ýa-da «Şajahan» – «Älem şasynyň bolýan ýeri». Ç. Nurymowyň simfoniýasynyň ady hem şundan gelip çykýar, ýagny arapçadan «Älemiň hökümdary» diýmegi aňladýar. Simfoniýanyň konsepsiýasy tragikdir. Filosofik umumylaşdyrma derejesi boýunça

[12] *Абукова Ф.* Современное творчество композиторов Туркменистана в контексте культуры нации. – М., 1994.

göwrümli bolup, ol şahsyýetiň we dünýäniň arasyndaky umumyadamzat konfliktini, ýaşaýşyň we ölümiň garşylygyny, sazlaşygy tapmakdaky azaply gözlegleri we ony tapmagy görkezýär. Dramatik kolliziýa iki keşp sferalarynyň özara hereketinde gurulýar. Olaryň birinjisi ýaramazlygy we ýowuzlygy beýan edýär, beýlekisi – oňa garşylykly bolup, tragediýa düşünme, keşplerde çuň psihologikligi we dramatikligi ýüze çykarmakdan ybaratdyr.

Simfoniýanyň bölümleriniň üçüsi hem öz arasynda intonasion taýdan berk baglanyşyklydyr. Konfliktiň manysy eýýäm girişde aýdyň bolýar. Ol iki temadan-keşpden gurlandyr. Birinji tema (*h-moll*) bütin toplumyň ähmiýetli intonasion çeşmesi bolup, elhençligi tassyklap ýaňlanýar. Gysgajyk trihord heňlerine we sekunda motiwlerine esaslanyp, ol kakylyp çalynýan saz gurallarynyň howsalaly ostinato fonunda geçirilýär:

62-nji mysal




Temanyň her bir indiki geçirilişi täze öwüşgine çaýylýar. Kompozitor ony intonasion, ritmik, tembr taýdan warýirlemek bilen, keşbiň ýowuzlyk manysyny güýçlendirýär. Üflenip

çalynýan mis saz gurallarynyň tutuksy koloriti, ritmiň häsiýetli punktirliligi, şeýle-de üç ülüşli metriň ulanylmagy ýas marşyny emele getirýän ikinji temanyň semantik elementleri hökmünde çykyş edýärler:

63-nji mysal



Simfoniýanyň birinji bölümi sonata allegro formasynda ýazylyp, baş partiýanyň ulanylmanlygy bilen baglylykda reprizanyň gysgaldylmagy onuň tapawutly aýratynlygy bolup durýar. Baş temanyň (*Es-dur*) keşp düzümi sazlaşyksyzlyk we weýran edijilik sferasy bilen baglydyr. Orkestriň howsalaly triol hereketiniň we fortepianonyň klasterleriniň berk urgularynyň utgaşmasyna esaslanan ekspressiw «ses massasy» öňünden çykýan ähli zady weýran edýän ýaramazlyk ideýasyny açyp görkezmäge hyzmat edýär.

Kömekçi partiýa (*c-moll*) matam ýörişiniň pajygaly keşbini suratlandyrýar. Geçenki tematizmiň serişdeleri onda bitewi ritm-intonasion düwünde jemlenýär. Şeýdip, heňdäki kiçi sekundaly baglanyşyklar simfoniýany açýan tema bilen umumylygy ýüze çykarýarlar. Punktir ritmika, ondan hem başga bu ýerde ulanylan žanryň tebigaty girişiň ikinji temasyny öz meňzeşligi hökmünde alýar. Şeýle-de, dissonant, hromatizmleşdirilen garmoniýanyň täsirli seslenişini bellemek gerek, ýagny ol beýleki serişdeler bilen bilelikde bu sazyň keşp-emosional düzümini kesgitleýär – psihologik taýdan çylşyrymly we tragikdir.

Keşp-dramaturgik mazmunyň indiki ösüş tapgyry işlenilme bölümi bilen bagly, onda awtor D. Şostakowiçiň özüniň simfoniýalarynyň matam-pajygaly epizodlarynda ýygy ulanan usulyna ýüzlenýär. Hyjuwly tragediýany görkezmek, seýrek bolmadyk çuň psihologik ünslilik ýagdaýyny beýan etmek üçin kompozitor passakaliýa žanrynyň serişdelerinde, oňa häsiýetli bolan basso ostinato warýirleme usulynda işleýär. «Maru-Şahu-Jahanyň» awtory bu formanyň modifisirlenen görnüşine daýanýar. Bu indiwiduallaşdyrylan passakaliýanyň ostinato prinsipinde hem, täzelenişde hem gurulmagyny göz öňünde tutýar. Pes seslenýän mis saz gurallarynyň çuň baslarynda ol öz hereketiniň ösüşine sezewar bolýan we tutuş ostinato-wariasion toplumyň esasyny düzýän gazaply temany birnäçe gezek geçirýär. Dinamikanyň ösüşi, saz giňişliginiň çäkleriniň yzygiderli giňeldilmegi, baş we kömekçi partiýalaryň elementleriniň heň-ritmik taýdan işjeň özgerdilmegi kulminasiýa alyp gelýär.

Orkestr bu ýerde, söz ulaltmazdan aýdylanda, «gygyrýar». Özüniň ähli düzümi bilen ol sandyrap we gahar-gazaply haosyň ýabany hadysasyny suratlandyrýar. Bu ýagdaý ostinato seslenýän ýiti garmonik utgaşmalaryň serişdeleri bilen, klasterleriň girizilmegi bilen gurnalan. Duşmançylykly güýçler bu ýerde özlerini doly açyp görkezýärler. I bölümiň jemleýji tapgyryny emele getirýän gysgaldylan reprizada diňe kakdyrmak, uzak seslenmeler bilen kömekçi partiýa geçirilýär, ol doňup galan tutuksylyk we tragik ýagdaýy beýan edýär.

Özüniň psihologik we dramaturgik çuňlugy boýunça täsin ýaňlanýan II bölüm hakyky gymmatlyklara gaýtaryp getirýär. Onda hem gazap, hem gorky, hem hyjuwly ýalbarma bir bitewülik hökmünde jemlenýärler. Struktura babatynda ol çylşyrymly üç bölümli formany emele getirýär. Formany gurnamak usuly halk sazlarynyň gurluşyna kybap gelýär. Milli aspekt bu ýerde dartgynlylygyň toplanmagynyň güýjemegi häsiýeti bilen baglanyşykly, bir emosiýada, bir tematik ideýada, şeýle-de olaryň dowamly ösdürilmeginde ünsiň jemlenmeginde, olarda we hereket serişdelerinde merkezi kulminasiýa (şirwana) aralaşmakda ýüze çykýar.

Adagio wiolonçeliň ýekelikde ýerine ýetirýän pajygaly solosy bilen açylýar (*c-moll*) – bu durmuşa akyl ýetirmegiň täze basgançagyna galdyrýan tragik monolog. Intonasion

babatda ol özünde I bölümiň girişiniň (onuň birinji temasy) we baş partiýasynyň tematizmini sintezleşdirýär. Heňiň parçalarynyň giň interwallara bolan ädimleriniň we akgynly basganҫaklaýyn garşy hereketiniň utgaşmasy, häsiýetli «ah çekmek» intonasiýalarynyň barlygy oňa uly labyzlylyk, täsirlilik berýär:

64-nji mysal




Ideýanyň durmuşa geçirilmeginde – tragediýa akyl ýetirmegiň meditatiw prosesini görkezmekde Adagionyň içki guramasynyň serişdeleri, wariant-bent formasynyň ulanylmagy ýardam berýär. Adaty bolmadyk giňeldilme effekti, keşbiň çuňlaşdyrylmagy ikinji bentde gazanylýar, onda esasy tema, özüne intonasion babatda ýakyn bolan, çeýe heňastylaryň gurşap almagynda seslenýär. Her bir soňraky bent keşp-tematik ösüşiň ähmiýetli halkasyny emele getirmek bilen, onda imitasion we kontrast polifoniýasynyň serişdeleri aýratyn tapawutly bolup durýarlar. Kem-kemden fakturanyň polifoniýalaşdyrylmagy artyp, ses göwrüminiň giňelmegi effektini döredýär.

F. Abukowa simfoniýany derňemek bilen, onuň ikinji bölümi hakynda has kamera ýagdaýynda beýan edilen hökmünde aýdýar. Ol «şeýle-de bolsa, dinamik uçgunlardan, tuttiniň dartgynly dissonirleýji gatlaklaryndan mahrum däl»[14] – diýip belleýär. Bu aýratyn hem onuň esasy temasynyň ritm-intonasion ösüşine esaslanan Adagionyň ortaky bölegine degişli bolup, onda garmoniýanyň (tonal meýilnamanyň hereketliligi: *B-dur – D-dur – C-dur*, ekspressiw klasterleriň seslenmesi), polifoniýanyň (dürli seslerdäki heň kontrapunktlary) serişdeleri işjeňleşdirilýär. Reprizanyň (*d-moll*) başlangyjyny alamatlandyrýan temanyň *fff*-de geçirilmegi içki dartgynlylygyň toplanmagynyň güýjemeginiň netijesi bolup durýar. II bölümiň merkezi kulminasiýasy çuň pajygalylygy beýan etmekde aňrybaş mümkinçiligi emele getirýär. Kodada duýdansyz peseliş we pessaý jemlenilme köşeşmek ýagdaýyna kybapdaş gelýär.

Final duşmançylykly dünýä bilen soňky söweş we sazlaşyga ýetmek bolup durýar. Onuň birinji bölüminde ýiti harby sahna aýdyň görkezilendir. Ilki trombon bilen ýerine ýetirilýän gysgajyk howsalaly-pulsirleýji motiw, şeýle-de simfoniýany açýan temanyň intonasiýalarynyň warianty bolan sekundalaryň we tersiýalaryň gezekleşmegine esaslanan motiw täsirlilik güýji bilen bellenilendir.

[13] *Абукова Ф.* Современное композиторское творчество Туркменистана в контексте культуры нации. – М., 1994, с. 151.

Olaryň negatiw akym funksiýasyny ýerine ýetirýän ösüşi kulminasiýa – ýiti, gygyrýan dissonanslar, dartgynly ritmikanyň ulanylmagy bilen gurnalan ýumrujy güýçleriň joşgunly möwç almasyna getirýär. Ýene-de weýrançylykly şowsuzlyk. I bölümdäki matam marşynyň tematizmine esaslanan hyjuwly wokaliz ýaňlanýar (finalyň ikinji bölümi, *f-moll*):

65-nji mysal




Simfoniýa epilog bilen tamamlanýar. Konflikt öz çözgüdini tapýar. Ýeke-täk halas bolmaklyk Alla ýüzlenmekde görünýär. Durmuşyň hakyky manysyny açyp görkezýän Kuranyň süresiniň bu ýerde ulanylmagy çuň mana eýedir. Adamyň belent maksady ähli zadyň başy bolan, ähli zady saklaýan we ähli zat ýene özüne gaýdyp barýan Alla akyl ýetirmek bilen bagly bolup durýar.

Hudožnik-eksperimentator, täze we özboluşly döredijilik çözgütleriň gözleglerine yzygiderli ymtylýan Ç. Nurymowyň “Maru-Şahu-Jahan” simfoniýasy onuň simfonik mirasynyň naýbaşy eserine öwrüldi. Kompozitor özüniň 1-nji simfoniýasynda stil özboluşlylygyny ýüze çykarmak bilen, sonata-simfonik toplumyň we onuň gurluş aýratynlygynyň durnukly shemasyna esaslanan bolsa, 2-nji simfoniýasynda ol bu babatda has erkin hereket edýär. “Maru-Şahu-Jahan” simfoniýasy bolsa öň ýola goýlan saz däpleriniň, kanonlaryň dine bir esas hökmünde çykyş etmek başarnygy bolman, eýsem, özboluşly “tramplin” funksiýasyny hem ýerine ýetirýär, onuň kömegi bilen bolsa, garaşylmadyk, emma çeperçilik taýdan ýerlikli bolan awtorlyk meseleleriniň amala aşyrylmagyna mümkinçilik döreýär. Şonuň bilen baglylykda gurluşy tutuşlygyna maksatnamalaýyn mazmunyna tabyn bolan simfoniýanyň final bölümi has ýüze tutarlyklydyr. Eseriň partiturasynyň konstruktiw prinsipleriniň ideýa mazmuny bilen beýle baglanyşyk kompozitoryň döredijilik usulynyň mahsus tarapydyr. Bu bolsa, sazyň ýaýbaňlandyrylmagynda onuň içki bitewüliginiň we gutarnyklylygynyň saklanyp galynmagy bilen, awtoryň döredijilik pikirlenmesiniň erkinliginiň ýüze çykma mümkinçiligini tassyklaýar.

# PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji tom. Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2009.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Beýik özgertmeleriň ýyl ýazgysy. 3-nji goýberiliş. Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.

3. *Amangeldiýew. H.* Türkmen operalarynda horuň ähmiýeti. //Türkmen ylmy galkynyş we halkara gatnaşyklar ýolunda. Ylmy makalalar ýygyndysy. 5-nji goýb. Aşgabat, 2010.

4. *Ahmedow A.*, Saparow A. Dutaryň owazy – halkymyň sazy. Mukamçy kompozitorlar. Aşgabat, 1983.

5. *Çaryhanow R*. Beýik Galkynyş eýýamynda milli saz taryhymyzyň öwrenilişi. //Türkmen ylmy galkynyş we halkara gatnaşyklar ýolunda. Ylmy makalalar ýygyndysy 5-nji goýb. Aşgabat, 2010.

6. *Gurbanowa J*. Türkmen dutar sazlarynyň gurluş aýratynlyklary. //XXI asyr ylym asyrydyr. Ýaş alymlaryň arasynda yglan edilen ylmy bäsleşigiň ýeňijileriniň ylmy makalalary. Aşgabat, 2003.

7. *Ýazmämmedowa G*. Aşyr Kulyýewiň skripka we orkestr üçin konsertiniň tematizminiň aýratynlyklary. // Beýik Galkynyş eýýamynyň batly gadamlary. Ylmy makalalar ýygyndysy, 7-nji goýb. Aşgabat, 2010.

8. *Jumagulyýewa Z.*, *Annagylyjowa Ş.*Türkmen dutar sazlarynyň kompozision terminologiýasy. //Türkmenistanda ylym we tehnika. Aşgabat, 2006, № 6.

9. *Mämmedowa G., Gapurow M*. Türkmen simfoniýa žanrynyň döreýşi we ösüşi. //Türkmen ylmy galkynyş we halkara gatnaşyklar ýolunda. Ylmy makalalar ýygyndysy. 5-nji goýb. Aşgabat, 2010.

10. *Saparmyradowa M.*, *Osipowa Ý*. Türkmenistanyň territoriýasynda tüýdük sungatynyň ösüşiniň taryhy. // Beýik Galkynyş eýýamynyň batly gadamlary. Ylmy makalalar ýygyndysy. 4-nji goýb. Aşgabat, 2009.

11. *Абукова Ф*. Современное композиторское творчество Туркменистана в контексте культуры нации. М., 1994.

12. *Абукова Ф*. Туркменская опера. Ашхабад, 1987.

13. Анализ вокальных произведений. Отв. ред. О.П. Коловский Л., 1988.

14. *Арановский М*. Симфонические искания. М., 1979.

15. *Арутюнов Д. А.*Хачатурян и музыка Советского Востока. М., 1983.

16. *Арутюнов Д.* Сочинения П.И. Чайковского в курсе анализа музыкальных произведений. М., 1989.

17. *Асафьев Б.* Музыкальная форма как процесс. Л., 1971.

18. *Ахмедова М*. Туркменская фортепианная музыка. Ашхабад, 1991.

19. *Баннахян А*. Особенности принципов развития виолончельного концерта Реджепа Аллаярова. Ашхабад, 2000.

20. *Барсова И*. Симфонии Густава Малера. М., 1975.

21. *Барханов И.* «Геок-тепинская» симфония. // Нейтральный Туркменистан. 2000, 13 марта.

22. *Берков В*. Гармония Бетховена. М., 1975.

23. *Бобровский В*. Соната Бетховена cis-moll «Quasi una fantasia» («Лунная»). //Бетховен. Сборник статей. Вып. 2. М., 1972.

24. *Бобровский В*. Тематизм как фактор музыкального мышления. Очерки. М., 1989.

25. *Бобровский В*. Функциональные основы музыкальной формы. М., 1978.

26. *Вызго-Иванова И*. Симфоническое творчество композиторов Средней Азии и Казахстана. Л.-М., 1974.

27. *Габитова А*. Минимализм в музыке (генезис, эволюция, выразительные возможности). Автореф. дис…. канд. иск. Ташкент, 2004.

28. *Гаджибеков У*. Основы азербайджанской народной музыки. Баку, 1945.

29. *Гапуров М*. Музыкальное наследие туркмен Чарджоуской области. Автореф. дис… канд. иск. Ташкент, 1992.

30. *Гафурбеков Т*. Творческие ресурсы национальной монодии и их преломление в узбекской советской музыке. Ташкент, 1987.

31. *Головинский Г.* Композитор и фольклор. М., 1981.

32. *Горюхина Н*. Эволюция сонатной формы. Киев, 1970.

33. *Гуллыев Ш*. Искусство туркменских бахши. Ашхабад, 1985.

34. *Гуллыев Ш.* Туркменская музыка (наследие). Алматы, 2003.

35. *Гуревич Вл.* Вели Мухатов. М., 1980.

36. *Гуревич Вл.* Чары Нурымов. //Композиторы союзных республик. Сборник статей. Вып. 5. М., 1986.

37. *Дадашева О.* Камерно-инструментальная музыка композиторов Туркменистана. Ашгабат, 1993.

38. *Джумакулиева З.* Туркменские мукамы: типология и терминология. //Материалы к Энциклопедии музыкальных инструментов народов мира. Вып. 3. Санкт-Петербург, 2010.

39. *Кадырова Н.* Тематизм и форма в симфонической музыке Узбекистана. Ташкент, 1989.

40. *Карпова С.* Туркменская камерно-вокальная музыка. Ашхабад, 1988.

41. *Комиссинский В.* О драматургических принципах творчества Р. Щедрина. М., 1978.

42. *Мазель Л.* Строение музыкальных произведений. М., 1979.

43. *Мазель Л., Цуккерман В.* Анализ музыкальных произведений. Элементы музыки и методика анализа малых форм. Ч.1. М., 1967.

44. *Мациевский И.* Народная инструментальная музыка как феномен культуры. Алматы, 2007.

45. Музыкальная форма. Общ. ред. Ю. Тюлина. М., 1974.

46. *Новикова Л.* Традиции русской фортепианной музыки в творчестве туркменских композиторов. Ашхабад, 1993.

47. *Новикова Л.* Формирование жанра концерта в творчестве туркменских композиторов. //Вопросы туркменского музыкознания. Вып. 2. Ашхабад, 1987.

48. *Нурымова Н.* Зарождение симфонической музыки в Туркмении (роль русских композиторов в становлении туркменской симфонической музыки). //История и современность. Проблемы музыкальной культуры народов Узбекистана, Туркмении и Таджикистана. М., 1972.

49. *Осипова Е.* Вторая мировая война в творчестве композиторов Средней Азии и Казахстана. Ашхабад, 1994.

50. *Очертовская Н.*Содержание и форма в музыке. Л., 1985.

51. *Плахов Ю.* Художественный канон в системе профессиональной восточной монодии. Ташкент, 1988.

52. *Ручьевская Е.* Функции музыкальной темы. Л., 1977.

53. *Рыжкова Н. О* некоторых тенденциях формообразования в современной советской музыке. // Традиции музыкального искусства и музыкальная практика современности. Л.1981.

54. *Сабинина М.* Шостакович симфонист. М., 1976.

55. *Скребкова-Филатова М.С.* Фактура в музыке. М., 1985.

56. *Способин И.* Музыкальная форма. М., 1980.

57. *Стоянов П.* Взаимодействие музыкальных форм. М., 1985.

58. *Сысоева Е.В.* Симфонии А. Онеггера. М., 1975.

59. *Успенский В., Беляев В.* Туркменская музыка. Тт. I, II. Алматы, 2003.

60. *Харлап М.* Ритм и метр в музыке устной традиции. М., 1986.

61. *Холопова В.* Фактура. М., 1979.

62. *Холопова В.* Музыкальный ритм. М., 1980.

63. *Худайназаров Б.* Туркменские мукамы. //Макомы, мугамы и современное композиторское творчество. Ташкент, 1978.

64. *Ценова В.* Проблема музыкальной композиции в творчестве московских композиторов 1980-х годов. Автореф. дисс. … канд. иск. Вильнюс, 1989.

65. *Цуккерман В.* Анализ музыкальных произведений. Вариационная форма. М., 1974.

66. *Цуккерман В.* Анализ музыкальных произведений. Рондо в его историческом развитии. Ч. 1. М., 1988.

67. *Цуккерман В.* Общие принципы развития и формообразования в музыке. Простые формы. М., 1980.

68. *Шахназарова Н.* Музыка Востока и музыка Запада. Типы музыкального профессионализма. М., 1983.

**MAZMUNY**

**Giriş. Türkmen kompozitorlarynyň döredijiliginde saz formasy bilen bagly meseleler** .............. 7
**BIRINJI BAP. Period formasy** .............. 10
**IKINJI BAP. Ýönekeý iki we üç bölümli formalar** .............. 12
§ 1. Ýönekeý iki bölümli forma .............. 12
§ 2. Ýönekeý üç bölümli forma .............. 19
**ÜÇÜNJI BAP. Çylşyrymly iki we üç bölümli formalar** .............. 23
§ 1. Çylşyrymly iki bölümli forma .............. 23
§ 2. Çylşyrymly üç bölümli forma .............. 24
**DÖRDÜNJI BAP. Wariasiýa formasy** .............. 39
§ 1. Umumy maglumatlar .............. 39
§ 2. Kadaly wariasiýalar. (B. Hudaýnazarowyň fortepiano üçin wariasiýalary) .............. 41
§ 3. Erkin wariasiýalar. (R. Rejebowyň fortepiano üçin wariasiýaly tema toplumy) .............. 43
**BÄŞINJI BAP. Rondo formasy** .............. 46
§ 1. Umumy maglumatlar .............. 46
§ 2. Nusgawy rondo ( A. Kulyýewiň skripka we orkestr üçin konsertiniň III bölümi .............. 46
**ALTYNJY BAP. Sonata formasy** .............. 50
§ 1 Umumy maglumatlar .............. 50
§ 2. Adaty görnüşler. (Ç. Nurymowyň skripka we fortepiano üçin sonatasynyň I bölümi we N. Halmämmedowyň skripka we fortepiano üçin sonatasynyň I bölümi) .............. 50
§ 3. Adaty däl görnüşler. (W. Muhadowyň 1-nji simfoniýasy) .............. 57
**ÝEDINJI BAP. Rondo-sonata formasy** .............. 68
§ 1. Umumy maglumatlar .............. 68
§ 2. Rondo-sonata formasy ( D. Nuryýewiň iki skripka, alt we wiolonçel üçin kwartetiniň final bölümi we A. Kulyýewiň fortepiano üçin sonatasynyň III bölümi) .............. 68
**SEKIZINJI BAP. Polifonik formalar** .............. 74
§ 1. Umumy maglumatlar .............. 74
§ 2. Kanon (Ç. Nurymowyň fortepiano üçin 6 kanony) .............. 76
§ 3. Fuga (Ç. Nurymowyň fortepiano üçin iki sesli fugasy) .............. 79
§ 4. Fugetta (Ç. Nurymowyň fortepiano üçin fugettasy) .............. 80
§ 5. Fugato (I. Haýdarowyň fortepiano üçin sonatasy) .............. 82
§ 6. Ostinato wariasiýalary (N. Halmämmedowyň skripka we fortepiano üçin sonatasynyň II bölümi) .............. 83
**DOKUZYNJY BAP. Wokal formalar** .............. 89
**ONUNJY BAP. Garyşyk we erkin formalar** .............. 96
§ 1. Umumy maglumatlar .............. 96
§ 2. Erkin formalar (Ç. Nurymowyň solo alt üçin sonatasy) .............. 96
§ 3. Garyşyk formalar (W. Abaýewanyň klarnet we fortepiano üçin «Gülleýän çigildem» atly sonata-improwizasiýasy) .............. 99
**ON BIRINJI BAP. Toplum Formalary. Sýuita** .............. 104
§ 1. Umumy maglumatlar .............. 104
§ 2. Maksatnamaly sýuita (N. Halmämmedowyň «Türkmenistan» simfonik şekilleri we Ç. Nurymowyň «Teke freskalary») .............. 107
**ON IKINJI BAP. Toplum Formalary. Sonata-simfonik toplum** .............. 117
§ 1. Umumy maglumatlar .............. 117
§2. Adaty (kanunlaşdyrylan) dört bölümli simfonik toplum (W. Muhadowyň 2-nji simfoniýasy) .............. 117
§ 3. Üç bölümli sonata-simfonik toplum (Ç. Nurymowyň «Maru-Şahu-Jahan» simfoniýasy) .............. 120
**Peýdalanylan edebiýatlar** .............. 126